Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan 2012-nji ýylyň 17-nji noýabrynda 670 san bilen bellige alyndy

Türkmenistanyň Maliýe ministriniň 2012-nji ýylyň 5-nji noýabryndaky № 198-Ö buýrugy bilen tassyklandy

# BUHGALTERÇILIK HASABA ALNYŞYNYŇ HASAPLARYNYŇ MYSALY MEÝILNAMASY

*(Türkmenistanyň Maliýe ministriniň 2014-nji ýylyň 19-njy martynda çykaran 35-Ö belgili buýrugy bilen tassyklanylan we Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan 2014-nji ýylyň 9-njy aprelinde 749 san bilen bellige alnan üýtgetmeleri we goşmaçalary hasaba almak bilen)*

## I. UMUMY DÜZGÜNLER

1. Şu Buhgalterçilik hasaba alnyşynyň hasaplarynyň mysaly meýilnamasy "Buhgalterçilik hasaba alnyşy we maliýe hasabatlylygy hakynda" Türkmenistanyň Kanunynyň esasynda, şeýle hem täjirçilik kärhanalary üçin, döwletiň býujet edaralary üçin maliýe hasabatlylygynyň milli standartlaryna hem-de kiçi we orta telekeçilik kärhanalary üçin milli standarta laýyklykda işlenip taýýarlanyldy.

2. Buhgalterçilik hasaba alnyşyny ýöretmek we maliýe hasabatlylygynyň milli standartlaryny peýdalanmak maksady üçin, ykdysady subýektler (mundan beýläk – subýektler) şular ýaly bölünýär:

a) täjirçilik kärhanasy – ykdysady işiň özbaşdak subýekti bolup, "Kärhanalar hakynda" Kanuna laýyklykda, jemgyýetiň isleglerini kanagatlandyrmak we peýda almak maksady bilen, önüm öndürmek, harytlary ýerlemek we hyzmat etmek üçin döredilýär;

b) döwlet býujet edarasy – dolandyryş, durmuş-medeni ýa-da täjirçilik häsiýeti bolmadyk beýleki wezipeleri amala aşyrmak üçin döredilen, işi dolulygyna ýa-da bölekleýin maliýeleşdirilýän edara;

ç) kiçi we olrta telekeçilik kärhanasy – bu "Kiçi we orta telekeçiligi döwlet tarapyndan goldamak hakynda" Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda kiçi we orta telekeçilik subýektlerine degişli bolan subýektlerdir, şeýle hem işgärleriniň ortaça sanaw sany boýunça kiçi we orta telekeçilik subýektleriniň işgärleriniň ortaça sanaw sanyna laýyk gelýän daşary ýurt maýa goýumlary bolan subýektlerdir.

Öz işlerini "Jemgyýetçilik guramalary hakynda" Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda amala aşyrýan jemgyýetçilik guramalary, şeýle hem işleri maksatlaýyn serişdeleriň hasabyna maliýeleşdirilýän, dolandyryş wezipelerini ýa-da täjirçilik häsiýeti bolmadyk beýleki wezipeleri amala aşyrýan daşary ýurt kompaniýalarynyň wekilhanalary we şahamçalary maliýe hasabatlylygyny düzmek we bermek maksatlarynda döwlet býujet edaralaryna deňleşdirilýärler we döwlet býujet edaralary üçin tassyklanan maliýe hasabatlylygynyň toplumyny berýärler.

3. Hasaplaryň mysaly meýilnamasy ykdysady subýektiň maliýe-hojalyk işi hakynda maglumaty toparlamak we sortlara bölmek üçin niýetlenýär, bu bolsa aktiwleriň we passiwleriň ýagdaýy barada doly, ygtybarly we aýdyň maglumatlary almaga mümkinçilik berýär.

4. Maliýe-hojalyk işiniň barşynda her bir subýekt özüniň ykdysady işiň görnüşini, hasaba alnyşy guramagyň aýratynlyklaryny, önümçilik işine mahsus ýagdaýlary, eýeçiligiň görnüşini we beýleki ýagdaýlary hasaba almak bilen düzülen hasaplar meýilnamasyny işläp taýýarlaýar. Emma subýektiň hasaplarynyň içerki meýilnamasy Türkmenistanyň çäklerinde hereket edýän hasaplaryň mysaly meýilnamasyna esaslanmalydyr.

5. Buhgalterçilik hasaba alnyşynyň hasaplarynyň mysaly meýilnamasynyň gurluşy 2001-nji ýylyň Döwlet maliýesiniň statistikasynyň (DMS) hasaplar meýilnamasynyň esasynda işlenip taýýarlanyldy. Şunuň bilen baglanyşykly aktiwleriň we borçnamalaryň hasaba alynýan hasaplary içerki we daşarky diýip bölünýär, bu bölekleriň her biri boýunça girdejileri we çykdajylary hasaba almak bolsa aýratynlykda alnyp barylýar. Şeýle hem geljekde awtomatlaşdyrylan buhgalterçilik hasaba alnyşyny we Hasaba alşyň döwlet ulgamyny ornaşdyrmak maksady bilen köp derejeli hasaplar göz öňünde tutulandyr.

6. Buhgalterçilik hasaba alnyşynyň hasaplarynyň şu mysaly meýilnamasynda getirilýän mysaly geçirmeleriniň mysallary maliýe hasabatlylygynyň milli standartlarynyň talaplaryna laýyk gelýär.

## II. BUHGALTERÇILIK HASABA ALNYŞY HASABYNYŇ GURLUŞY

7. Buhgalterçilik hasaba alnyşynyň her bir hasabynda hasaba alnyşyň dürli obýektleri barada maglumatlaryň görkezilýändigine garamazdan, hasaplaryň gurluşy iş ýüzünde birmeňzeş bolup durýar. Diňe ol ýa-da beýleki hasap boýunça maglumatlary görkezmegiň kadalarynda käbir tapawutlar bolýar (şol hasapda subýektiň aktiwleriniň ýa-da onuň passiwleriniň hasaba alynýandygyna baglylykda).

8. Buhgalterçilik hasaba alnyşynyň her bir hasabynda degişli aktiwiň ýa-da passiwiň artandygy hakyndaky maglumat hem, onuň azalandygy hakyndaky maglumat hem görkezilýär. Şunuň bilen baglanyşykly her bir hasabat iki bölege bölünýär: çep bölegi "debet" diýlip, sag bölegi bolsa "kredit" diýlip atlandyrylýar. Her bir hojalyk obýekti hasabyň ýa debeti boýunça ýa-da krediti boýunça görkezilýär. Şol sebäbe görä her bir hasapda debet boýunça hem, kredit boýunça hem bir ýa-da birnäçe ýazgy bolup biler.

9. Hasabyň debeti boýunça ýa-da krediti boýunça ähli amallaryň jemi möçberi "dolanyşyk" diýlip atlandyrylýar (degişlilikde - "debet dolanyşygy" we "kredit dolanyşygy" - "debet boýunça dolanyşyk" we "kredit boýunça dolanyşyk"). Hasabyň debet dolanyşygy bilen kredit dolanyşygynyň arasyndaky tapawut "hasap boýunça galyndy" diýlip atlandyrylýar. Hasap boýunça galyndy haýsy dolanyşygyň ýokarydygyna baglylykda debet galyndysy ýa-da kredit galyndysy

bolup biler; mundan başga-da, käbir hasaplar boýunça debet boýunça-da, kredit boýunça hem galyndy çykarylyp bilner. Hasabat döwrüniň başyndaky hasap boýunça galyndy "başky galyndy", hasabat döwrüniň ahyryndaky galyndy bolsa "ahyrky galyndy" diýlip atlandyrylýar.

10. Hasaplar aktiw, passiw we aktiw-passiw bolýarlar. Aktiw hasaplarda dolanyşygyň artmagy debet boýunça, azalmagy bolsa kredit boýunça görkezilýär, şunda galyndy diňe debet galyndysy bolup biler, passiw hasaplarda tersine bolýar.

11. Aktiw hasap boýunça ahyrky galyndyny hasaplamak üçin başky galyndynyň üstüne (aktiw hasapda bu galyndynyň debet galyndysy ýa-da nol boljakdygyny ýatladýarys) hasabat döwrüniň debet dolanyşygynyň pul möçberini goşmaly we şol döwrüň kredit dolanyşygyny aýyrmaly. Passiw hasap boýunça ahyrky galyndyny hasaplamak üçin onuň başky galyndysynyň üstüne (passiw hasapda ol kredit galyndysy ýa-da nol bolar) hasabat döwrüniň kredit dolanyşygynyň pul möçberini goşmaly we şol döwrüň debet dolanyşygyny aýyrmaly.

12. Eger hasabat döwrüniň ahyrynda hasap boýunça galyndy ýok bolsa (ýagny, nol bolsa), onda bu hasaba hasabat döwrüniň jemleri boýunça ýapylan hasap diýilýär.

13. Hasabat döwri tamamlanandan soň buhgalterçilik hasaba alnyşynyň ähli hasaplary boýunça galyndy maliýe ýagdaýy barada hasabata geçirilýär, şunda aktiw hasaplar boýunça galyndy aktiwde görkezilýär, passiw hasaplar boýunça galyndy bolsa passiwde görkezilýär; aktiw-passiw hasaplar boýunça galyndy maliýe ýagdaýy barada hasabatyň aktiwinde-de, passiwinde hem görkezilip bilner. Aktiwiň we passiwiň jemi pul möçberleri hökmany suratda laýyk gelmelidir.

## III. HASAPLARYŇ MYSALY MEÝILNAMASYNYŇ GURLUŞY

14. Buhgalterçilik hasaba alnyşynyň jemleýji hasaplary (mundan beýläk – hasap) Hasaplaryň mysaly meýilnamasynda (mundan beýläk – hasaplaryň meýilnamasy) geçginliligiň ýokarlanyşy tertibinde ýerleşendir.

15. Hasaplaryň meýilnamasynyň aşakdaky ýaly gurluşy bardyr:

| **Dereje** | **Derejäniň ady** | **Belgileriň sany** |
|---|---|---|
| Birinji | Hasabyň görnüşi | X |
| Ikinji | Dereje | XX |
| Üçünji | Kiçi dereje | XXX |
| Dördünji | Esasy topar | XXXX |
| Bäşinji | Kiçi topar | XXXXX |
| Altynjy | Jemleýji hasap | XXXXXX |
| Ýedinji | Jikme-jik hasap | XXXXXXXX |

16. 61114100 "Jaýlar" hasabyň mysalynda hasabyň mysaly gurluşy: hasabyň görnüşi – 6, dereje – 61, kiçi dereje – 611, esasy topar – 6111, kiçi topar – 61114, jemleýji hasap– 611141, jikme-jik hasap – 61114100.

17. Goşa ýazgy usuly bilen jikme-jik hasaba alnyşy ýöretmek üçin (maglumatlary ilkibaşda birleşdirmek we galyndylary hasaplamak) soňky iki san peýdalanylýar, ol subýekt tarapyndan özbaşdak kesgitlenýär.

18. Amallaryň we wakalaryň jikme-jik hasaba alnyşyny ýöretmegiň tertibi subýektiň isleglerinden ugur almak bilen, onuň özi tarapyndan özbaşdak bellenýär.

19. Hasaplaryň meýilnamasy alty bölegi öz içine alýar:

Girdejiler;

Çykdajylar;

Aktiwler;

Borçnamalar;

Maýa (arassa aktiwler);

Balansdan daşary hasaplar.

20. Hasaplaryň meýilnamasynda buhgalterçilik hasaba alnyşynda diňe býujet edaralary tarapyndan peýdalanylýan hasaplar göz öňünde tutulýar.

## IV. JEMI PEÝDA BARADA HASABATYŇ (GIRDEJILER WE ÇYKDAJYLAR BARADA HASABATYŇ) BÖLEKLERINIŇ HASABA ALYNÝAN HASAPLARY

21. Jemi peýda barada hasabatyň (girdejiler we çykdajylar barada hasabatyň) böleklerini görkezmek üçin hasaplar meýilnamasynyň şu bölekleri niýetlenýär:

1-nji bölek "Girdejiler";

2-nji bölek "Çykdajylar".

### 1-nji bölek. "GIRDEJILER"

22. "Girdejiler" bölegi hasaplaryň aşakdaky dört derejesini öz içine alýar:

13 Grantlar boýunça girdejiler;

14 Maýa goýumlardan girdejiler;

14 Amal işinden girdejiler;

14 Gaýry girdejiler.

### 13 GRANTLAR BOÝUNÇA GIRDEJILER

23. **13 "Grantlar boýunça girdejiler" derejesi** grantlary hasaba almak üçin niýetlenýär we şu kiçi derejeleri öz içine alýar:

131 Daşary döwletleriň Hökümetlerinden;

132 Halkara guramalaryndan;

133 Döwlet dolandyryş böleginiň (sektorynyň) beýleki birliklerinden.

## 131 "DAŞARY DÖWLETLERIŇ HÖKÜMETLERINDEN"

24. **131 "Daşary döwletleriň Hökümetlerinden" kiçi derejesi** girdejileriň iki toparyny öz içine alýar.

### 1311 "Gündelik grantlar"

25. **13110 "Gündelik grantlar" kiçi toparynyň hasaby** daşary döwletleriň Hökümetlerinden gündelik çykdajylary amala aşyrmak üçin berilýän we olary alýanlar tarapyndan haýsydyr bir aktiwiň satyn alynmagy bilen baglanyşykly bolmadyk hem-de şunuň ýaly satyn alma bilen şertlendirilmedik grantlary hasaba almak üçin niýetlenýär.

### 1312 "Düýpli grantlar"

26. **13120 "Düýpli grantlar" kiçi toparynyň hasaby** daşary döwletleriň Hökümetlerinden alnan, olary alan tarapyndan aktiwleriň satyn alynmagyny göz öňünde tutýan grantlary hasaba almak üçin niýetlenýär, bu hili grantlar alýanyň özünden garaşylyşy ýa-da talap edilişi ýaly aktiwi ýa-da aktiwleri (maddy dolanyşyk serişdeleriniň ätiýaçlyklaryndan başga) satyn almak üçin peýdalanmaly bolan pul serişdelerinden, berilýän aktiwlerden (maddy dolanyşyk serişdeleriniň ätiýaçlyklaryndan we pul serişdelerinden başga) ýa-da bergidar bilen algydaryň arasyndaky özara ylalaşyk boýunça borçnamalary ýatyrmakdan emele gelýär.

## 132 "HALKARA GURAMALARYNDAN"

27. **132 "Halkara guramalaryndan" kiçi derejesi** girdejileriň iki toparyny öz içine alýar.

### 1321 "Gündelik grantlar"

28. **13210 "Gündelik grantlar" kiçi toparynyň hasaby** halkara guramalaryndan gündelik çykdajylary amala aşyrmak üçin berilýän we olary alýanlar tarapyndan haýsydyr bir aktiwiň satyn alynmagy bilen baglanyşykly bolmadyk hem-de şunuň ýaly satyn alma bilen şertlendirilmedik grantlary hasaba almak üçin niýetlenýär.

### 1322 "Düýpli grantlar"

29. **13220 "Düýpli grantlar" kiçi toparynyň hasaby** halkara guramalaryndan alnan, olary alan tarapyndan aktiwleriň satyn alynmagyny göz öňünde tutýan grantlary hasaba almak üçin niýetlenýär, bu hili grantlar alýanyň özünden garaşylyşy ýa-da talap edilişi ýaly aktiwi ýa-da aktiwleri (maddy dolanyşyk serişdeleriniň ätiýaçlyklaryndan başga) satyn almak üçin peýdalanmaly bolan pul serişdelerinden, berilýän aktiwlerden (maddy dolanyşyk serişdeleriniň

ätiýaçlyklaryndan we pul serişdelerinden başga) ýa-da bergidar bilen algydaryň arasyndaky özara ylalaşyk boýunça borçnamalary ýatyrmakdan emele gelýär.

## 133 "DÖWLET DOLANDYRYŞ BÖLEGINIŇ (SEKTORYNYŇ) BEÝLEKI BIRLIKLERINDEN"

30. **133 "Döwlet dolandyryş bölegíniň (sektorynyň) beýleki birliklerinden" kiçi derejesi** girdejileriň iki toparyny öz içine alýar.

### 1331 "Gündelik grantlar"

31. **13310 "Gündelik grantlar" kiçi toparynyň hasaby** döwlet dolandyryş sektorynyň beýleki birliklerinden gündelik çykdajylary amala aşyrmak üçin berilýän we olary alýanlar tarapyndan haýsydyr bir aktiwiň satyn alynmagy bilen baglanyşykly bolmadyk hem-de şunuň ýaly satyn alma bilen şertlendirilmedik grantlary hasaba almak üçin niýetlenýär.

### 1332 "Düýpli grantlar"

32. **13320 "Düýpli grantlar" kiçi toparynyň hasaby** döwlet dolandyryş sektorynyň beýleki birliklerinden alnan, olary alan tarapyndan aktiwleriň satyn alynmagyny göz öňünde tutýan grantlary hasaba almak üçin niýetlenýär, bu hili grantlar alýanyň özünden garaşylyşy ýa-da talap edilişi ýaly aktiwi ýa-da aktiwleri (maddy dolanyşyk serişdeleriniň ätiýaçlyklaryndan başga) satyn almak üçin peýdalanmaly bolan pul serişdelerinden, berilýän aktiwlerden (maddy dolanyşyk serişdeleriniň ätiýaçlyklaryndan we pul serişdelerinden başga) ýa-da bergidar bilen algydaryň arasyndaky özara ylalaşyk boýunça borçnamalary ýatyrmakdan emele gelýär.

## 14 MAÝA GOÝUMLARDAN GIRDEJILER

33. **14 "Maýa goýumlardan girdejiler" derejesi** maliýe we maliýe däl aktiwlere eýeçilik etmegiň netijesinde alnan girdejileri hasaba almak üçin niýetlenýär we şu toparlary öz içine alýar:

1411 Nesýeler, depozitler we paýnamalardan başga gymmatly kagyzlara maýa goýumlar boýunça girdejiler;

1412 Paýnamalara we maýa gatnaşmagyň beýleki görnüşlerine goýlan maýa goýumlara eýeçilik etmekden alnan girdejiler;

1415 Uzak möhletli maliýe däl aktiwlere eýeçilik etmekden alnan girdejiler.

### 1411 "Nesýeler, depozitler we paýnamalardan başga gymmatly kagyzlara maýa goýumlar boýunça girdejiler"

34. **1411 "Nesýeler, depozitler we paýnamalardan başga gymmatly kagyzlara maýa goýumlar boýunça girdejiler" topary** paýnamalardan başga

maliýe maýa goýumlarynyň göterim girdejilerini, şeýle hem maliýe maýa goýumlarynyň adalatly gymmatynyň üýtgemeginden alnan girdejileri hasaba almak niýetlenýär we şu hasaplary öz içine alýar:

| Hasabyň belgisi | Hasabyň ady |
|---|---|
| 141141 | Ýurduň içinde berlen nesýeler boýunça göterimler görnüşinde girdeji |
| 141142 | Daşary ýurtly taraplara berlen karzlar boýunça göterimler görnüşinde girdeji |
| 141143 | Paýnamalardan başga bergileriň gymmatly kagyzlaryna maýa goýumlar boýunça hak-heşdek görnüşinde girdeji |
| 141144 | Ýurduň içinde depozitler boýunça göterimler görnüşinde girdeji |
| 141145 | Daşary ýurt banklarynda (kompaniýalarynda) depozitler boýunça göterimler görnüşinde girdeji |
| 141146 | Paýnamalardan başga gymmatly kagyzlara maýa goýumlaryň çykyp gitmeginden alnan girdeji |
| 141147 | Paýnamalardan başga gymmatly kagyzlara maýa goýumlaryň adalatly gymmatynyň üýtgemeginden alnan girdeji (peýda) |
| 141148 | Gaýry göterim girdejisi |

**1412 "Paýnamalara we maýa gatnaşmagyň beýleki görnüşlerine goýlan maýa goýumlara eýeçilik etmekden alnan girdejiler"**

35. **1412 "Paýnamalara we maýa gatnaşmagyň beýleki görnüşlerine goýlan maýa goýumlara eýeçilik etmekden alnan girdejiler" topary** paýnamalara (maýa gatnaşma paýyna) eýeçilik etmekden alnan girdejileri, şeýle hem paýnamalara goýlan maliýe maýa goýumlarynyň adalatly gymmatynyň üýtgemeginden alnan girdejileri hasaba almak üçin niýelenýär we şu hasaplary öz içine alýar:

| Hasabyň belgisi | Hasabyň ady |
|---|---|
| 141241 | Assosirlenen kärhanalaryň paýly gymmatly kagyzlaryna maýa goýumlar boýunça hak-heşdek görnüşinde girdeji (diwidendler) |
| 141242 | Assosirlenen kärhanalaryň paýly gatnaşma usuly bilen hasaba alynýan peýdasyndaky paý |
| 141243 | Bilelikdäki kärhanalaryň deň ölçegli jebislendirmek usuly bilen hasaba alynýan peýdasyndaky paý |
| 141244 | Golçur kärhanalaryň  paýly gymmatly kagyzlaryna goýlan maýa goýumlar boýunça hak-heşdek görnüşinde girdeji (diwidendler) |

| | |
|---|---|
| 141246 | Paýnamalara we maýa gatnaşmagyň beýleki görnüşlerine maýa goýumlaryň çykyp gitmeginden alnan girdeji |
| 141247 | Paýnamalara we maýa gatnaşmagyň beýleki görnüşlerine maýa goýumlaryň adalatly gymmatynyň üýtgemeginden alnan girdeji (peýda) |
| 141248 | Paýnamalara we maýa gatnaşmagyň beýleki görnüşlerine maýa goýumlara eýeçilik etmekden alnan gaýry girdeji |

**1415 "Uzak möhletli maliýe däl aktiwlere eýeçilik etmekden alnan girdejiler"**

36. **1415 "Uzak möhletli maliýe däl aktiwlere eýeçilik etmekden alnan girdejiler" topary** esasy serişdelere we maýa goýum emlägine eýeçilik etmekden alnan girdejileri, şeýle hem maliýe däl aktiwleriň adalatly gymmatynyň üýtgemeginden alnan girdejileri hasaba almak üçin niýetlenýär we şu hasaplary öz içine alýar:

| Hasabyň belgisi | Hasabyň ady |
|---|---|
| 141541 | Maliýe kärendesi şertnamalary boýunça hak-heşdekler görnüşinde girdeji |
| 141542 | Şertnama borçnamalarynyň bozulandygy üçin puşmana pullaryny we jerimeleri goşmak bilen, amal kärendesi şertnamalary boýunça girdeji |
| 141543 | Uzak möhletli maliýe däl aktiwleriň adalatly gymmatynyň üýtgemeginden alnan girdeji (peýda) |
| 141544 | Uzak möhletli maliýe däl aktiwleri muzdsyz almakdan alnan girdeji (peýda) |
| 141545 | Maýa goýum emläginden başga, uzak möhletli maliýe däl aktiwleriň gymmatynyň gaçmagyndan çekilen ýitginiň dikeldilmeginden alnan girdeji (peýda) |
| 141546 | Maýa goýum emläginden başga, uzak möhletli maliýe däl aktiwleriň çykyp gitmeginden alnan girdeji |
| 141547 | Maýa goýum emläginiň adalatly gymmatynyň üýtgemeginden alnan girdeji (peýda) |
| 141548 | Maýa goýum emläginiň çykyp gitmeginden alnan girdeji |
| 141549 | Uzak möhletli maliýe däl aktiwlere eýeçilik etmekden alnan gaýry girdeji |

**14 AMAL IŞINDEN GIRDEJILER**

37. **14 "Amal işinden girdejiler" derejesi** harytlary, işleri we hyzmatlary ýerlemek boýunça esasy işi amala aşyrmagyň netijesinde alnan girdejileri hasaba almak üçin niýetlenýär we şu toparlary öz içine alýar:

1421 Harytlary, işleri we hyzmatlary ýerlemekden alnan girdejiler;

1422 Dolandyryş ýygymlary we paçlary görnüşinde girdejiler.

**1421 "Harytlary, işleri we hyzmatlary ýerlemekden alnan girdejiler"**

38. **1421 "Harytlary, işleri we hyzmatlary ýerlemekden alnan girdejiler" toparynyň hasaplary** önümleri ýerlemekden we hyzmat etmekden alnan girdejileri hasaby almak üçin niýetlenýär we şu hasaplary öz içine alýar:

| Hasabyň belgisi | Hasabyň ady |
|---|---|
| 142101 | Harytlary, önümleri ýerlemekden alnan girdeji |
| 142102 | Ýerlenen harytlaryň, önümleriň gaýtarylmagy |
| 142103 | Ýerleme bahasyndan arzanlatmalar |
| 142104 | Işleri we hyzmatlary ýerlemekden alnan girdejiler |
| 142105 | Işleriň we hyzmatlaryň gymmatyna düzedişler |
| 142109 | Harytlary, işleri we hyzmatlary ýerlemekden alnan gaýry girdejiler |

**1422 "Dolandyryş ýygymlary we paçlary görnüşinde girdejiler"**

39. **1422 "Dolandyryş ýygymlary we paçlary görnüşinde girdejiler" topary** diňe döwlet kärhanalarynyň dürli bellige alyş çäreleriniň geçirilendigi, ygtyýarnamalaryň we rugsatnamalaryň berlendigi we ş.m. üçin dolandyryş ýygymlarynyň we paçlarynyň alynmagyndan gelýän girdejisini hasaba almak üçin niýetlenýär we şu hasaplary öz içine alýar:

| Hasabyň belgisi | Hasabyň ady |
|---|---|
| 142201 | Döwlet paçlary görnüşinde girdejiler |
| 142202 | Ýörite işleriň geçirilendigi üçin tölegler görnüşinde girdejiler |
| 142203 | Ygtyýarnama ýygymlary görnüşinde girdejiler |
| 142204 | Rugsatlaryň berlendigi üçin tölegler görnüşinde girdejiler |
| 142208 | Beýleki dolandyryş ýygymlary we paçlary görnüşinde girdejiler |
| 142209 | Amal işinden gaýry girdejiler |

## 14 GAÝRY GIRDEJILER

40. **14 "Gaýry girdejiler" derejesi** öňki derejelere goşulmadyk gaýry girdejileri hasaba almak üçin niýetlenýär we şu kiçi derejeleri öz içine alýar:

145 Amal däl girdejiler;

146 Maliýeleşdirmekden alnan girdejiler.

**145 "Amal däl girdejiler"**

41. **145 "Amal däl girdejiler" kiçi derejesi** gaýry amal däl girdejileri hasaba almak üçin niýetlenýär we şu hasaplary öz içine alýar:

| **Hasabyň belgisi** | **Hasabyň ady** |
|---|---|
| 145341 | Günäkär adam tarapyndan ýetirilen maddy zyýanyň öwezi dolunmagy netijesinde alnan girdeji (peýda) |
| 145342 | Hümmet tapawudyndan alnan girdeji (peýda) |
| 145343 | Ätiýaçlyklaryň gymmatynyň gaçmagyndan çekilen ýitgini dikeltmekden alnan girdeji (peýda) |
| 145344 | Şertnama borçnamalarynyň ýerine ýetirilmändigi üçin jerimeler |
| 145345 | Ätiýaçlyklary (işleri, hyzmatlary) muzdsuz almakdan alnan girdeji (peýda) |
| 145346 | Gaýry amal däl girdejiler |

**146 "Maliýeleşdirmekden alnan girdejiler"**

42. **146 "Maliýeleşdirmekden alnan girdejiler" kiçi derejesi** býujet serişdeleriniň hasabyna maliýeleşdirmekden alnan girdejileri we maksatlaýyn maliýeleşdirmäni hasaba almak üçin niýetlenýär we şu hasaplary öz içine alýar:

| **Hasabyň belgisi** | **Hasabyň ady** |
|---|---|
| 146141 | Gündelik işi maliýeleşdirmekden alnan girdejiler |
| 146142 | Düýpli maýa goýumlary maliýeleşdirmekden alnan girdejiler |
| 146143 | Subsidiýalary maliýeleşdirmekden alnan girdejiler |
| 146144 | Maksatlaýyn maliýeleşdirmeler |

43. 146141 "Gündelik işi maliýeleşdirmekden alnan girdejiler" hasaby tassyklanan býujete laýyklykda döwletiň býujetdäki edarasyny saklamak üçin alnan maliýe serişdelerinden gelen girdejini we maksatlaýyn maliýeleşdirmeleri ykrar etmek üçin niýetlenýär.

44. 146142 "Düýpli maýa goýumlary maliýeleşdirmekden alnan girdejiler" hasaby düýpli maýa goýumlary maliýeleşdirmek üçin serişdeleri sarp etmekden

alnan, ozal býujetden berlen maliýe serişdeleriniň hasabyna satyn alnan uzak möhletli maliýe däl aktiwleriň hasaplanyp ýazylan ulanyş tutumynyň möçberine barabar bolan girdejini ykrar etmek üçin niýetlenýär.

45. 146143 "Subsidiýalary maliýeleşdirmekden alnan girdejiler" hasaby subsidiýalar boýunça girdejini ykrar etmek üçin niýetlenýär;

146144 "Maksatlaýyn maliýeleşdirmeler" hasaby belli bir maksada gönükdirilen çäreleri maliýeleşdirmek üçin alnan girdejini hasaba almak üçin niýetlenilýär.

46. Girdejileri hasaba almak boýunça hasaplaryň mysaly gatnaşygy şunuň ýaly görkezilýär:

| Debet | Kredit | Teswir |
|---|---|---|
| debitor algylaryň degişli hasaplary | 142101 "Harytlary, önümleri ýerlemekden alnan girdeji" hasaby | harytlary ýerlemekden alnan girdejini ykrar etmek |
| 142102 "Ýerlenen harytlaryň, önümleriň gaýtarylmagy" hasaby | debitor algylaryň degişli hasaplary | ýerlenen harytlaryň gaýtarylmagy |
| 142103 "Ýerleme bahasyndan arzanlatmalar" hasaby | 621851 "Satyn alyjylardan we buýrujylardan gysga möhletli debitor algylar" hasaby | arzanlatmalary ykrar etmek |
| 142101 "Harytlary, önümleri ýerlemekden alnan girdeji" hasaby | 142102 "Ýerlenen harytlaryň, önümleriň gaýtarylmagy" hasaby we 142103 "Ýerleme bahasyndan arzanlatmalar" hasaby | ýerlemekden alnan girdejä düzediş girizmek |
| Maliýe aktiwleriniň (hümmet ýokarlananda) we maliýe borçnamalarynyň (hümmet peselende) degişli hasaplary | 145342 "Hümmet tapawudyndan alnan girdeji (peýda)" hasaby | daşary ýurt puly bilen amallardan alnan peýdany ykrar etmek |
| 621952 "Işgärlerden gysga möhletli debitor algylar" hasaby | 145341 "Günäkär adam tarapyndan ýetirilen maddy zyýanyň öwezi dolunmagy netijesinde alnan girdeji (peýda)" hasaby | ýetmezçiligi günäkär adamyň hasabyna hasapdan öçürmek |

## 2-nji bölek. "ÇYKDAJYLAR"

47. Hasaplaryň mysaly meýilnamasynda göz öňünde tutulan, çykdajylaryň hasaba alynýan hasaplarynyň köpüsi diňe býujet edaralary tarapyndan peýdalanylýar. Şunuň bilen baglanyşykly hasaplaryň iş meýilnamasy düzülende täjirçilik kärhanalary we döwletiň býujet edaralary özleriniň geçirýän çykdajylarynyň görnüşlerine laýyk gelýän hasaplary saýlap almalydyrlar.

48. Täjirçilik kärhanalarynyň hem-de döwletiň býujet edaralarynyň çykdajylary maliýe hasabatlylygyny düzmegiň amatly bolmagy üçin aýratynlykda, ýagny, işiň görnüşleri boýunça (býujet serişdeleriniň hasabyna çykdajylar, önümçilik, ýerlemek we dolandyryş çykdajylary) hasaba alynmalydyr:

býujet edaralaryň býujet serişdeleriniň hasabyna çykdajylary Hasaplaryň mysaly meýilnamasyna laýyklykda çykdajylar hasaplarynda hasaba alynýar;

býujet edaralaryň býujetden daşary serişdeleriniň hasabyna çykdajylary täjirçilik kärhanalarynyň çykdajylary ýaly hasaba alynýar we üç görnüşe bölünýär:

önümçilik çykdajylary 6122 "Taýýar önümi öndürmek üçin ätiýaçlyklar" toparynyň hasaplarynda hasaba alynýar;

ýerleme çykdajylaryny hasaba almak üçin, hasabyň başyna "1" san goşmak bilen, Hasaplaryň mysaly meýilnamasynyň degişli çykdajylar hasaplary peýdalanylýar;

dolandyryş çykdajylaryny hasaba almak üçin hasabyň başyna "2" san goşmak bilen, Hasaplaryň mysaly meýilnamasynyň degişli çykdajylar hasaplary peýdalanylýar.

49. **"Çykdajylar" böleginiň hasaplary** çykdajylary hasaba almak üçin niýetlenýär we harajatlaryň bellenen maksady boýunça aşakdaky tertipde topara bölünýär:

amal çykdajylary, şol sanda:

býujet serişdeleriniň hasabyna çykdajylar;

ýerleme çykdajylary;

dolandyryş çykdajylary;

ýerlenen önümiň, harytlaryň (işleriň we hyzmatlaryň) özüne düşýän gymmaty;

maliýe çykdajylary;

gaýry çykdajylar.

50. **Amal çykdajylary** dört derejä bölünýär:

21 Işgärler üçin çykdajylar;

22 Materiallar we hyzmatlar üçin çykdajylar;

23 Ulanyş tutumy boýunça çykdajylar;

27 Durmuş kömek pullaryny tölemek üçin çykdajylar.

## 21 IŞGÄRLER ÜÇIN ÇYKDAJYLAR

51. **21 "Işgärler üçin çykdajylar" derejesi** salgytlar we döwlet pensiýa ätiýaçlandyrmasyna hem-de meýletin saglygy goraýyş ätiýaçlandyrmasyna gatançlar tutulmazyndan öň, edilen hyzmatlar üçin işgärlere pul görnüşindäki

tölegleri, tölegleriň esasy we goşmaça görnüşlerini, iş wagtyndan artyk işlenendigi, gijesine işlenendigi, dynç günleri we baýramçylyk günlerindäki iş üçin öwezini dolmalary, baýraklaryň ähli görnüşlerini, her ýylky zähmet rugsadynyň tölеglerini hasaba almak üçin niýetlenýär we şu kiçi derejeleri öz içine alýar:

211 Zähmet haky;

212 Gatançlar we geçirimler.

## 211 "ZÄHMET HAKY"

52. **211 "Zähmet haky" kiçi derejesi** işgärleriň zähmet haky boýunça harajatlary hasaba almak üçin niýetlenýär we şu hasaplary öz içine alýar:

| **Hasabyň belgisi** | **Hasabyň ady** |
|---|---|
| 211101 | Raýat gullukçylarynyň esasy zähmet haklary (zähmet hakyna goşmaça tölegleri goşmak bilen) |
| 211102 | Raýat gullukçylarynyň zähmetine goşmaça hak tölemek |
| 211103 | Işgär düzüminden daşary işgärleriň zähmetine hak tölemek |
| 211104 | Harby gullukçylaryň pul üpjünçiliginiň we içeri işler edaralarynyň ýönekeý işgärler we ýolbaşçylar düzüminiň pul zähmet hakynyň esasy görnüşleri |
| 211105 | Harby gullukçylaryň pul üpjünçiliginiň we içeri işler edaralarynyň ýönekeý işgärler we ýolbaşçylar düzüminiň pul zähmet hakynyň goşmaça görnüşleri |
| 211106 | Döredijilik işgärleriniň galam haklary (gonorarlary) |
| 211107 | Bäsleşik mowzugy boýunça zähmet haky |
| 211109 | Zähmet haklarynyň beýleki görnüşleri |

## 212 "GATANÇLAR WE GEÇIRIMLER"

53. **212 "Gatançlar we geçirimler" kiçi derejesi** zähmet haky gorundan geçirimler boýunça çykdajylary hasaba almak üçin niýetlenýär we şu hasaplary öz içine alýar:

| **Hasabyň belgisi** | **Hasabyň ady** |
|---|---|
| 212101 | Hökmany pensiýa ätiýaçlandyrmasy üçin pensiýa gatançlary |
| 212102 | Hünär ugry boýunça hökmany pensiýa ätiýaçlandyrmasy üçin pensiýa gatançlary |

54. Girdejileri hasaba almak boýunça hasaplaryň mysaly gatnaşygy şunuň ýaly görkezilýär:

| Debet | Kredit | Teswir |
|---|---|---|
| 211101 "Raýat gullukçylarynyň esasy zähmet haklary (zähmet hakyna goşmaça tölegleri goşmak bilen)" hasaby | 631953 "Işgärlere gysga möhletli kreditor bergiler" hasaby | býujet edarasynyň işgärlerine zähmet hakyny hasaplap ýazmak |
| 1211101 "Esasy zähmet haky" hasaby | 631953 "Işgärlere gysga möhletli kreditor bergiler" hasaby | ýerlemek hyzmatlary bilen meşgullanýan işgärlere zähmet hakyny hasaplap ýazmak |
| 2211101 "Esasy zähmet haky" hasaby | 631953 "Işgärlere gysga möhletli kreditor bergiler" hasaby | dolandyryş işgärlerine zähmet hakyny hasaplap ýazmak |
| 631953 "Işgärlere gysga möhletli kreditor bergiler" hasaby | 631951 "Tölenmäge degişli býujete tölegler" hasaby | zähmet haky gorundan şahsy adamlaryň girdejjisine salynýan salgydy we şäherleriň, şäherçeleriň we obalaryň çäklerini abadanlaşdyrmak üçin maksatlaýyn ýygymy tutup galmak |
| 631953 "Işgärlere gysga möhletli kreditor bergiler" hasaby | 631952 "Tölenmäge degişli, gaznalara hem-de ministrlikleriň we pudak edaralarynyň ýörite hasaplaryna geçirimler" | zähmet haky gorundan meýletin saglygy goraýyş we pensiýsa ätiýaçlandyrmasy üçin gatançlary tutup galmak |
| 631953 "Işgärlere gysga möhletli kreditor bergiler" hasaby | 621251 "Milli pulda kassadaky pul serişdeleri" hasaby | zähmet hakyny nagt pul serişdeleri bilen bermek |
| 212101 "Hökmany pensiýa ätiýaçlandyrmasy üçin pensiýa gatançlary" | 631951 "Tölenmäge degişli býujete tölegler" hasaby | döwlet durmuş ätiýaçlandyrmasyna geçirimleri hasaplap ýazmak |

## 22 MATERIALLAR WE HYZMATLAR ÜÇIN ÇYKDAJYLAR

55. **22 "Materiallar we hyzmatlar üçin çykdajylar" derejesi** peýdalanylan materiallar boýunça çykdajylary, işgärleriň iş saparlary bilen baglanyşykly çykdajylary, jemagat we gaýry hyzmatlar üçin tölegleri, düýpli abatlamak, şübheli bergiler boýunça ätiýaçlyklary döretmek, rugsatlaryň tölegini tölemek üçin çykdajylary hasaba almak üçin niýetlenýär we şu toparlary öz içine alýar:

2211 Material we esbaplar üçin çykdajylar;

2212 Iş sapar çykdajylary;
2213 Ulag çykdajylary;
2214 Aragatnaşyk üçin çykdajylar;
2215 Jemagat hyzmatlary üçin çykdajylar;
2216 Beýleki hyzmatlaryň tölegi üçin çykdajylar;
2217 Goranyş we içeri işler edaralarynyň beýleki gündelik çykdajylary;
2218 Düýpli abatlaýyş (býujet edaralary üçin);
2219 Baha berilýän ättiýaçlyk gorlary döretmek boýunça çykdajylar;

**2211 "Material we esbaplar üçin çykdajylar"**

56. **2211 "Materiallar we esbaplar üçin çykdajylar" topary** sarp edilen materiallar, ätiýaçlyk şaýlary we gaýry ätiýaçlyklar boýunça çykdajylary hasaba almak üçin niýetlenýär we şu hasaplary öz içine alýar:

| Hasabyň belgisi | Hasabyň ady |
|---|---|
| 221101 | Kanselýariýa we çyzuw enjamlary, gündelik hojalyk işleri üçin materiallar we predmetler |
| 221102 | Azyk önümleri |
| 221103 | Dermanlar we sargy serişdeleri |
| 221105 | Ýumşak esbaplar we egin-başlar |
| 221106 | Beýleki üpjünçilik serişdeleri we sarp edilýän materiallar |

**2212 "Iş sapar çykdajylary"**

57. **2212 "Iş sapar çykdajylary" topary** işgärleriň iş saparlary bilen baglanyşykly çykdajylary hasaba almak üçin niýetlenýär we şu hasaplary öz içine alýar:

| Hasabyň belgisi | Hasabyň ady |
|---|---|
| 221201 | Ýurduň içinde iş sapar çykdajylary |
| 221202 | Daşary ýurtlara iş sapar çykdajylary |

**2213 "Ulag çykdajylary"**

58. **2213 "Ulag çykdajylary" topary** ulaglary saklamak we kireýine almak boýunça çykdajylary hasaba almak üçin niýetlenýär we şu hasaplary öz içine alýar:

| Hasabyň belgisi | Hasabyň ady |
|---|---|
| 221301 | Ulaglary saklamak we abatlamak üçin çykdajylar |

| | |
|---|---|
| 221302 | Ýangyç-çalgy ýag materiallarynyň tölegi |
| 221303 | Ätiýaçlyk şaýlarynyň bahasyny tölemek |
| 221304 | Ulag serişdeleriniň kärende tölegi |
| 221305 | Dürli ulag hyzmatlarynyň tölegi |

### 2214 "Aragatnaşyk üçin çykdajylar"

59. **2214 "Aragatnaşyk üçin çykdajylar" topary** aragatnaşygyň ähli görnüşleri üçin çykdajylary hasaba almak üçin niýetlenýär we şu hasaplary öz içine alýar:

| **Hasabyň belgisi** | **Hasabyň ady** |
|---|---|
| 221401 | Ýurduň içinde aragatnaşyk hyzmatlary |
| 221402 | Ýurduň daşynda aragatnaşyk hyzmatlary |
| 221403 | Poçta çykdajylary |
| 221404 | Radionyň hyzmatlary we beýlekiler |

### 2215 "Jemagat hyzmatlary üçin çykdajylar"

60. **2215 "Jemagat hyzmatlary üçin çykdajylar" topary** jemagat we gaýry hyzmatlar üçin (gaz, elektrik energiýasy, ýyladyş üçin) çykdajylary hasaba almak üçin niýetlenýär we şu hasaplary öz içine alýar:

| **Hasabyň belgisi** | **Hasabyň ady** |
|---|---|
| 221501 | Suw üçin töleg |
| 221502 | Beýleki jemagat hyzmatlary |
| 221503 | Elektrik energiýa üçin töleg |
| 221504 | Gaz üçin töleg |
| 221505 | Ýyladyş üçin töleg |

### 2216 "Beýleki hyzmatlaryň tölegi üçin çykdajylar"

61. **2216 "Beýleki hyzmatlaryň tölegi üçin çykdajylar"** esasy serişdeleri gündelik abatlamak boýunça, mahabatlandyrmak üçin, hünärmenleri taýýarlamak boýunça, bankyň hyzmatlary üçin çykdajylary hasaba almak üçin niýetlenýär we şu hasaplary öz içine alýar:

| **Hasabyň belgisi** | **Hasabyň ady** |
|---|---|
| 221601 | Ylmy-barlag guramalarynyň hyzmatlarynyň tölegi |
| 221602 | Enjamlary we esbaplary ýeňil abatlamak üçin töleg |

| | |
|---|---|
| 221603 | Binalary we jaýlary ýeňil abatlamak üçin töleg |
| 221604 | Gaýry gündelik çykdajylar |
| 221605 | Pensiýalary we kömek pullaryny tölemek boýunça banklaryň hyzmatlarynyň tölegi |
| 221606 | Daşary ýurtda hünärmenleri taýýarlamak boýunça çykdajylaryň tölegi |
| 221607 | Desgalary goramak üçin çykdajylar |

**2217 "Goranyş we içeri işler edaralarynyň beýleki gündelik çykdajylary"**

62. **2217 "Goranyş we içeri işler edaralarynyň beýleki gündelik çykdajylary" topary** goranyş, içeri işler edaralarynda deňiz we harby tehnikany satyn almak we saklamak bilen bagly çykdajylary hasaba almak üçin niýetlenýär we şu hasaplary öz içine alýar:

| **Hasabyň belgisi** | **Hasabyň ady** |
|---|---|
| 221701 | Harby birlikler we içeri işler edaralary boýunça ýük daşamalar |
| 221702 | Deňiz tehnikasyny saklamak |
| 221703 | Bronly awtomobil tehnikany saklamak |
| 221704 | Awiasiýa tehnikasyny saklamak |
| 221705 | Serhetdäki inženerçilik enjamlary saklamak |
| 221706 | Harby tehnikany we ýaraglary satyn almak |
| 221707 | Gulluk mallaryny we araba enjamlaryny satyn almak we saklamak |
| 221708 | Aýratyn çykdajylar |

**2218 "Düýpli abatlaýyş (býujet edaralary üçin)"**

63. **2218 "Düýpli abatlaýyş (býujet edaralary üçin)" topary** bilim, saglygy goraýyş we durmuş üpjünçiligi edaralaryna degişli bolan jaýlary we desgalary düýpli abatlamak, jaýlary we desgalary suw geçiriji, lagym ulgamlaryna we elektrik ulgamyna birikdirmek üçin işler, merkezleşdirilen ýyladyş ulgamyny çekmek we bug gazanlary üçin jaýlary gurmak, howlular üçin saraýlary gurmak üçin çykdajlary, liftleri oturtmak we kir ýuwulýan ýerleri guramak, jemagat, medeni-durmuş, saglygy goraýyş, bilim we durmuş üpjünçiligi maksatly desgalary abadanlaşdyrmak, şäherlerde we işçiler şäherçelerinde jemagat-durmuş kärhanalaryny, ýaşaýyş jaýlaryny, çagalar bejeriş edaralaryny, mekdepleri we beýleki okuw jaýlaryny gazlaşdyrmak üçin çykdajylary hasaba almak üçin niýetlenýär we şu hasaplary öz içine alýar:

| **Hasabyň belgisi** | **Hasabyň ady** |
|---|---|

| | |
|---|---|
| 221801 | Durmuş-medeni we durmuş maksatly desgalary düýpli abatlamak |
| 221802 | Edara desgalaryny düýpli abatlamak |
| 221803 | Gaýry düýpli abatlamak işleri |

64. Materiallar we hyzmatlar üçin çykdajylary hasaba almak boýunça hasaplaryň mysaly gatnaşygy şunuň ýaly görkezilýär:

| Debet | Kredit | Teswir |
|---|---|---|
| 2211 "Material we esbaplar üçin çykdajylar" toparynyň degişli hasaby | 6124 "Özüniň peýdalanmagy üçin niýetlenen ätiýaçlyklar" toparynyň degişli hasaby | ätiýaçlyklar boýunça çykdajylary ykrar etmek |
| 2212 "Iş sapar çykdajylary" toparynyň degişli hasaby | 631953 "Işgärlere gysga möhletli kreditor bergiler" hasaby | işgärlere tölenýän iş sapar çykdajylaryny ykrar etmek |
| 2213 "Ulag çykdajylary" toparynyň degişli hasaby | gysga möhletli karzlaryň degişli hasaby | ulag çykdajylaryny ykrar etmek |

### 2219 "Baha berilýän ätiýaçlyk gorlary döretmek boýunça çykdajylar"

65. **2219 "Baha berilýän ätiýaçlyk gorlary döretmek boýunça çykdajylar" toparynyň hasaby** şübheli bergiler, kepillendirilen hyzmatlar, öwezini doluş tölegleri tölemek boýunça ätiýaçlyk goruny döretmek boýunça çykdajylary hasaba almak üçin niýetlenýär we şu hasaplary öz içine alýar:

| Hasabyň belgisi | Hasabyň ady |
|---|---|
| 221941 | Kepillendirilen hyzmatlary etmek üçin ätiýaçlyk goruny döretmek boýunça çykdajylar |
| 221942 | Işgärlere öwezini doluş tölegleri tölemek üçin ätiýaçlyk goruny döretmek boýunça çykdajylar |
| 221943 | Kanunçylygyň talap etmegi boýunça ätiýaçlyk goruny döretmek boýunça çykdajylar |
| 221944 | Gaýry baha berilýän gaýry ätiýaçlyk goruny döretmek boýunça çykdajylar |

66. Baha berilýän ätiýaçlyk gorlary döretmek boýunça çykdajylary hasaba almak boýunça mysaly gatnaşygy şunuň ýaly görkezilýär:

| Debet | Kredit | Teswir |
|---|---|---|

| | | |
|---|---|---|
| 2219 "Baha berilýän ätiýaçlyk gorlary döretmek boýunça çykdajylar" toparynyň degişli hasaby | 631956 "Gysga möhletli baha berilýän borçnamalar" hasaby | baha berilýän borçnamany ykrar etmek |
| 631956 "Gysga möhletli baha berilýän borçnamalar" hasaby | 2219 "Baha berilýän ätiýaçlyk gorlary döretmek boýunça çykdajylar" toparynyň degişli hasaby | baha berilýän borçnamalar boýunça hasaplanyp ýazylan ätiýaçlyk goruny ýatyrmak |
| 221941 "Kepillendirilen hyzmatlary etmek üçin ätiýaçlyk goruny döretmek boýunça çykdajylar" hasaby | 631956 "Gysga möhletli baha berilýän borçnamalar" hasaby | kepillendirilen borçnamalar boýunça ätiýaçlyk goruny döretmek |
| 631956 "Gysga möhletli baha berilýän borçnamalar" hasaby | 631851 "Üpjün edijilere we potratçylara gysga möhletli kreditor bergiler" hasaby | berlen kepillendirmeleriň çäklerinde kepillendirilen abatlamak we hyzmat etmek boýunça çykdajylary kepillendirilen borçnamalar ätiýaçlyk gorunyň hasabyna hasapdan öçürmek |

### 2251 "Ýerlenen önümleriň, harytlaryň (işleriň, hyzmatlaryň) özüne düşýän gymmaty"

67. **2251 "Ýerlenen önümleriň, harytlaryň (işleriň, hyzmatlaryň) özüne düşýän gymmaty" topary** ýerlenen önümiň, harytlaryň, hyzmatlaryň özüne düşýän gymmatyny hasaba almak üçin niýetlenýär we şu hasaplary öz içine alýar:

| Hasabyň belgisi | Hasabyň ady |
|---|---|
| 225141 | Ýerlenen taýýar önümiň özüne düşýän gymmaty |
| 225142 | Ýerlenen harytlaryň özüne düşýän gymmaty |
| 225143 | Ýerlenen işleriň özüne düşýän gymmaty |
| 225144 | Ýerlenen hyzmatlaryň özüne düşýän gymmaty |

## 23 ULANYŞ TUTUMY BOÝUNÇA ÇYKDAJYLAR

68. **23 "Ulanyş tutumy boýunça çykdajylar" derejesi** bir hasaby, ýagny, **231141 "Uzak möhletli maliýe däl aktiwleriň ulanyş tutumy boýunça**

**çykdajylar"** hasabyny öz içine alýar, ol uzak möhletli maliýe däl aktiwleriň ulanyş tutumy boýunça çykdajylary hasaba almak üçin niýetlenýär. Ulanyş tutumy boýunça çykdajylaryň hasaba alynýan hasaplarynyň mysaly gatnaşygy uzak möhletli maliýe däl aktiwler böleginde görkezilýär.

## 27 DURMUŞ KÖMEK PULLARYNY TÖLEMEK ÜÇIN ÇYKDAJYLAR

69. **27 "Durmuş kömek pullaryny tölemek üçin çykdajylar" derejesi** döwlet durmuş ätiýaçlandyrmasy we pensiýa üpjünçiligi boýunça pensiýalaryň we kömek pullarynyň ähli görnüşlerini, döwlet gullukçylaryna işden çykylanda tölenýän kömek pullaryny, 62 ýaşy dolan raýatlara berilýän pul görnüşindäki hak-heşdekleri, 8-nji mart mynasybetli Prezidentiň adyndan aýal-gyzlara berilýän pul sowgatlaryny, göwreliligi we çaga dogranlygy boýunça we zähmete ukyplylygyny wagtlaýyn ýitirendigi boýunça kömek pullaryny hasaba almak üçin niýetlenýär we 271 "Durmuş üpjünçiligi boýunça kömek puly", 272 "Durmuş kömegi boýunça kömek pullary" kiçi dereleri öz içine alýar.

## 271 "DURMUŞ ÜPJÜNÇILIGI BOÝUNÇA KÖMEK PULY"

70. **271 "Durmuş üpjünçiligi boýunça kömek puly" kiçi dereje** göwreliligi we çaga dogranlygy boýunça we zähmete ukyplylygyny wagtlaýyn ýitirendigi boýunça kömek pullaryny hasaba almak niýetlenýär we şu hasaplary öz içine alýar:

| Hasabyň belgisi | Hasabyň ady |
|---|---|
| 271101 | Göwreliligi we çaga dogranlygy boýunça kömek puly |
| 271102 | Zähmet çekmek ukybyny wagtlaýyn ýitirendigi üçin kömek pulunyň tölegi |
| 271103 | Döwlet durmuş ätiýaçlandyrmasy boýunça kömek puly |
| 271104 | Hökmany pensiýa ätiýaçlandyrmasy boýunça Merkezleşdirilen býujetden gatançlar |
| 271105 | Merkezleşdirilen býujetden durmuş kömek pullaryny tölemek |
| 271106 | Ýeňillikli pensiýa çykanlara pensiýanyň öwezini dolmak üçin tölegler |

## 24 MALIÝE ÇYKDAJYLARY

71. **24 "Maliýe çykdajylary" derejesi** karzlar we nesýeler boýunça göterimleri, içerki we daşarky bazarlarda nesýe alnan serişdeler boýunça göterimleri, şeýle hem maliýe kärendesi boýunça göterimleri tölemek üçin hasaplanyp ýazylan çykdajylary hasaba almak üçin niýetlenýär we şu toparlary öz içine alýar:

2411 Daşarky maliýe borçnamalary boýunça çykdajylar;

2421 Içerki maliýe borçnamalary boýunça çykdajylar.

## 2411 "Daşarky maliýe borçnamalary boýunça çykdajylar"

72. **2411 "Daşarky maliýe borçnamalary boýunça çykdajylar" topary** daşarky maýa goýumçylardan çekilen nesýeler we karzlar boýunça göterim çykdajylaryny hasaba almak üçin niýetlenýär we şu hasaplary öz içine alýar:

| Hasabyň belgisi | Hasabyň ady |
|---|---|
| 241101 | Daşary ýurtdan alnan karzlaryň we nesýeleriň göterimleri boýunça çykdajylar |
| 241102 | Nesýeler üçin serişdeleri ätiýaçlandyrmak üçin hyzmat hakyny (komission) tölemek boýunça çykdajylar |
| 241103 | Bergileriň gymmatly kagyzlarynyň göterimleri boýunça çykdajylar |
| 241104 | Ätiýaçlandyryş gatançlaryny tölemek boýunça çykdajylar |

## 2421 "Içerki maliýe borçnamalary boýunça çykdajylar"

73. **2421 "Içerki maliýe borçnamalary boýunça çykdajylar" topary** Türkmenistanyň içerki bazarynda çekilen nesýeler we karzlar boýunça göterim çykdajylaryny hasaba almak üçin niýetlenýär we şu hasaplary öz içine alýar:

| Hasabyň belgisi | Hasabyň ady |
|---|---|
| 242101 | Ýurduň içinde depozitleriň göterimleri boýunça çykdajylar |
| 242102 | Maliýe kärendesi boýunça göterim hak-heşdegi görnüşinde çykdajylar |
| 242103 | Bergileriň gymmatly kagyzlarynyň göterimleri boýunça çykdajylar |
| 242104 | Ýurduň içinde alnan karzlaryň we nesýeleriň göterimleri boýunça çykdajylar |
| 242109 | Gaýry maliýe borçnamalarynyň göterimleri boýunça çykdajylar |

## 28 GAÝRY ÇYKDAJYLAR

74. **28 "Gaýry çykdajylar" derejesi** nesýeler boýunça göterimleri, içerki maýa bazarlarynda nesýe alnan serişdeleriň peýdalanylandygy üçin göterimleri, şeýle maliýe kärendesi boýunça göterimleri tölemek boýunça hasaplanyp ýazylan çykdajylary hasaba almak üçin niýetlenýär we şu toparlary öz içine alýar:

2819 Amal we amal däl işinden gaýry çykdajylar (ýitgiler);
2821 Gündelik transfertler;
2823 Býujete tölegler boýunça çykdajylar;
2824 Hökmany geçirimler boýunça çykdajylar.

## 2819 "Amal we amal däl işinden gaýry çykdajylar (ýitgiler)"

75. **2819 "Amal we amal däl işinden gaýry çykdajylar (ýitgiler)" topary** aktiwleriň çykyp gitmeginden we gymmatynyň gaçmagyndan, hümmet tapawudyndan çekilen çykdajylary, şeýle hem jerimeler, puşmana pullary boýunça çykdajylary hasaba almak üçin niýetlenýär.

76. 281901 "Uzak möhletli maliýe däl aktiwleriň çykyp gidendigi üçin çykdajylar (ýitgiler)" hasaby uzak möhletli maliýe däl aktiwleriň (esasy serişdeleriň, biologik aktiwleriň, maýa goýum emläginiň, maddy däl aktiwleriň, gurluşygy tamamlanmadyk desgalaryň) çykyp gitmeginden çekilen çykdajylary hasaba almak üçin niýetlenýär.

77. 281902, 281903, 281904 "Degişli aktiwleriň gymmatynyň gaçandygy üçin çykdajylar (ýitgiler)" hasaplary aktiwleriň gymmatynyň gaçmagyndan çekilen çykdajylary hasaba almak üçin niýetlenýär.

78. 281905 "Hümmet tapawudyndan çykdajylar (ýitgiler)" ýitgiler hasaby hasabatlarda hasabatyň berlen pulunda aňladylan daşary ýurt puluny görkezmegiň netijesinde ýüze çykýan hümmet tapawudy boýunça çykdajylary hasaba almak üçin niýetlenýär.

79. 281906 "Býujete tölenmäge degişli jerimeler, puşmana pullary we jerime tölegleri boýunça çykdajylar" hasaplary degişli jerimeler, puşmana pullary boýunça çykdajylary hasaba almak üçin niýetlenýär.

80. 281908 "Amal işinden gaýry çykdajylar (ýitgiler)" we 281909 "Amal däl işinden gaýry çykdajylar (ýitgiler)" hasaplary öňki hasaplarda göz öňünde tutulmadyk gaýry çykdajylary hasaba almak niýetlenýär.

## 2821 "Gündelik transfertler"

81. **2821 "Gündelik transfertler" topary** okuwçylara berilýän talyp haklarynyň ähli görnüşleriniň tölegini hem-de orta okuw mekdepleriniň okuwçylaryna baýraklary bermek we birwagtlaýyn kömek puluny tölemek üçin çykdajylary, şeýle hem Türkmenistanyň Prezidentiniň çözgütleri boýunça berilýän sylaglar we baýraklar bilen baglanyşykly çykdajylary hasaba almak üçin niýetlenýär we şu hasaplary öz içine alýar:

| **Hasabyň belgisi** | **Hasabyň ady** |
|---|---|
| 282103 | Talyp haklary |
| 282104 | Beýleki gündelik transfertler |

## 2823 "Býujete tölegler boýunça çykdajylar"

82. **2823 "Býujete tölegler boýunça çykdajylar" topary** Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda býujete tölenmäge degişli pul möçberleri boýunça çykdajylary hasaba almak üçin niýelenýär we şu hasaplary öz içine alýar:

| **Hasabyň belgisi** | **Hasabyň ady** |
|---|---|
| 282341 | Goşulan baha üçin salgyt |
| 282342 | Goşmaça töleg |
| 282343 | Ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgyt |
| 282344 | Emläk üçin salgyt |
| 282345 | Edara görnüşli tarapyň peýdasyndan (girdejisinden) alynýan salgyt |
| 282346 | Mahabatlandyrma üçin ýygym |
| 282347 | Şäherleriň, şäherçeleriň, oba ýerleriniň çäklerini abadanlaşdyrmak üçin belli bir maksada gönükdirilen ýygym |
| 282348 | Awtoduralgalaryň eýelerinden alynýan ýygym |
| 282349 | Awtomobilleriň ýerlenilmegi üçin ýygym |

### 2824 "Hökmany geçirimler boýunça çykdajylar"

83. **2824 "Hökmany geçirimler boýunça çykdajylar" topary** Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda gaznalara, ministrlikleriň we pudak edaralarynyň ýörite hasaplaryna hökmany geçirimler boýunça çykdajylary hasaba almak üçin niýetlenýär we şu hasaplary öz içine alýar:

| **Hasabyň belgisi** | **Hasabyň ady** |
|---|---|
| 282441 | Türkmenistanyň Oba hojalyk ministrliginiň ýörite maksatly hasabyna geçirimler |
| 282442 | Aşgabat şäher häkimliginiň ýörite maksatly hasabyna geçirimler |
| 282443 | Türkmenistanyň pul ätiýaçlyk goruna geçirimeler |
| 282444 | Türkmenistanyň Altyn asyryny ösdürmegiň döwlet gaznasyna geçirimler |

## V. MALIÝE ÝAGDAÝY BARADA HASABATYŇ BÖLEKLERINIŇ HASABA ALYNÝAN HASAPLARY

### 3-nji bölek. AKTIWLER

84. "Aktiwler" bölegi 4 derejäni öz içine alýar:
61 uzak möhletli maliýe däl aktiwler;
62 uzak möhletli maliýe aktiwler;
61 gysga möhletli maliýe däl aktiwler;

62 gysga möhletli maliýe aktiwler.

## 61 UZAK MÖHLETLI MALIÝE DÄL AKTIWLER

85. 61 "Uzak möhletli maliýe däl aktiwler" dereje esasy serişdeleri, maddy däl aktiwleri, beýleki maliýe däl uzak möhletli aktiwleri, gymmatlyklary, öndürilmedik uzak möhletli aktiwleri hasaba almak üçin niýetlenendir.

86. Jikme-jik hasaba alnyşda uzak möhletli maliýe däl aktiwler işiň görnüşleri boýunça, ýagny, olaryň önümçilik, täjirçilik we dolandyryş ulgamlarynda peýdalanyşyna laýyklykda bölünip bilnerler.

### 611 Esasy gaznalar

87. **611 "Esasy gaznalar" kiçi dereje** üç topara bölünýär.

### 6111 "Jaýlar we desgalar"

88. **6111 "Jaýlar we desgalar" toparynyň hasaby** esasy serişdeler hökmünde hasaba alynýan jaýlary we desgalary hasaba almak üçin niýetlenýär. Mysal üçin:

oba hojalyk işine we mineral serişdeleri, nebiti, tebigy gazy we şoňa meňzeş gaýtadan döremeýän tebigy serişdeleri işläp taýýarlamak hukugyna gatnaşygy bolan biologik aktiwleri ösdürmek ýa-da saklamak üçin peýdalanylýan jaýlar we desgalar;

geljekde maýa goýum emlägi hökmünde peýdalanmak üçin gurulýan ýa-da durky täzelenýän, ýöne häzirki wagtda "maýa goýum emlägi" kesgitlemesine laýyk gelmeýän emläkler;

aşakdakylar ýaly bir ýa-da birnäçe häsiýeti bolanda esasy serişdeleriň obýektleri hökmünde ykrar edilýän amatlyklar aktiwleri:

ulgamyň ýa-da setiň bir bölegi bolup durýan bolsa;

ýöriteleşdirilen häsiýetde bolup, başga hili peýdalanylyp bilinmeýän bolsa;

gozgalmaýan emläk obýekti bolup durýan we satmak babatynda belli bir çäklendirmeleri bolup biljek desgalar. Ýollar, lagym ulgamlary, suw üpjünçilik, elektrik bilen üpjünçilik ulgamlary we kommunikasiýa ulgamlary amatlyklar aktiwleri bolup durýarlar;

daşky gurşawyň howpsuzlygyny we goragyny üpjün etmek üçin niýetlenen, ykdysady peýdalary göni artdyrmaýan, ýöne esasy serişdeleriň beýleki obýektlerinden şular ýaly peýdalary almak üçin zerur bolan desgalar.

89. 611143 "Jaýlary we desgalary abadanlaşdyrmak" hasaby hususy we kärendä alnan jaýlary we desgalary adababadanlaşdyrmak üçin maýalaşdyrylýan we soňundan ulanyş tutumy hasaplanýan harajatlary hasaba almak üçin niýetlenýär.

90. 611144 "Maýa goýum emlägi hökmünde hasaba alynýan jaýlar" hasaby subýektiň eýeçiliginde (ýa-da maliýe kärendesi şertnamasy boýunça subýektiň

ygtyýarynda) bolýan we bir ýa-da birnäçe amal kärendesi şertnamasy boýunça kärendä berlen jaýlary, şeýle hem häzirki wagtda boş duran, ýöne bir ýa-da birnäçe amal kärendesi şertnamasy boýunça kärendä bermek üçin niýetlenen jaýlary hasaba almak üçin niýetlenýär.

### 6112 "Maşynlar, enjamlar we gaýry esasy serişdeler"

91. **6112 "Maşynlar, enjamlar we gaýry esasy serişdeler" toparynyň hasaby** güýç maşynlaryny we enjamlaryny, ulag serişdelerini, iş maşynlaryny we enjamlaryny, ölçeýji gurallary, düzgünleşdiriji gurallary we abzallary, laboratoriýa enjamlaryny, kompýuter we edarada ulanylýan enjamlary, saglygy goraýyş enjamlaryny, mebelleri we edara esbaplaryny, gaýry esasy serişdeleri hasaba almak üçin niýetlenýär. Mysal üçin:

güýç maşynlary we enjamlary – ýylylyk we elektrik energiýasyny öndürýän öndüriji maşynlar we suwuň, ýeliň energiýasyny, şeýle hem ýylylyk we elektrik energiýasyny hereketiň mehaniki energiýasyna öwürýän hereketlendiriji maşynlar;

iş maşynlary we enjamlary – ýük we ýolagçy liftleri, önüm öndürmegiň we önümçilik häsiýetli hyzmat etmegiň barşynda zähmet predmetine mehaniki, termiki we himiki täsir etmek we önümçilik işiniň barşynda mehaniki hereketlendirijileriň kömegi bilen, adamyň we mallaryň güýji arkaly zähmet predmetini ondan-oňa geçirmek üçin niýetlenen maşynlar, gurallar we enjamlar;

ölçeýji gurallar – dozatorlar, ampermetrler, barometrler, wattmetrler, suw ölçeýjiler, wakuummetrler, waporimetrler, woltmetrler, beýikligi ölçeýjiler, galwanometrler, geodeziýa gurallary, gigroskoplar, indikatorlar, kompaslar, manometrler, hronometrler, ýörite tereziler, ölçeýjiler, kassa gurallary we beýleki ölçeýji gurallar;

düzgünleşdiriji gurallar we abzallar – kislorod-dem alyş gurallary, elektrik, pnewmatik we gidrawliki düzgünleşdiriji abzallar, awtomatiki dolandyryş pultlary, merkezleşdiriji we bloklaýjy gurallar, dispetçer gözegçiligi üçin ulgamlaýyn abzallar;

saglygy goraýyş enjamlary – diş bejerilýän kürsüler, operasiýa stollary, ýörite enjamly krowatlar, ýörite dezinfeksiýa we dezinseksiýa enjamlary, gan merkezlerinde ulanylýan enjamlar;

laboratoriýa enjamlary – pirometrler, düzgünleşdirijiler, kalorimetrler, çyglylygy kesgitlemek üçin gurallar, işläp saplaýan kublar, laboratoriýa koprlary, gazyň geçýändigini synag etmek üçin gurallar, nusgalaryň berkligini barlamak üçin gurallar, mikroskoplar, termostatlar, stabilizatorlar, çekmeli şkaflar we beýleki laboratoriýa enjamlary;

ulag serişdeleri – howa, demir ýol, suw, awtomobil ulaglarynyň hereket edýän düzümi (uçarlar, dikuçarlar, elektrowozlar, teplowozlar, motodrezinler, wagonlar, platformalar, sisternalar, teplohodlar, tirkeg gämileri, baržalar we barklar, gaýyklar we gulluk-kömekçi halas ediş gämileri, ýüzýän duralgalar, ýelkenli gämiler, ýük we ýeňil awtomobiller, tirkegler, ýüküni özi düşürýän awtomaşynlar,

awtosisternalar, awtobuslar, tirkeg çekiji traktorlar, ýük çekýän ulaglar (arabalar, sanilar), önümçilik ulaglary (elektrokarlar, motosikller, motorollerler, welosipedler, galtaklar, maýyplar üçin kolýaskalar), sport ulaglarynyň ähli görnüşleri;

kompýuter we edara enjamlary – şahsy kompýuterler, kalkulýatorlar, lazerli, matrisaly, reňkli printerler, skanerler we beýleki kompýuter enjamlary, nusga alyjy maşynlar, faks maşynlary, resminamalary ýok etmek üçin maşynlar, ýazuw maşynkasy, gektograflar, şapirograflar we beýleki el bilen işledilýän köpeldiji we belgileýji gurallar, telefon gurallary, wentilýatorlar we beýleki edara enjamlary;

mebel we edara esbaplary – uly mebel, garnitura mebeli, mebelleriň toplumy, tumbalar, dynç alyş burçy üçin mebeller, ondan-oňa geçirilýän germewler, asawaçlar, garderoblar, dürli şkaflar, diwanlar, stollar, oturgyçlar, kürsüler, kitap tekjeleri, ýanmaýan şkaflar we çelekler, seýfler, ondan-oňa göçirilýän öýler, çadyrlar (kislorodly çadyrlardan başga), krowatlar (ýörite enjamly krowatlardan başga), halylar, portýerler, žalýuzler, äpişge üçin gözenekler we beýleki hojalyk esbaplary, şeýle hem ýangyna garşy göreşde ulanylýan gurallar – gidropultlar, stenderler, el merdiwanlary we ş.m.;

gaýry esasy serişdeler – geçiriji abzallar, iş mallary (atlar, öküzler, düýeler, eşekler, sport we medeni çärelerde ulanylýan mallar, gulluk itleri), önümçilik we hojalyk maksatly gurallar, stadionlaryň, sport meýdançalarynyň we sport jaýlarynyň enjamlary (şol sanda sport snarýadlary), okuw mekdeplerinde otaglar we ussahanalar üçin enjamlar, kino gurallary, yşyklandyryjy gurallar, sahna üçin enjamlar, saz gurallary, telewizorlar, magnitofonlar, wideokameralar, öýjükli aragatnaşyk üçin gurallar, peýjerler, radio gurallary, döwletiň ylmy-barlag edaralarynyň, şeýle hem ylmy iş bilen meşgullanýan edaralaryň ýörite enjamlary, awtomobillerde hereket edýän ýangyna garşy göreş maşynlary, ýangyna garşy göreş awtosisternalary, ýangyn wagtynda ulanylsýan mehniki merdiwanlar, kir ýuwýan we tikin maşynlary, sowadyjylar, tozan sorujylar, howa sowadyjylar, mikrotolkunly ýyladyjylar, ok atýan ýaraglar, çapançalar we rewolwerler, awtomatik ýaraglar, mergenler üçin ýörite ýarag, polisiýanyň ýörite (aýratyn) maksatly ýaraglary, okuw we sport ýaragy, yşyk duýduryş serişdeleri, harby-inženerçilik emläkleri, harby-himiki emläk, optiki gurallar we ş.m.

92. Bir ýyldan gowrak wagtyň dowamynda peýdalanylar diýlip garaşylýan ätiýaçlyk gordaky enjamlaryň ätiýaçlyk şaýlary, şeýle hem diňe esasy serişdeleriň obýekti bilen baglanyşykly peýdalanylyp bilinjek ätiýaçlyklar we kömekçi enjamlar esasy serişdeler hökmünde ykrar edilýär we degişli hasaplarda hasaba alynýar.

93. Esasy serişdeleriň hasaba alynýan degişli hasaplarynyň her biri boýunça 611XXX50 "Toplanan ulanyş tutumy" hasaplary degişli esasy serişdeleriň toplanan ulanyş tutumyny hasaba almak üçin niýetlenýär.

## Esasy serişdeleriň hasaba alynýan hasaplaryny ulanmak

94. Subýekt esasy serişdeleriň esasy serişdeler hökmünde hasaba alynýan obýektleriniň gelip gowuşmagyny şu hasaplarda görkezýär:

| Debet | Kredit | Teswir |
|---|---|---|
| esasy serişdeleriň degişli hasaplary | 631851 "Üpjün edijilere we potratçylara gysga möhletli kreditor bergiler" hasaby | tölegi soňundan geçirmek şertlerinde esasy serişdeler satyn alnan halatynda |
| | 631945 "Geljek döwürleriň uzak möhletli girdejileri" hasaby | üçünji taraplar tarapyndan adalatly gymmaty boýunça muzdsuz bermegiň netijesinde, şeýle hem döwlet edaralarynyň arasynda balans gymmaty boýunça esasy serişdeleri bermegiň netijesinde alnan esasy serişdäni ykrar etmek, şunda onuň bilen bir wagtda "Toplanan ulanyş tutumynyň" degişli hasabynyň kredit bölegi boýunça toplanan ulanyş tutumynyň möçberine laýyklykda ýazgy edilýär |
| | 141544 "Uzak möhletli maliýe däl aktiwleriň muzdsyz almakdan alnan girdeji (peýda)" hasaby | haýyr-sahawat (hemaýatkärlik) kömeginiň netijesinde muzdsuz alnan esasy serişdäni ykrar etmek |
| | 800041 "Býujet serişdeleriniň hasabyna düýpli maýa goýumlary maliýeleşdirmek" hasaby | býujet maksatnamalarynyň bir dolandyryjysynyň garamagyndaky döwletiň býujet edaralarynyň arasynda ozal maliýeleşdirmegiň hasabyna (balans gymmaty boýunça) satyn alnan esasy serişdeleri bermegiň netijesinde, şunda onuň bilen bir wagtda "Toplanan ulanyş tutumynyň" degişli hasabynyň kredit bölegi boýunça toplanan ulanyş tutumynyň möçberine laýyklykda ýazgy edilýär |
| | 800051 "Esaslyk maýa" hasaby | esaslyk maýa gatanç hökmünde alnan esasy serişdäni ykrar etmek |

95. Esasy serişdeleri mundan beýläk hasaba almak üçin subýekt hakyky harajatlar boýunça hasaba alyş modelini ýa-da gaýtadan baha berlen gymmaty boýunça hasaba alyş modelini ulanýar we bu modeli "Esasy gaznalar" kiçi derejäniň ähli topary babatynda ulanýar.

96. Hakyky harajatlar boýunça hasaba alyş modeli ulanylanda, esasy serişde hökmünde ykrar edilenden soň, hasaba almak toplanan ulanyş tutumyny we gymmatyň gaçmagyndan çekilen islendik toplanan ýitgileri aýyrmak bilen, onuň özüne düşýän gymmaty boýunça geçirilýär. Şunda esasy serişdeleriň gymmatynyň gaçmagyndan çekilen ýitgiler şu hasaplarda görkezilýär:

| Debet | Kredit | Teswir |
|---|---|---|
| 281902 "Uzak möhletli maliýe däl aktiwleriň gymmatynyň gaçandygy üçin çykdajylar (ýitgiler)" hasaby | esasy serişdeleriň degişli hasaby | esasy serişdeleriň gymmatynyň gaçmagy |

97. Soňundan, geçen hasabat döwürlerinde ykrar edilen jaýlaryň we desgalaryň (esasy serişdeleriň) gymmatynyň gaçmagyndan çekilen ýitgileri rewersirlemek görkezilende şu hasaplar peýdalanylýar:

| Debet | Kredit | Teswir |
|---|---|---|
| esasy serişdeleriň degişli hasaby | 281902 "Uzak möhletli maliýe däl aktiwleriň gymmatynyň gaçandygy üçin çykdajylar (ýitgiler)" hasaby | hasabat döwürlerinde ykrar edilen esasy serişdeleriň gymmatynyň gaçmagyndan çekilen ýitgileri rewersirlemek |

98. Gaýtadan baha berlen gymmat boýunça hasaba alyş modeli ulanylanda, esasy serişde hökmünde ykrar edilenden soň, adalatly gymmatyna ygtybarly baha berip boljak obýekti hasaba almak onuň gaýtadan baha berlen gymmaty boýunça geçirilýär, bu gymmat soňundan toplanan islendik ulanyş tutumyny we gymmatyň gaçmagynyň netijesinde soňundan toplanan ýitgileriň aýyrmak bilen, gaýtadan baha berlen senesindäki adalatly gymmaty görkezýär.

99. Gaýtadan baha bermegi geçirmegiň netijesinde esasy serişdeleriň balans gymmatynyň artyşy şu hasaplarda görkezilýär:

| Debet | Kredit | Teswir |
|---|---|---|
| esasy serişdeleriň degişli hasaby | 800072 "Esasy serişdelere gaýtadan baha bermek üçin ätiýaçlyk gory" hasaby | esasy serişdeleriň gymmatynyň artdyrylan bahasynyň möçberine görä ýokarlandyrmak |

100. Eger ozal esasy serişdeleriň şol bir obýektine gaýtadan baha bermekden gymmatyň peselmegi ykrar edilen bolsa, onda şu obýektiň gymmatynyň artmagy ozal şol obýekte gaýtadan baha bermekden gymmatyň peselmeginiň maliýe netijesiniň düzüminde ykrar edilen möçberini dikeldýän derejede şu ýylyň maliýe netijesine degişli edilýär:

| Debet | Kredit | Teswir |
|---|---|---|
| esasy serişdeleriň degişli hasaby | 141545 "Maýa goýum emläginden başga, uzak möhletli maliýe däl aktiwleriň gymmatynyň gaçmagyndan çekilen ýitgini dikeltmekden alnan girdeji (peýda)" hasaby | ozal gymmatyň gaçmagyndan çekilen ýitgä degişli edilen pul möçberiniň çäklerinde artdyrylan gymmatynyň möçberine görä |
| | 800072 "Esasy serişdelere gaýtadan baha bermek üçin ätiýaçlyk gory" hasaby | ozal gymmatyň gaçmagyndan çekilen ýitgä degişli edilen we "Girdejiler" hasabynyň üstünden dikeldilen pul möçberinden ýokary bolan artdyrylan gymmatynyň möçberine görä |

101. Eger esasy serişdeleriň obýektiniň balans gymmaty gaýtadan baha bermegiň netijesinde azalýan bolsa, onda şunuň ýaly azalan pul möçberi şu ýylyň maliýe netijesinde görkezilýär. Emma bu azalma "Esasy serişdelere gaýtadan baha bermek üçin ätiýaçlyk gory" (arassa aktiwler/maýa) hasabyna, eger ol bar bolsa, bar bolan kredit galyndysynyň möçberinde degişlidir:

| Debet | Kredit | Teswir |
|---|---|---|
| 800072 "Esasy serişdelere gaýtadan baha bermek üçin ätiýaçlyk gory" hasaby | esasy serişdeleriň degişli hasaby | "Esasy serişdelere gaýtadan baha bermek üçin ätiýaçlyk gory" hasaby boýunça kredit galyndysynyň çäklerinde arzanladylan möçbere görä |
| 281902 "Uzak möhletli maliýe däl aktiwleriň gymmatynyň gaçandygy üçin çykdajylar (ýitgiler)" hasaby | | "Esasy serişdelere gaýtadan baha bermek üçin ätiýaçlyk gory" hasaby boýunça kredit galyndysyndan ýokary arzanladylan möçbere görä |

102. Esasy serişdeleriň obýekti gaýtadan bahalandyrylanda gaýtadan bahalandyrylan senesindäki ýagdaýa görä toplanan islendik ulanyş tutumy:

ýa aktiwiň balans gymmatynyň üýtgeýşine deň ölçeglilikde gaýtadan hasaplanýar (aktiwiň ilkibaşky gymmaty we toplanan ulanyş tutumynyň möçberi gaýtadan bahalandyrylan gymmatyň gaýtadan bahalandyrylmazyndan öňki balans gymmatyna gatnaşygyna deň bolan şol bir koeffisiýente köpelýär (azalýar)):

| Debet | Kredit | Teswir |
|---|---|---|
| 800072 "Esasy serişdelere gaýtadan | 6111XX50 "Toplanan ulanyş tutumy" degişli | gaýtadan bahalandyrmagyň netijesinde esasy serişdäniň |

| | | |
|---|---|---|
| baha bermek üçin ätiýaçlyk gory" hasaby | hasaby | gymmaty artanda toplanan ulanyş tutumyna girizilen düzedişiň pul möçberi |
| 6111XX50 "Toplanan ulanyş tutumy" degişli hasaby | 800072 "Esasy serişdelere gaýtadan baha bermek üçin ätiýaçlyk gory" hasaby | gaýtadan bahalandyrmagyň netijesinde esasy serişdäniň gymmaty azalanda toplanan ulanyş tutumyna girizilen düzedişiň pul möçberi |

ýa-da esasy serişdäniň balans gymmaty kesgitlenýär, ol aktiwiň gaýtadan bahalandyrylan gymmatyna çenli gaýtadan hasaplanýar:

| Debet | Kredit | Teswir |
|---|---|---|
| 6111XX50 "Toplanan ulanyş tutumy" degişli hasaby | esasy serişdeleriň degişli hasaby | toplanan ulanyş tutumyna düzediş girizmek |
| esasy serişdeleriň degişli hasaby | 800072 "Esasy serişdelere gaýtadan baha bermek üçin ätiýaçlyk gory" hasaby | esasy serişdäniň adalatly gymmatyna çenli gymmatynyň artdyrylan möçberine görä |
| 800072 "Esasy serişdelere gaýtadan baha bermek üçin ätiýaçlyk gory" hasaby ýa-da (we)<br><br>281902 "Uzak möhletli maliýe däl aktiwleriň gymmatynyň gaçandygy üçin çykdajylar (ýitgiler)" hasaby | esasy serişdeleriň degişli hasaby | esasy serişdäniň adalatly gymmatyna çenli arzanladylan möçberine görä |

103. Eger esasy serişdeleriň obýektini ulanmagy dowam etmek ýetmezçilikleri ýüze çykarmak üçin yzygiderli düýpli tehniki barlaglary geçirmek bilen şertlendirilen bolsa, bu obýektiň bölekleriniň çalşylandygyna ýa-da çalşylmandygyna garamazdan, tehniki barlagyň gymmaty degişli obýektiň balans gymmatynda ykrar edilýär:

| Debet | Kredit | Teswir |
|---|---|---|
| esasy serişdeleriň degişli hasaby | 611344 "Tamamlanmadyk gurluşyk" hasaby | düýpli tehniki barlaglary geçirmek üçin çykdajylaryň möçberi |

104. Gaýtadan baha berlen esasy serişdeleriň ulanylyşyna görä, artdyrylan gymmatynyň pul möçberi maliýe netijesine hasapdan öçürilýär:

| Debet | Kredit | Teswir |
|---|---|---|
| 800072 "Esasy serişdelere gaýtadan baha bermek üçin ätiýaçlyk gory" hasaby | 800082"Hasabat döwrüniň paýlanmadyk peýdasy (ýitgisi)" hasaby | peýdalanyşyna görä artdyrylan gymmatynyň pul möçberiniň böleklerini hasapdan öçürmek |

105. Esasy serişdeleriň çykyp giden ýagdaýynda artdyrylan gymmatynyň pul möçberiniň ulanylýan döwründe maliýe netijesine geçirilmedik galyndysyny hasapdan öçürmek geçirilýär:

| Debet | Kredit | Teswir |
|---|---|---|
| 800072 "Esasy serişdelere gaýtadan baha bermek üçin ätiýaçlyk gory" hasaby | 800082 "Hasabat döwrüniň paýlanmadyk peýdasy (ýitgisi)" hasaby | esasy serişdeler çykyp gidende artdyrylan gymmatynyň pul möçberiniň galyndysyny hasapdan öçürmek |

106. Esasy serişdeleriň çykyp gitmegi şu hasaplarda görkezilýär:

<table>
<tr><th>Debet</th><th>Kredit</th><th>Teswir</th></tr>
<tr><td>6111XX50 "Toplanan ulanyş tutumy" degişli hasaby</td><td>esasy serişdeleriň degişli hasaby</td><td rowspan="3">çykyp gitmeden peýda almak bilen ýerlemegiň, muzdsyz bermegiň (çalyşmagyň) netijesinde esasy serişdeleriň çykyp gitmegi</td></tr>
<tr><td rowspan="2">6218, 6228 "Uzak/gysga möhletli debitor algylar" toparyň degişli hasaby</td><td>esasy serişdeleriň degişli hasaby</td></tr>
<tr><td>141546 "Maýa goýum emläginden başga, uzak möhletli maliýe däl aktiwleriň çykyp gitmeginden alnan girdeji" hasaby</td></tr>
<tr><td>6111XX50 "Toplanan ulanyş tutumy" degişli hasaby</td><td rowspan="2">esasy serişdeleriň degişli hasaby</td><td rowspan="2">çykyp gitmeden ýitgi çekmek bilen ýerlemegiň, muzdsyz bermegiň (çalyşmagyň) netijesinde esasy</td></tr>
<tr><td>6218, 6228 "Uzak/gysga möhletli debitor algylar" toparyň degişli hasaby</td></tr>
</table>

| | | |
|---|---|---|
| 281901 "Uzak möhletli maliýe däl aktiwleriň çykyp gidendigi üçin çykdajylar (ýitgiler)" hasaby | | serişdeleriň çykyp gitmegi |
| 6111XX50 "Toplanan ulanyş tutumy" degişli hasaby | esasy serişdeleriň degişli hasaby | çykyp gitmeden ýitgini ykrar etmek bilen hasapdan öçürmegiň, mugt bermegiň netijesinde aktiwiň çykyp gitmegi |
| 281901 "Uzak möhletli maliýe däl aktiwleriň çykyp gidendigi üçin çykdajylar (ýitgiler)" hasaby | | |

107. Esasy serişdeleri ýok etmekden alnan materiallaryň we şaýlaryň gymmatyny girdeji etmek şunuň ýaly görkezilýär:

| Debet | Kredit | Teswir |
|---|---|---|
| 612 "Maddy we dolanyşyk serişdeleriň ätiýaçlyklary" kiçi derejäniň degişli hasaby | 141549 "Uzak möhletli maliýe däl aktiwlere eýeçilik etmekden alnan gaýry girdeji" hasaby | esasy serişdeleri ýok etmekden alnan materiallary we şaýlary girdeji etmekden alnan girdeji |

108. Uzak möhletli maliýe däl aktiwleri üçünji taraplara kärendä bermekden alnan girdejiler girdejileriň şu hasaplarynda görkezilýär:

| Debet | Kredit | Teswir |
|---|---|---|
| 6218, 6228 "Uzak/gysga möhletli debitor algylar" toparynyň degişli hasaby | 141541 "Maliýe kärendesi şertnamalary boýunça hak-heşdekler görnüşinde girdeji" hasaby | esasy serişdeleri üçünji taraplara kärendä bermekden alnan girdejiler |
| | 141542 "Şertnama borçnamalarynyň bozulandygy üçin puşmana pullaryny we jerimeleri goşmak bilen, amal kärendesi şertnamalary boýunça girdeji" hasaby | |

109. Esasy serişdeleriň gymmatyny döwürleýin hasapdan öçürmek şu görnüşde amala aşyrylýar:

| Debet | Kredit | Teswir |
|---|---|---|
| 2311 "Ulanyş tutumy boýunça çykdajylar" | "Toplanan ulanyş tutumy" degişli hasaby | ulanyş tutumyny hasaplap ýazmak |

| | | |
|---|---|---|
| toparynyň degişli hasaby<br><br>800041 "Býujet serişdeleriniň hasabyna düýpli maýa goýumlary maliýeleşdirmek" hasaby | 146142 "Düýpli maýa goýumlary maliýeleşdirmekden alnan girdejiler" hasaby | şol bir wagtyň özünde düýpli goýumlary maliýeleşdirmegiň sarp edilişinden alnan girdejini ykrar etmek babatynda ikinji ýazgy amala aşyrylýar (býujet edaralar üçin) |

110. Esasy serişdelerden tapawutlylykda maýa goýum emlägi hökmünde hasaba alynýan jaýlaryň balans gymmatynyň gaýtadan baha bermegi geçirmegiň netijesinde ýokarlanmagy şu hasaplarda görkezilýär:

| Debet | Kredit | Teswir |
|---|---|---|
| 611144 "Maýa goýum emlägi hökmünde hasaba alynýan jaýlar" hasaby | 141547 "Maýa goýum emläginiň adalatly gymmatynyň üýtgemeginden alnan girdeji (peýda)" hasaby | adalatly gymmatyna çenli gaýtadan baha bermegiň netijesinde maýa goýum emläginiň balans gymmatynyň artmagy |

111. Maýa goýum emlägi hökmünde hasaba alynýan jaýlaryň çykyp gitmeden peýda almak bilen ýerlemegiň, muzdsyz bermegiň (çalyşmagyň) netijesinde çykyp gitmegi şu hasaplarda görkezilýär:

| Debet | Kredit | Teswir |
|---|---|---|
| 6218, 6228 "Uzak/gysga möhletli debitor algylar" toparyna degişli hasap | 611144 "Maýa goýum emlägi hökmünde hasaba alynýan jaýlar" hasaby | çykyp gitmeden peýda almak bilen ýerlemegiň, muzdsyz bermegiň (çalyşmagyň) netijesinde çykyp gitmegi |
| | 141548 "Maýa goýum emläginiň çykyp gitmeginden alnan girdeji" hasaby | |

**6113 "Beýleki uzak möhletli maliýe däl aktiwler"**

112. **6113 "Beýleki uzak möhletli maliýe däl aktiwler" toparyň hasaplary** esasy serişdeler bolup durmaýan uzak möhletli aktiwleri hasaba almak üçin niýetlenendir.

113. **611341 "Maddy däl aktiwler"** hasaby bir ýyldan köp hyzmat edýän, fiziki göwrümi bolmadyk aktiwleri aýratyn hasapiçi hasaplarda görkezmek bilen hasaba almak üçin niýetlenendir:

programma üpjünçiligi - kompýuter programma üpjünçiligi we maglumatlar binýady, ulgamlaýyn, standart we amaly programma serişdeleri, kompýuter programmalary, programmalaryň beýany we subýektiň öz içinde bir ýyldan köp peýdalanmagy göz öňünde tutýan ulgamlaýyn we amaly programma üpjünçiligi üçin kömekçi materiallar, programma arkaly dolandyrylýan maşynlaryň we enjamlaryň kompýuter programma üpjünçiligi, kompýuteriň amallar ulgamy muňa girmeýär;

awtorlyk hukuklary – edebiýat we sungat eserleriniň asyl nusgalaryna awtorlyk hukuklary, asyl nusgalar olary döreden adamlara degişli bolup, olara awtorlyk hukugy, patent, ygtyýarnama ýa-da gizlinlik hukugy görnüşinde hukuk ýa-da hakyky eýeçilik hukugy bellenýär. Mysal üçin: filmleriň, ses ýazgylarynyň, golýazmalaryň, teatrda goýlan oýunlaryň ýazylan ýa-da beýan edilen magnit lentalary, radio we telewizion gepleşikler, aýdym-sazly tomaşalar, sport ýaryşlary, edebiýat we sungat eserleri, şeýle hem özüniň peýdalanmagy üçin döredilen eserler;

ygtyýarnama ylalaşyklary – ygtyýarnama ylalaşyklaryndan peýdalanmak hukugy, hukuk ýa-da hasaba alyş hereketleri bilen tassyklanmadyk obýektlerden başga, ýerden, suwdan, gazylyp alynýan peýdaly magdanlardan we beýleki tebigy serişdelerden, jaýlardan, desgalardan, enjamlardan peýdalanmak hukugy;

patentler – oýlap tapyş, peýdaly modeller, sungat nusgalary, integral mikroshemalaryň topologiýasy, seleksiýa üstünlikleri we hukuk ýa-da hasaba alyş hereketleri bilen tassyklanmadyk beýleki obýektler üçin patentden peýdalanmaga hukuk üçin töleg;

gudwil – gudwiliň bolmagy we hereketi bilen baglanyşykly amallar.

114. **61134150 "Maddy däl aktiwleriň toplanan ulanyş tutumy"** hasaby maddy däl aktiwleriň toplanan ulanyş tutumyny hasaba almak üçin niýetlenýär.

115. **611342 "Işläp taýýarlamalar üçin harajatlar"** hasaby işläp taýýarlamalar döwründe maddy däl aktiwlere maýalaşdyrylýan maýa goýumlary hasaba almak üçin niýetlenýär.

116. **611343 "Biologik aktiwler"** hasaby biologik aktiwleri aýratyn hasapiçi hasaplarda hasaba almak üçin niýetlenýär:

mallar (önüm berýän we tohumlyk) - sygyrlar, höwür öküzler, höwür atlar we sürüde saklanýan tohum baýtallar, höwür düýeler we ene düýeler, höwürlik erkek doňuzlar we ene doňuzlar, ene goýunlar, geçiler, goýunlar, guşlar, arylar we ş.m.;

köpýyllyk ekinler (kärhananyň esasy amal işine degişli bolmadyk, Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda seýilgäh zolaklarynda, Köpetdagyň eteginde we başga ýerlerde ösdürilýän köp ýyllyk ekinler muňa girmeýär) – olaryň ýaşyna garamazdan emeli usulda ösdürilip ýetişdirilen köpýyllyk ekinler, miwe-ir-iýmiş berýän ähli görnüşdäki ekinler (baglar, gyrymsy agaçlar), ekmek üçin material hökmünde nahalhanalarda ösdürilip ýetişdirilýän köpýyllyk ekinler. Ähli görnüşlerdäki ýaş ekinler miwe berip başlan, başy gürelip ugran ekinlerden aýratynlykda hasaba alynýar.

117. **611344 "Tamamlanmadyk gurluşyk"** hasaby tamamlanmadyk gurluşygy we maýa goýumlary hasaba almak üçin niýetlenýär, onda tamamlanmadyk we ulanmaga berilmedik gurluşyk desgalary boýunça (jaýlary we desgalary gurmak, esasy serişdeleriň durkuny täzelemek, enjamlary gurnamak we ş.m. boýunça) harajatlar hasaba alynýar.

118. **611345 "Gaýry uzak möhletli maliýe däl aktiwler"** hasaby öňki hasaplara goşulmadyk gaýry uzak möhletli aktiwleri hasaba almak üçin niýetlenýär.

119. **61134550 "Gaýry uzak möhletli maliýe däl aktiwleriň toplanan ulanyş tutumy"** hasaby gaýry uzak möhletli maliýe däl aktiwleriň öňki hasaplara goşulmadyk toplanan ulanyş tutumyny hasaba almak üçin niýetlenýär.

## Uzak möhletli maliýe däl aktiwleri hasaba almak üçin hasaplary ulanmak

120. Maddy däl aktiwler we gaýry uzak möhletli maliýe däl aktiwler bilen amallary hasaba almak esasy serişdeleriň hasaba alnyşy ýaly amala aşyrylýar.

121. Biologik aktiwleri soňundan hasaba almak üçin subýekt adalatly gymmaty boýunça hasaba alyş modelini ulanýar:

| Debet | Kredit | Teswir |
|---|---|---|
| 281902 "Uzak möhletli maliýe däl aktiwleriň gymmatynyň gaçandygy üçin çykdajylar (ýitgiler)" hasaby | 611343 "Biologik aktiwler" hasaby | biologik aktiwleriň adalatly gymmatynyň azalan möçberi |
| 611343 "Biologik aktiwler" hasaby | 281902 "Uzak möhletli maliýe däl aktiwleriň gymmatynyň gaçandygy üçin çykdajylar (ýitgiler)" hasaby | ozal ykrar edilen azalan möçberi rewersirlemek |
| 611343 "Biologik aktiwler" hasaby | 141543 "Uzak möhletli maliýe däl aktiwleriň adalatly gymmatynyň üýtgemeginden alnan girdeji (peýda)" hasaby | biologik aktiwleriň adalatly gymmatynyň artmagy |

122. 611344 "Tamamlanmadyk gurluşyk" hasaby uzak möhletli maliýe däl aktiwleriň desgalaryny gurup gutarmak, doly enjamlaşdyrmak, durkuny täzelemek, abatlamak boýunça işler geçirilende çekilen, maýalaşdyrylýan harajatlary hasaba almak üçin niýetlenýär.

123. Geljekki ykdysady peýdalary artdyrýan maýalaşdyrylýan harajatlara:

uzak möhletli maliýe däl aktiwleriň desgalarynyň peýdaly ulanylýan möhletini uzaltmak (onuň kuwwatlylygyny ýokarlandyrmagy goşmak bilen) üçin

modifisirlemek;

önümiň hilini has gowulandyrmak üçin maşynlaryň böleklerini kämilleşdirmek;

bu desganyň bölekleriniň çalşylandygyna ýa-da çalşylmandygyna garamazdan, ýetmezçilikleri ýüze çykarmak üçin düýpli tehniki barlag geçirmek;

ozal kesgitlenen harajatlary ep-esli azaltmaga mümkinçilik berýän täze önümçilik düzgünlerini ornaşdyrmak üçin harajatlar mysal bolup biler.

124. Subýekt maýalaşdyrylýan harajatlary hakyky harajatlar boýunça şu hasaplarda görkezýär:

| Debet | Kredit | Teswir |
|---|---|---|
| 611344 "Tamamlanmadyk gurluşyk" hasaby | çekilen harajatlaryň degişli hasaby | degişli çykdajylaryň möçberi |

125. Gurluşygy tamamlanan we kabul ediş ykrar hatynyň esasynda ulanmaga berlen gurluşyk desgalary olar üçin geçirilen harajatlaryň doly möçberinde degişli uzak möhletli maliýe däl aktiwleriň hasaba alynýan hasabyna degişli edilýär, şunda şular ýaly ýazgy geçirilýär:

| Debet | Kredit | Teswir |
|---|---|---|
| 61 "Uzak möhletli maliýe däl aktiwler" derejäniň degişli hasaby | 611344 "Tamamlanmadyk gurluşyk" hasaby | uzak möhletli maliýe däl aktiwler boýunça maýalaşdyrylýan harajatlaryň möçberi |

126. Desganyň tehniki ýagdaýyny saklamak maksady bilen geçirilen, uzak möhletli maliýe däl aktiwleriň desgalaryna hyzmat etmek üçin gündelik harajatlar ilkibaşky gymmaty artdyrmaýar-da, olaryň ýüze çykan pursatynda gündelik çykdajylar hökmünde ykrar edilýär.

127. Abatlamak we hyzmat etmek üçin gündelik çykdajylaryň hasapdan öçürilişi şu ýazgylar bilen görkezilýär:

| Debet | Kredit | Teswir |
|---|---|---|
| çekilen çykdajylaryň degişli hasaby | 612 "Maddy we dolanyşyk serişdeleriň ätiýaçlyklary" kiçi derejäniň degişli hasaplary we (ýa-da) 631851 "Üpjün edijilere we potratçylara gysga möhletli kreditor bergiler" | uzak möhletli maliýe däl aktiwleri abatlamak we olara hyzmat etmek üçin gündelik çykdajylar |

## 613 Gymmatlyklar we kitaphana gaznasy

128. 613 "Gymmatlyklar we kitaphana gaznasy" kiçi dereje özüniň medeni, ekologiýa ýa-da taryhy ähmiýeti bilen baglanyşykly medeni miras aktiwleri bolup durýan aktiwleri we kitaphana gaznasyny hasaba almak üçin niýetlenýär.

a) 613001 "Medeni miras gymmatlyklary" hasapda taryhy-medeni mirasyň gozgalýan hem-de gozgalmaýan obýektleri hasaba alynýar:

**gozgalmaýan obýektler:**

taryhy ýadygärlikler: halkyň durmuşynda möhüm taryhy wakalar, jemgyýetiň we döwletiň, ylmyň we tehnikanyň ösüşi we halklaryň durmuşy, şeýle hem tanymal adamlaryň ömri bilen baglanyşykly jaýlar, desgalar, memorial ýerler;

arheologik ýadygärlikler: gowaklar, düşelgeler, gadymy şäher harabaçylygy, gadymy obalaryň, berkitmeleriň, ýerüsti we suwasty fortifikasiýa desgalarynyň galyndylary, gadymy önümçilikler we känler, akabalar we suwaryş ulgamlary, ýollar we köprüler, aýratyn duran depeler we nekropollar, gaýanyň ýüzündäki şekiller we gaýanyň ýüzündäki epigrafika;

şähergurluşyk we arhitektura ýadygärlikleri: arhitektura ansambllary we toplumlary, taryhy merkezler, çärýekler, köçeler, şäherleriň we beýleki ilatly ýerleriň gadymy ýerleşen ýerleriniň galyndylary, raýat, senagat, harby, dini däp-dessur arhitekturasynyň, halk binagärliginiň desgalary, şeýle hem olar bilen baglanyşykly monumental, şekillendiriş, bezeg-amaly-haşam, bag-seýilgäh eserleri we sungatyň beýleki görnüşleriniň eserleri;

**gozgalýan obýektler:**

ýeke-täk (seýrek) obýektler: arheologik tapyndylar, gadymy zatlar, şaýy pullar, gozgalmaýan ýadygärlikleriň bölünýän bölekler, antropologiýa we etnologiýa materiallary, taryhy relikwiýalar, çeper eserler (žiwopis, grafika, amaly sungat, kino sungaty we surat almak), milli arhiw gaznasynyň düzümine girýän resminama ýadygärlikleri, golýazmalar, maşynkada ýazylan, grafika resminamalary kino, foto, wideo we ses ýazgylary, şeýle hem seýrek duşýan çap edilen neşirler;

toplumlaýyn obýektler: görkezilen ýeke-täk (seýrek) obýektleriň bir bitewilik hökmünde taryhy emele gelen toplumlary, gaznalary we kolleksiýalary, şeýle hem taryhy ähmiýeti bolan tebigy-ylmy gymmatlyklaryň (bitewi hökmünde) toplumlary, gaznalary we kolleksiýalary.

Gymmatlyklary hasaba almak boýunça hasaplaryň gatnaşygy uzak möhletli maliýe däl aktiwleri hasaba almak boýunça hasaplaryň gatnaşygyna laýyklykda amala aşyrylýar.

b) 613002 "Kitaphana gaznasy" hasapda kitaplaryň bahasyna bagly bolmazdan kitaphana gaznalary hasaba alynýar. Kitaphana gaznasyna ylmy, çeperçilik we okuw edebiýaty, edebiýatyň ýörite görnüşleri we beýleki neşirler degişlidir.

## 62 UZAK MÖHLETLI MALIÝE AKTIWLER

129. Uzak möhletli maliýe aktiwleri olaryň emele getirilýän çeşmesine baglylykda içerki we daşarky maliýe aktiwlerine bölünýär, olar şu hasaplarda hasaba alynýar:

**621 "Içerki uzak möhletli maliýe aktiwler" kiçi dereje** - Türkmenistanyň içerki bazarynda ýerleşdirilen maliýe aktiwleri;

**622 "Daşarky uzak möhletli maliýe aktiwler" kiçi dereje -** daşarky bazarda (Türkmenistanyň çäklerinden daşarda) ýerleşdirilen maliýe aktiwleri.

### 621 Içerki uzak möhletli maliýe aktiwler

130. **621 "Içerki uzak möhletli maliýe aktiwler" kiçi dereje** maliýe aktiwleriniň alty toparyny öz içine alýar.

### 6212 Uzak möhletli depozitler we ýörite hasaplar

131. **6212 "Uzak möhletli depozitler we ýörite hasaplar" toparynyň hasaplary** hasabat senesinden soň bir ýyldan gowrak wagtyň dowamynda peýdalanylmagy çäklendirilen, Türkmenistanyň ýerli banklarynda we edaralarynda milli puldaky we daşary ýurt pulundaky pul depozitlerini hasaba almak üçin niýetlenýär.

### 6213 Paýnamalardan başga gymmatly kagyzlara uzak möhletli maýa goýumlar

132. **6213 "Paýnamalardan başga gymmatly kagyzlara uzak möhletli maýa goýumlar"toparyň hasaplary** emitenti Türkmenistanyň dahyllysy bolan edara görnüşli (şahsy) tarap bolup duran, üzülmeli möhleti bir ýyldan ýokary bergileriň gymmatly kagyzlaryna (wekseller, obligasiýalar) uzak möhletli maliýe maýa goýumlarynyň galyndylary we hereketi hakyndaky maglumatlary hasaba almak niýetlenýär.

133. Paýnamalardan başga gymmatly kagyzlara (we maýa gatnaşma paýyna) goýlan içerki maliýe maýa goýumlarynyň topara bölünişine baglylykda, olaryň hasaba alnyşy şu hasaplarda görkezilýär:

| **Hasabyň belgisi** | **Ady** | **Teswir** |
|---|---|---|
| **Üzülýänçä saklanýan hökmünde topara bölünen içerki maliýe maýa** | | |

| Hasabyň belgisi | Ady | Teswir |
|---|---|---|
| goýumlary | | |
| 621341 | Üzülýänçä saklanýan uzak möhletli maýa goýumlar | debet boýunça satyn alnan (gelip gowşan) gymmatly kagyzlaryň nominal gymmaty hasaba alynýar<br>kredit boýunça ýerlenen ýa-da başga hili çykyp giden ýagdaýynda gymmatly kagyzlaryň nominal gymmaty hasapdan öçürilýär |
| 62134150 | Üzülýänçä saklanýan gymmatly kagyzlar boýunça ulanyş tutumy hasaplanmadyk diskont (baýrak) | debet boýunça satyn alnan gymmatly kagyzlaryň hakyky gymmaty bilen nominal gymmatynyň arasyndaky oňyn tapawut (baýrak) hasaba alynýar<br>kredit boýunça satyn alnan gymmatly kagyzlaryň nominal gymmaty bilen hakyky gymmatynyň arasyndaky oňyn tapawut (diskont) hasaba alynýar<br>diskont (baýrak) degişli göterim girdejileri hasabynyň krediti (ýa-da debeti) boýunça hasapdan öçürilýär (ulanyş tutumy hasaplanýar) |
| **Ýerlemek üçin niýetlenen içerki maliýe maýa goýumlary** | | |
| 621342 | Ýerlemek üçin niýetlenen uzak möhletli maýa goýumlar | debet boýunça satyn alnan (gelip gowşan) gymmatly kagyzlaryň nominal gymmaty hasaba alynýar<br>kredit boýunça ýerlenen ýa-da başga hili çykyp giden ýagdaýynda gymmatly kagyzlaryň nominal gymmaty hasapdan öçürilýär, şeýle hem eger hasabat senesindäki ýagdaýa görä olaryň adalatly bazar gymmaty bazar gymmatyndan düýpli peselen bolsa, gymmatly kagyzlaryň gaçan gymmaty hasaba alynýar |

| | | |
|---|---|---|
| **Paýnamalardan başga gaýry gymmatly kagyzlara içerki maliýe maýa goýumlary** | | |
| 621344 | Paýnamalardan başga gaýry gymmatly kagyzlara uzak | debet boýunça satyn alnan (gelip gowşan) gymmatly kagyzlaryň nominal gymmaty hasaba alynýar<br>kredit boýunça ýerlenen ýa-da başga hili çykyp |

| | | |
|---|---|---|
| | möhletli maýa goýumlar | giden ýagdaýynda gymmatly kagyzlaryň nominal gymmaty hasapdan öçürilýär, şeýle hem eger hasabat senesindäki ýagdaýa görä olaryň adalatly bazar gymmaty bazar gymmatyndan düýpli peselen bolsa, gymmatly kagyzlaryň gaçan gymmaty hasaba alynýar |
| 62134450 | Gaýry gymmatly kagyzlar boýunça ulanyş tutumy hasaplanmadyk diskont (baýrak) | debet boýunça baýrak hasaba alynýar<br>kredit boýunça diskont hasaba alynýar<br>diskont (baýrak) degişli göterim girdejileriniň hasabynyň krediti (debeti) boýunça hasapdan öçürilýär (ulanyş tutumy hasaplanýar) |

134. Paýnamalardan başga gymmatly kagyzlara uzak möhletli içerki maliýe maýa goýumlardan gelýän maýa goýum girdejisi şu hasaplarda hasaba alynýar:

| Debet | Kredit | Teswir |
|---|---|---|
| 621356 "Paýnamalardan başga gymmatly kagyzlara goýlan maýa goýumlar boýunça alynmaga degişli gysga möhletli hak-heşdekler" hasaby | 141143 "Paýnamalardan başga bergileriň gymmatly kagyzlaryna maýa goýumlar boýunça hak-heşdek görnüşinde girdeji" hasaby | bergileriň gymmatly kagyzlaryna maýa goýumlar boýunça almak üçin hasaplanyp ýazylan maýa goýum girdejisi |
| "Paýnamalardan başga gymmatly kagyzlar boýunça ulanyş tutumy hasaplanmadyk diskont (baýrak)" degişli hasaby | 141143 "Paýnamalardan başga bergileriň gymmatly kagyzlaryna maýa goýumlar boýunça hak-heşdek görnüşinde girdeji" hasaby | paýnamalardan başga gymmatly kagyzlar boýunça diskontyň ulanyş tutumy |
| 141143 "Paýnamalardan başga bergileriň gymmatly kagyzlaryna maýa goýumlar boýunça hak-heşdek görnüşinde girdeji" hasaby | "Paýnamalardan başga gymmatly kagyzlar boýunça ulanyş tutumy hasaplanmadyk diskont (baýrak)" degişli hasaby | paýnamalardan başga gymmatly kagyzlar boýunça baýragyň ulanyş tutumy |

135. Paýnamalardan başga gymmatly kagyzlara goýlan maliýe maýa goýumlarynyň gymmatynyň gaçan halatynda maliýe aktiwleriniň gymmatynyň gaçmagyndan çekilen ýitgiler şu hasaplarda ykrar edilýär:

| Debet | Kredit | Teswir |
|---|---|---|

| | | |
|---|---|---|
| 281904 "Maliýe aktiwleriniň gymmatynyň gaçandygy üçin çykdajylar (ýitgiler)" hasaby<br>ýa-da<br>800071 "Gymmatly kagyzlara goýlan maýa goýumlara gaýtadan baha bermek üçin ätiýaçlyk gory" | 6213 "Paýnamalardan başga gymmatly kagyzlara uzak möhletli maýa goýumlar" toparynyň hasaby | paýnamalardan başga gymmatly kagyzlara goýlan maýa goýumlaryň gymmatynyň gaçmagyndan çekilen ýitgiler |

136. Paýnamalardan başga gymmatly kagyzlara goýlan maýa goýumlaryň adalatly gymmatynyň olaryň balans gymmatyndan ýokary gelen ýagdaýynda gaýtadan bahalandyrmagyň netijeleri şu hasaplarda görkezilýär:

| Debet | Kredit | Teswir |
|---|---|---|
| 6213 "Paýnamalardan başga gymmatly kagyzlara uzak möhletli maýa goýumlar" toparynyň degişli hasaby | 141147 "Paýnamalardan başga gymmatly kagyzlara maýa goýumlaryň adalatly gymmatynyň üýtgemeginden alnan girdeji (peýda)"<br>ýa-da<br>800071 "Gymmatly kagyzlara goýlan maýa goýumlara gaýtadan baha bermek üçin ätiýaçlyk gory" | paýnamalardan başga gymmatly kagyzlara maýa goýumlara gaýtadan bahalandyrmakdan alnan peýda |

137. Paýnamalardan başga gymmatly kagyzlara goýlan uzak möhletli maýa goýumlar çykyp giden ýagdaýynda aktiwiň çykyp gitmeginiň maliýe netijeleri şu hasaplarda görkezilýär:

141146 "Paýnamalardan başga gymmatly kagyzlara maýa goýumlaryň çykyp gitmeginden alnan girdeji" hasabynyň krediti boýunça; ýa-da

281909 "Amal däl işinden gaýry çykdajylar (ýitgiler)" hasabynyň algysy boýunça.

## 6214 Berlen uzak möhletli nesýeler

138. **62144 "Berlen uzak möhletli nesýeler" kiçi toparynyň hasaplary** Türkmenistanyň dahyllylary bolup durýan edara görnüşli (şahsy) taraplara bir ýyldan köp möhlete berlen uzak möhletli karzlary hasaba almak üçin niýetlenýär.

139. Karzlaryň her bir derejesi boýunça **"Berlen uzak möhletli nesýeleriň gymmatynyň gaçmagy üçin ätiýaçlyk gory" hasaplary** berlen nesýeler görnüşinde uzak möhletli maliýe aktiwleriniň gymmatynyň gaçmagy üçin

ätiýaçlyk gory döretmek we peýdalanmak bilen baglanyşykly amallary hasaba almak üçin niýetlenýär.

140. Uzak möhletli karzlary bermek şu hasaplarda görkezilýär:

| Debet | Kredit | Teswir |
|---|---|---|
| 62144 "Berlen uzak möhletli nesýeler" kiçi toparynyň degişli hasaby | nesýe alyjy berlen aktiwleriň degişli hasaby (pul serişdeleri, beýleki maliýe aktiwleri we ş.m.) | nesýe bermek |

141. Berlen uzak möhletli nesýeler boýunça maliýe (göterim) girdejisi şu hasaplarda görkezilýär:

| Debet | Kredit | Teswir |
|---|---|---|
| 621456 "Berlen nesýeler boýunça alynmaga degişli gysga möhletli hak-heşdekler" hasaby | 141141 "Ýurduň içinde berlen nesýeler boýunça göterimler görnüşinde girdeji" hasaby | Türkmenistanyň içerki bazarynda berlen nesýeler boýunça göterim girdejisi |

142. Berlen nesýeleriň gymmaty gaçan ýagdaýynda gymmatyň gaçmagyndan çekilen ýitgiler şu hasaplarda ykrar edilýär:

| Debet | Kredit | Teswir |
|---|---|---|
| 281904 "Maliýe aktiwleriniň gymmatynyň gaçandygy üçin çykdajylar (ýitgiler)" hasaby<br>ýa-da<br>"Berlen uzak möhletli nesýeleriň gymmatynyň gaçmagy üçin ätiýaçlyk gory" degişli hasaby | 62144 "Berlen uzak möhletli nesýeler" kiçi toparynyň degişli hasaby | berlen nesýeleriň gymmatynyň gaçandygy üçin ýitgiler |

143. Berlen uzak möhletli nesýeleriň gymmatynyň gaçandygy üçin ozal döredilen ätiýaçlyk gorunyň hasabyna berlen nesýeleriň gaýtarylmadyk möçberini hasapdan öçürmek şu hasaplarda görkezilýär:

| Debet | Kredit | Teswir |
|---|---|---|
| "Berlen uzak möhletli nesýeleriň gymmatynyň gaçmagy üçin ätiýaçlyk gory" degişli hasaby | 62144 "Berlen uzak möhletli nesýeler" kiçi toparynyň degişli hasaby | şübheli we üzüljegine umyt bolmadyk nesýeleri hasapdan öçürmek |

## 6215 Paýnamalara we maýa gatnaşmagyň beýleki görnüşlerine gaýry uzak möhletli maýa goýumlar

144. **62154 "Paýnamalara we maýa gatnaşmagyň beýleki görnüşlerine gaýry uzak möhletli maýa goýumlar" kiçi toparynyň hasaplary** olaryň emitenti Türkmenistanyň dahyllalary - edara görnüşli (şahsy) taraplary bolup durýan, subýekt tarapyndan bir ýyldan köp eýeçilik etmek maksat edinilýän paýly gymmatly kagyzlara (beýleki kärhanalaryň maýasyna gatnaşma paýyna) goýlan uzak möhletli maliýe maýa goýumlaryny hasaba almak üçin niýetlenýär.

145. Gymmatly kagyzlara (paýnamalara) goýlan içerki uzak möhletli maliýe maýa goýumlaryny edinmek (satyn almak) şu hasaplarda görkezilýär:

| **Paýnamalara we maýa gatnaşmagyň beýleki görnüşlerine içerki gaýry uzak möhletli maliýe maýa goýumlary** | | |
|---|---|---|
| 62154 | Paýnamalara we maýa gatnaşmagyň beýleki görnüşlerine gaýry uzak möhletli maýa goýumlary | debet boýunça satyn alngan (gelip gowşan) gymmatly kagyzlaryň gymmaty hasaba alynýar<br><br>kredit boýunça gymmatly kagyzlar ýerlenende ýa-da başga hili çykyp gidende onyň balans gymmaty hasaba alynýar, şeýle hem eger hasabat senesindäki ýagdaýa görä olaryň adalatly gymmaty balans gymmatyna garanyňda düýpli pes bolsa, gymmatly kagyzlaryň gymmatynyň gaçandygy hasaba alynýar |

146. Soňundan golçur kärhanalaryň paý gymmatly kagyzlaryna içerki uzak möhletli maliýe maýa goýumlary özüne düşýän gymmaty (satyn alnan gymmaty) boýunça hasaba alynýar.

147. Paý gymmatly kagyzlara goýlan uzak möhletli maýa goýumlaryň adalatly gymmatynyň olaryň balans gymmatyndan ýokary bolan ýagdaýynda gaýtadan bahalandyrmagyň netijeleri şu hasaplarda görkezilýär:

| **Debet** | **Kredit** | **Teswir** |
|---|---|---|
| 62154 "Paýnamalara we maýa gatnaşmagyň beýleki görnüşlerine gaýry uzak möhletli maýa goýumlar" kiçi toparynyň degişli hasaplary | 141247 "Paýnamalara we maýa gatnaşmagyň beýleki görnüşlerine maýa goýumlaryň adalatly gymmatynyň üýtgemeginden alnan girdeji (peýda)" hasaby<br><br>ýa-da<br><br>800071 "Gymmatly | paý gymmatly kagyzlaryna goýlan maýa goýumlaryň gymmatynyň gaçandygy üçin ýitgileri rewersirlemek |

| | | |
|---|---|---|
| | kagyzlara goýlan maýa goýumlara gaýtadan baha bermek üçin ätiýaçlyk gory" | |

148. Paýly gymmatly kagyzlaryna goýlan maýa goýumlaryň gymmatynyň gaçan ýagdaýynda uzak möhletli maliýe aktiwleriniň gymmatynyň gaçmagyndan çekilen ýitgi şu hasaplarda ykrar edilýär:

| Debet | Kredit | Teswir |
|---|---|---|
| 281904 "Maliýe aktiwleriniň gymmatynyň gaçandygy üçin çykdajylar (ýitgiler)" hasaby | 62154 "Paýnamalara we maýa gatnaşmagyň beýleki görnüşlerine gaýry uzak möhletli maýa goýumlar" kiçi toparynyň degişli hasaplary | paýly gymmatly kagyzlaryna goýlan maýa goýumlaryň gymmatynyň gaçandygy üçin ýitgiler |

149. Paýly gymmatly kagyzlaryna içerki maliýe maýa goýumlaryna eýeçilik etmekden alnan diwidendler görnüşinde girdejiler şu hasaplarda görkezilýär:

| Debet | Kredit | Teswir |
|---|---|---|
| 621556 "Paýnamalara goýlan maýa goýumlar boýunça alynmaga degişli gysga möhletli hak-heşdekler (diwidendler)" hasaby | 141241 "Assosirlenen kärhanalaryň paýly gymmatly kagyzlaryna maýa goýumlar boýunça hak-heşdek görnüşinde girdeji (diwidendler)" hasaby | assosirlenen kärhanalardan alynmaga degişli diwidendler |
| 621556 "Paýnamalara goýlan maýa goýumlar boýunça alynmaga degişli gysga möhletli hak-heşdekler (diwidendler)" hasaby | 43 "Bilelikdäki kärhanalaryň deň ölçegli jebislendirmek usuly bilen hasaba alynýan peýdasyndaky paý" hasaby | bilelikdäki kärhanalaryň peýdasyndaky paý (alynmaga degişli diwidendler) |
| 621556 "Paýnamalara goýlan maýa goýumlar boýunça alynmaga degişli gysga möhletli hak-heşdekler (diwidendler)" hasaby | 141244 "Golçur kärhanalaryň paýly gymmatly kagyzlaryna goýlan maýa goýumlar boýunça hak-heşdek görnüşinde girdeji (diwidendler)" hasaby | golçur we assosirlenen kärhanalardan başga beýleki kärhanalardan alynmaga degişli diwidendler |

150. Paýly gymmatly kagyzlaryna goýlan maýa goýumlar çykyp giden halatynda çykyp gitmekden alnan maliýe netijeleri şu hasaplarda görkezilýär:

141246 "Paýnamalara we maýa gatnaşmagyň beýleki görnüşlerine maýa goýumlaryň çykyp gitmeginden alnan girdeji" hasabynyň krediti; ýa-da

281909 "Amal däl işinden gaýry çykdajylar (ýitgiler)" hasabynyň debeti.

151. Golçur, assosirlenen ýa-da bilelikdäki kärhanalara degişli bolmadyk kärhanalaryň paýly gymmatly kagyzlaryna goýlan içerki uzak möhletli maliýe maýa goýumlaryny hasaba almak üçin şu hasaplar peýdalanylýar:

| Hasabyň belgisi | Hasabyň ady |
|---|---|
| 621544 | Paýnamalara we maýa gatnaşmagyň beýleki görnüşlerine gaýry uzak möhletli maýa goýumlar |
| 141248 | Paýnamalara we maýa gatnaşmagyň beýleki görnüşlerine maýa goýumlara eýeçilik etmekden alnan gaýry girdeji |

## 6218 Uzak möhletli debitor algylar

152. **62184 "Uzak möhletli debitor algylar" kiçi toparynyň hasaplary** Türkmenistanyň içinde işi amala aşyrmagyň netijesinde ýüze çykýan, üzülmeli möhleti hasabat senesinden soň bir ýyldan ýokary bolan içerki uzak möhletli debitor algylary hasaba almak üçin niýetlenýär.

153. 621841 "Satyn alyjylardan we buýrujylardan uzak möhletli debitor algylar" hasaby olara ýerlenen aktiwler, ýerine ýetirilen işler we edilen hyzmatlar üçin satyn alyjylar we buýrujylar bilen üzülmeli möhleti bir ýyldan ýokary bolan hasaplaşyklar boýunça amallary hasaba almak üçin niýetlenýär.

154. 621842 "Kärende şertnamalary boýunça uzak möhletli debitor algylar" hasaby geljek döwürler üçin maliýe kärendesi boýunça kärende töleglerini amala aşyrmak üçin üzülmeli möhleti bir ýyldan ýokary bolan çykdajylary we kärende boýunça gaýry uzak möhletli debitor algylary hasaba almak üçin niýetlenýär.

155. 621843 "Golçur kärhanalardan uzak möhletli debitor algylar" hasaby golçur kärhanalar bilen hasaplaşyklar boýunça üzülmeli möhleti bir ýyldan ýokary bolan debitor algylary görkezmek üçin niýetlenýär.

156. 621844 "Assosirlenen kärhanalardan uzak möhletli debitor algylar" hasaby assosirlenen kärhanalar bilen hasaplaşyklar boýunça üzülmeli möhleti bir ýyldan ýokary bolan debitor algylary görkezmek üçin niýetlenýär.

157. 621845 "Bilelikde gözegçilik edilýän kärhanalardan uzak möhletli debitor algylar" hasaby bilelikdäki kärhanalar bilen hasaplaşyklar boýunça üzülmeli möhleti bir ýyldan ýokary bolan debitor algylary görkezmek üçin niýetlenýär.

158. 621846 "Şahamçalardan uzak möhletli debitor algylar" hasaby şahamçalar (pudakara edaralar) bilen hasaplaşyklar boýunça üzülmeli möhleti bir ýyldan köp bolan debitor algylary hasaba almak üçin niýetlenýär.

159. 621847 "Gaýry uzak möhletli debitor algylar" hasaby beýleki hasaplarda hasaba alynmadyk, üzülmeli möhleti bir ýyldan köp bolan gaýry debitor algylar boýunça amallary hasaba almak üçin niýetlenýär.

160. 621848 "Uzak möhletli debitor algylaryň gymmatynyň gaçmagy üçin ätiýaçlyk gory" hasaby üzülmeli möhleti bir ýyldan köp bolan şübheli uzak möhletli debitor algylar boýunça ätiýaçlyk goruň döredilmegi we onuň hereket etmegi bilen baglanyşykly amallary hasaba almak üçin niýetlenýär.

161. Uzak möhletli debitor algylary hasaba almak boýunça amallar şunuň ýaly görkezilýär:

| Debet | Kredit | Teswir |
|---|---|---|
| 62184 "Uzak möhletli debitor algylar" kiçi toparynyň degişli hasaby | degişli hasaplar (pul serişdeleri we beýleki ýerine berlen aktiwler) | uzak möhletli debitor algylary ykrar etmek |
| degişli hasaplar (pul serişdeleri we üzülen wagtynda alnan beýleki aktiwler) | 62184 "Uzak möhletli debitor algylar" kiçi toparynyň degişli hasaby | uzak möhletli debitor algylary üzmek |
| 281904 "Maliýe aktiwleriniň gymmatynyň gaçandygy üçin çykdajylar (ýitgiler)" hasaby | 621848 "Uzak möhletli debitor algylaryň gymmatynyň gaçmagy üçin ätiýaçlyk gory" hasaby | uzak möhletli debitor algylaryň gymmatynyň gaçmagy üçin ätiýaçlyk gory döretmek |
| 621848 "Uzak möhletli debitor algylaryň gymmatynyň gaçmagy üçin ätiýaçlyk gory" hasaby | 62184 "Uzak möhletli debitor algylar" kiçi toparynyň degişli hasaby | tölenjegine umyt bolmadyk uzak möhletli debitor algylary ätiýaçlyk goruň hasabyna hasapdan öçürmek |

## 6219 "Beýleki uzak möhletli aktiwler"

162. **62194 "Beýleki uzak möhletli aktiwler" kiçi toparynyň hasaplary** üzülmeli möhleti hasabat senesinden bir ýyldan köp bolan, maliýe we maliýe däl aktiwleriň öňki toparlaryna goşulmadyk beýleki (gaýry) aktiwleri hasaba almak üçin niýetlenýär.

163. 621941 "Gaýra goýlan uzak möhletli salgyt aktiwleri" hasaby:

aýrylýan wagt tapawutlary;

peýdalanylmadyk salgyt tölegleriniň geljek döwürlere geçirilmegi;

salgyt möhletini soňa süýşürmek üçin göz öňünde tutulan peýdalanylmadyk wagtyň geljek döwre geçirilmegi bilen baglanyşykly geljek döwürlerde öwezi dolunmaga degişli peýdadan alynýan salgydyň pul möçberlerini hasaba almak üçin niýetlenendir.

164. 621942 "Işgärlerden uzak möhletli debitor algylar" hasaby işgärlere berlen nesýeler boýunça işgärleriň üzülmeli möhleti hasabat senesinden soň bir ýyldan köp bolan debitor algylarynyň hereketi bilen baglanyşykly amallary, şeýle hem işgärleriň gaýry uzak möhletli debitor algylaryny hasaba almak üçin niýetlenýär.

165. 621943 "Üpjün edijilere we potratçylara uzak möhletli hakujylar" hasaby, hasabat senesinden soň bir ýyldan gowrak wagtyň dowamynda, aktiwleri ibermek üçin berlen hakujylary, şeýle hem önümleriň, hyzmatlaryň tölegi boýunça buýrujylardan bölekleýin taýýarlyga görä kabul edilen hakujylary hasaba almak üçin niýetlenýär.

## 622 Daşarky uzak möhletli maliýe aktiwler

166. Daşarky uzak möhletli maliýe aktiwler bilen amallary hasaba almak içerki uzak möhletli maliýe aktiwler bilen amallaryň hasaba alnyşy ýaly alnyp barylýar.

167. **622 "Daşarky uzak möhletli maliýe aktiwler" kiçi dereje** uzak möhletli maliýe aktiwleriniň bäş toparyny öz içine alýar.

### 6222 Uzak möhletli depozitler we ýörite hasaplar

168. **62224 "Uzak möhletli depozitler we ýörite hasaplar" kiçi toparynyň hasaplary** daşary ýurtlardaky banklarda we edaralarda daşary pulundaky hasabat senesinden soň bir ýyldan gowrak wagtyň dowamynda peýdalanylmagy çäklendirilen pul depozitlerini hasaba almak üçin niýetlenýär.

### 6223 Paýnamalardan başga gymmatly kagyzlara uzak möhletli maýa goýumlar

169. **62234 "Paýnamalardan başga gymmatly kagyzlara uzak möhletli maýa goýumlar" kiçi toparynyň hasaplary** emitenti Türkmenistanyň dahylsyzy bolan, daşary ýurtly edara görnüşli (şahsy) tarap bolup durýan, üzülmeli möhleti bir ýyldan köp bolan bergileriň gymmatly kagyzlaryna (wekseller, obligasiýalar) goýlan uzak möhletli maliýe maýa goýumlarynyň galyndylary we hereketi hakynda maglumatlary hasaba almak üçin niýetlenýär.

### 6224 Berlen uzak möhletli nesýeler

170. **62244 "Berlen uzak möhletli nesýeler" kiçi toparynyň hasaplary** dahylsyz bolup duran daşary ýurtly edara görnüşli (şahsy) taraplara bir ýyldan köp möhlete berlen uzak möhletli nesýelery hasaba almak üçin niýetlenýär.

### 6225 Paýnamalara we maýa gatnaşmagyň beýleki görnüşlerine gaýry uzak möhletli maýa goýumlar

171. **62254 "Paýnamalara we maýa gatnaşmagyň beýleki görnüşlerine gaýry uzak möhletli maýa goýumlar" kiçi toparynyň hasaplary** emitenti Türkmenistanyň dahylsyzy bolan, daşary ýurtly edara görnüşli (şahsy) tarap bolup durýan, subýektiň bir ýyldan köp wagtlap peýdalanmagy maksat edinýän paýly gymmatly kagyzlaryna (beýleki kärhanalaryň gatnaşma paýlaryna) uzak möhletli maliýe maýa goýumlaryny hasaba almak üçin niýetlenýär.

### 6228 Uzak möhletli debitor algylar

172. **62284 "Uzak möhletli debitor algylar" kiçi toparynyň hasaplary** Türkmenistanyň çäklerinden daşarda işi amala aşyrmagyň netijesinde ýüze çykýan, üzülmeli möhleti hasabat senesinden soň bir ýyldan köp bolan uzak möhletli debitor algylary hasaba almak üçin niýetlenýär.

## 61 GYSGA MÖHLETLI MALIÝE DÄL AKTIWLER

### 612 Maddy we dolanyşyk serişdeleriň ätiýaçlyklary

173. **612 "Maddy we dolanyşyk serişdeleriň ätiýaçlyklary" kiçi dereje** gysga möhletli maliýe däl aktiwleri hasaba almak üçin niýetlenýär we bäş topary öz içine alýar:

6121 Strategiki ätiýaçlyklar;
6122 Taýýar önümi öndürmek üçin ätiýaçlyklar;
6123 Ýerlemek üçin ätiýaçlyklar;
6124 Özüniň peýdalanmagy üçin niýetlenen ätiýaçlyklar;
6125 Ýerlemek üçin niýetlenen uzak möhletli aktiwler.

### 6121 "Strategiki ätiýaçlyklar"

174. **6121 "Strategiki ätiýaçlyklar" topary** Döwletiň maddy ätiýaçlyklar gorundaky ätiýaçlyklaryň bolmagy we olaryň hereketi hakyndaky maglumatlary hasaba almak we umumylaşdyrmak üçin niýetlenýär. Bu toparda mobilizasion zerurlyklar, adatdan daşary ýagdaýlaryň we tebigy betbagtçylyklaryň netijeleri ýok edilende ilkinji nobatdaky işleri geçirmek üçin, çig malyň we ýangyç-energetika serişdeleriniň, içerki bazarda isleg bilen teklibiň arasynda näsazlyklar ýüze çykanda azyk önümleriniň möhüm görnüşleri bilen üpjünçiligiň wagtlaýyn bozulan mahalynda ykdysadyýeti durnuklaşdyrmak maksady bilen ykdysadyýetiň dürli pudaklaryna, kärhanalara, edaralara we guramalara döwlet tarapyndan goldaw bermek üçin, ynsanperwerlik kömegini etmek üçin saklanýan ätiýaçlyklar hasaba

alynýar. Ätiýaçlyklar goruny emele getirmek Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda amala aşyrylýar.

## 6122 "Taýýar önümi öndürmek üçin ätiýaçlyklar"

175. **6122 "Taýýar önümi öndürmek üçin ätiýaçlyklar" toparynyň hasaplary** önümçiligiň ýa-da hyzmat etmegiň barşynda serişde hökmünde ulanylýan ätiýaçlyklary hasaba almak üçin peýdalanylýar.

176. 612241 "Çig mal we materiallar" hasaby çig mal we materiallar görnüşindäki ätiýaçlyklaryň galyndylary we hereketi hakyndaky maglumatlary hasaba almak we umumylaşdyrmak üçin niýetlenendir.

177. 612242 "Tamamlanmadyk önümçilik" hasaby olar babatynda önümçilik işi geljekki hasabat döwründe tamamlanýan harytlary we hyzmatlary öndürmek boýunça göni we kömekçi harajatlary bir ýere jemlemek üçin niýetlenýär.

178. 612243 "Goşmaça önümçilik çykdajylary" hasaby saýlanyp alnan paýlama binýadyna laýyklykda taýýar önümi öndürmegiň özüne düşýän gymmatyna doly paýlanmaga degişli bolan goşmaça önümçilik harajatlaryny bir ýerde jemlemek üçin niýetlenýär: önümçilik maksatly aktiwleriň ulanyş tutumlary, önümçilik jaýlaryny saklamak, kärendä almak üçin harajatlar we ş.m.

179. 612244 "Gaýry önümçilik çykdajylary" hasaby harajatlaryň öňki maddalaryna goşulmadyk önümçilik harajatlaryny hasaba almak üçin niýetlenýär.

## 6123 "Ýerlemek üçin ätiýaçlyklar"

180. **6123 "Ýerlemek üçin ätiýaçlyklar" toparynyň hasaplary** ýerlemek ýa-da beýleki subýektlere bermek üçin niýetlenen ätiýaçlyklary hasaba almak üçin peýdalanylýar.

181. 612341 "Taýýar önüm" hasaby önümçilik işiniň netijesi bolup duran we ýerlemek ýa-da beýleki subýektlere bermek üçin niýetlenen harytlary hasaba almak üçin peýdalanylýar.

182. 612342 "Ýerlemek üçin harytlar" gaýtadan satmak ýa-da beýleki subýektlere bermek maksady bilen satyn alnan harytlary hasaba almak üçin peýdalanylýar.

## 6124 "Özüniň peýdalanmagy üçin niýetlenen ätiýaçlyklar"

183. **6124 "Özüniň peýdalanmagy üçin niýetlenen ätiýaçlyklar" toparyň hasaplary** kärhananyň işinde özüniň peýdalanmagy üçin niýetlenen ätiýaçlyklary hasaba almak üçin niýetlenýär:

| Hasabyň belgisi | Hasabyň ady | Hasabyň maksady |
|---|---|---|
| 612441 | Kanselýariýa | gündelik zerurlyklar üçin peýdalanylýan |

| | | |
|---|---|---|
| | materiallary | kanselýar esbaplary hasaba alynýar |
| 612442 | Ätiýaçlyk şaýlary | maşynlarda (lukmançylyk, elektron-hasaplaýjy maşynlarda we beýleki bölekleri), enjamlarda, traktorlarda, kombaýnlarda, ulag serişdelerinde (motorlar, daşlygyny, içligini, gurşaw lentalaryny goşmak bilen, awtomobil tekerleri) könelen böleklerini abatlamak we çalyşmak üçin niýetlenen ätiýaçlyk şaýlary hasaba alynýar |
| 612443 | Gap | boş ýa-da içinde ätiýaçlyklar saklanýan, yzyna gaýtarylýan gap (çelekler, tüňňürler, gapyrjaklar, çüýşeler we beýleki gaplar) |
| 612444 | Gurluşyk materiallary | düýpli gurluşyk üçin niýetlenen serişdeleriň hasabyna satyn alynýan we gurluşyk we gurnama işlerinde peýdalanylýan gurluşyk materiallary hasaba alynýar. Gurluşyk materiallaryna silikat materiallar (sement, çäge, çagyl, hek, daş, kerpiç, çerepisa), gurluşyk metaly (demir, galaýy, polat, ýasy sink), metal önümleri (çüýler, nurbatlar, boltlar, skoba önümleri), sanitar-tehniki materiallar (kranlar, muftalar, troýnikler), elektrotehniki materiallar (kabel, lampalar, rolikler, şnurlar, simler, predohraniteller, örtgüçler), himiýa önümleri (reňk, olifa, tol) we beýleki şoňa meňzeş materiallar degişlidir. |
| 612445 | Hojalyk materiallary | hojalyk materiallary we gündelik zerurlyklar üçin peýdalanylýan esbaplar hasaba alynýar |
| 612446 | Ýangyç-çalgy ýag materiallary | ammarlarda, şeýle hem gönüden-göni maddy jogapkär adamlarda saklanýan ýakylýan materiallaryň, ýangyjyň we çalgy ýag materiallarynyň ähli görnüşleri (odun, kömür, torf, benzin, kerosin, mazut, awtol we beýleki ýangyç-çalgy ýag materiallary) hasaba alynýar |
| 612447 | Azyk önümleri | azyk önümleri hasaba alynýar |
| 612448 | Dermanlar | bejeriş-keseliň öňüni alyş, bejeriş-weterinar edaralarda dermanlar, komponentler, bakteriýa preparatlary, syworotkalar, waksinalar, gan we sargy materiallary hasaba alynýar. Şeýle hem şu hasapda öz dermanhanalary bolan saglygy goraýyş edaralarynda kömekçi we dermanhana materiallary hasaba alynýar. |

| | | |
|---|---|---|
| 612449 | Gaýry ätiýaçlyklar | öňki maddalara goşulmadyk gaýry ätiýaçlyklar hasaba alynýar |

**6125 "Ýerlemek üçin niýetlenen uzak möhletli aktiwler"**

184. **6125 "Ýerlemek üçin niýetlenen uzak möhletli aktiwler" topary,** eger ýerlemek ähtimallygy ýokary bolanda olaryň balans gymmaty soňundan peýdalanmak arkaly däl-de, esasan ýerlemegiň hasabyna öwezi dolunýan bolsa, ýerlemek üçin niýetlenen hökmünde topara bölünen uzak möhletli aktiwleri (maliýe we maliýe däl aktiwler) hasaba almak üçin niýetlenendir.

**Maddy we dolanyşyk serişdeleriň ätiýaçlyklarynyň hasaba alynýan hasaplaryny ulanmak**

185. Subýekt satyn alnan (üçünji taraplardan alnan) ätiýaçlyklary we maddy dolanyşyk serişdelerini şu hasaplarda görkezýär:

| Debet | Kredit | Teswir |
|---|---|---|
| 612 "Maddy we dolanyşyk serişdeleriň ätiýaçlyklary" kiçi derejäniň degişli hasaby | 631851 "Üpjün edijilere we potratçylara gysga möhletli kreditor bergiler" hasaby | ätiýaçlyklar tölegi soňundan geçirmek şertlerinde satyn alnan halatynda |
| | 145345 " Ätiýaçlyklary (işleri, hyzmatlary) muzdsuz almakdan alnan girdeji (peýda)" hasaby | haýyr-sahawat (hemaýatkärlik) kömeginiň netijesinde muzdsyz alnan ätiýaçlyklary ykrar etmek |
| | 800051 "Esaslyk maýa" hasaby | esaslyk maýa gatanç hökmünde alnan ätiýaçlyklary ykrar etmek |

186. Önümçilik hasaba alnyşy (çig maly we materiallary goýbermek, önümçilik harajatlaryny hasaplap ýazmak, taýýar önümiň çykyşy) şu hasaplarda görkezilýär:

| Debet | Kredit | Teswir |
|---|---|---|
| 612242 "Tamamlanmadyk önümçilik" hasaby | 612241 "Çig mal we materiallar" hasaby | taýýar önümi öndürmegiň we hyzmat etmegiň barşynda çekilen ähli göni we |
| | 631851 "Üpjün edijilere we potratçylara gysga möhletli kreditor bergiler" hasaby | |

| | | |
|---|---|---|
| | 6319 "Beýleki gysga möhletli borçnamalar" toparynyň degişli hasaby | kömekçi harajatlar hasapdan öçürilýär |
| 612243 "Goşmaça önümçilik çykdajylary" hasaby | 612241 "Çig mal we materiallar" hasaby | taýýar önümi öndürmegiň we hyzmat etmegiň barşynda çekilen ähli goşmaça (gytaklaýyn) harajatlar hasapdan öçürilýär |
| | 631851 "Üpjün edijilere we potratçylara gysga möhletli kreditor bergiler" hasaby | |
| | 6319 "Beýleki gysga möhletli borçnamalar" toparynyň degişli hasaby | |
| | 611 kiçi derejä girýän "Uzak möhletli önümçilik maliýe däl aktiwleriniň toplanan ulanyş tutumy" degişli hasaby | |
| 612242 "Tamamlanmadyk önümçilik" hasaby | 612243 "Goşmaça önümçilik çykdajylary" hasaby | "Tamamlanmadyk önümçilik" hasabyna önümçilik harajatlaryny ýapmak |
| | 612244 "Gaýry önümçilik çykdajylary" hasaby | |
| 612341 "Taýýar önüm" hasaby | 612242 "Tamamlanmadyk önümçilik" hasaby | taýýar önümi ykrar etmek |

187. Ätiýaçlyklar ýerlenende olaryň gymmatyny hasapdan öçürmek şunuň ýaly görkezilýär:

| **Debet** | **Kredit** | **Teswir** |
|---|---|---|
| 225141 "Ýerlenen taýýar önümiň özüne düşýän gymmaty" hasaby | 612341 "Taýýar önüm" hasaby | ýerlenen ätiýaçlyklaryň özüne düşýän gymmatyny hasabat döwrüniň maliýe netijelerine hasapdan öçürmek |
| 225142 "Ýerlenen harytlaryň özüne düşýän gymmaty" hasaby | 612342 "Ýerlemek üçin harytlar" hasaby | |

188. Ätiýaçlyklara şu iki ululygyň haýsysy pes bolsa, şol boýunça baha berilýär: özüne düşýän gymmaty boýunça ýa-da mümkin bolan ýerlemegiň arassa gymmaty boýunça. Ätiýaçlyklaryň gymmatynyň gaçmagy şunuň ýaly ykrar edilýär:

| **Debet** | **Kredit** | **Teswir** |
|---|---|---|
| 281903 "Gysga möhletli maliýe däl aktiwleriň | 612 "Maddy we dolanyşyk serişdeleriň | ätiýaçlyklaryň gymmatynyň gaçandygy |

| | | |
|---|---|---|
| gymmatynyň gaçandygy üçin çykdajylar (ýitgiler)" hasaby | ätiýaçlyklary" kiçi derejäniň degişli hasaby | üçin ýitgileri ykrar etmek |
| 612 "Maddy we dolanyşyk serişdeleriň ätiýaçlyklary" kiçi derejäniň degişli hasaby | 145343 "Ätiýaçlyklaryň gymmatynyň gaçmagyndan çekilen ýitgini dikeltmekden alnan girdeji (peýda)" hasaby | geçen döwürlerde ätiýaçlyklaryň gymmatynyň gaçmagyndan çekilen ýitgini rewersirlemek |

189. Edara ediş we gaýry hojalyk işlerinde hyzmatlary ýerlemegiň barşynda peýdalanylan ätiýaçlyklaryň gymmatyny hasapdan öçürmek şunuň ýaly görkezilýär:

| Debet | Kredit | Teswir |
|---|---|---|
| Işiň görnüşleri boýunça 2211 "Material we esbaplar üçin çykdajylar" toparynyň degişli hasaby | 612 "Maddy we dolanyşyk serişdeleriň ätiýaçlyklary" kiçi derejäniň degişli hasaby | peýdalanylan ätiýaçlyklaryň özüne düşýän gymmatyny hasabat döwrüniň maliýe netijelerine hasapdan öçürmek |

190. Käbir ätiýaçlyklar beýleki aktiwleriň hasaplaryna degişli bolup biler, mysal üçin, özbaşdak öndürilen uzak möhletli maliýe däl aktiwleriň bölegi hökmünde peýdalanylan ätiýaçlyk:

| Debet | Kredit | Teswir |
|---|---|---|
| 61 "Uzak möhletli maliýe däl aktiwler" derejäniň degişli hasaby | 612 "Maddy we dolanyşyk serişdeleriň ätiýaçlyklary" kiçi derejäniň degişli hasaby | peýdalanylan ätiýaçlyklaryň özüne düşýän gymmatyny uzak möhletli maliýe däl aktiwleriň gymmatyna hasapdan öçürmek |

## 62 GYSGA MÖHLETLI MALIÝE AKTIWLER

191. Ähli gysga möhletli maliýe aktiwler olaryň emele getirilen çeşmesine baglylykda, içerki we daşarky maliýe aktiwlerine bölünýär, olar şu hasaplarda hasaba alynýar:
**621 "Içerki gysga möhletli maliýe aktiwler" kiçi derejesi** - Türkmenistanyň içerki bazarynda ýerleşdirilen gysga möhletli maliýe aktiwleri;

**622 "Daşarky gysga möhletli maliýe aktiwler" kiçi derejesi** - daşarky bazarda (Türkmenistanyň çäklerinden daşarda) ýerleşdirilen gysga möhletli maliýe aktiwleri.

## 621 Içerki gysga möhletli maliýe aktiwler

192. **621 "Içerki gysga möhletli maliýe aktiwler" kiçi dereje** gysga möhletli maliýe aktiwleriniň alty toparyny öz içine ialýar:

## 6212 Pul serişdeleri we gysga möhletli depozitler

193. **62125 "Pul serişdeleri we gysga möhletli depozitler"kiçi toparynyň hasaplary** Türkmenistanyň ýerli banklaryndaky we edaralaryndaky nagt pul gözegçilik hasaplarynda we milli we daşary ýurt pulundaky hasaplarda pul serişdelerini we olaryň ekwiwalentlerini hasaba almak üçin niýetlenýär.

## 6213 Paýnamalardan başga gymmatly kagyzlara gysga möhletli maýa goýumlar

194. **62135 "Paýnamalardan başga gymmatly kagyzlara gysga möhletli maýa goýumlar" kiçi toparynyň hasaplary** emitenti Türkmenistanyň dahyllysy bolan edara görnüşli (şahsy) tarap bolup duran, üzülmeli möhleti bir ýyldan az bolan bergileriň gymmatly kagyzlaryna (wekseller, obligasiýalar) goýlan gysga möhletli maliýe maýa goýumlarynyň galyndylary we hereketi hakyndaky maglumatlary hasaba almak üçin niýetlenýär.

195. Paýnamalardan başga gymmatly kagyzlara (we maýa gatnaşma paýyna) goýlan içerki gysga möhletli maliýe maýa goýumlarynyň toparlara bölünişine baglylykda, olaryň hasaba alnyşy şu hasaplarda görkezilýär:

| Hasabyň belgisi | Ady | Teswir |
|---|---|---|
| **Üzülýänçä saklanýan hökmünde topara bölünen içerki maliýe maýa goýumlary** | | |
| 621351 | Üzülýänçä saklanýan gysga möhletli maýa goýumlar | debet boýunça satyn alnan (gelip gowşan) gymmatly kagyzlaryň nominal gymmaty hasaba alynýar<br><br>kredit boýunça gymmatly kagyzlar ýerlenenende ýa-da başga hili çykyp gidende olaryň nominal gymmaty hasapdan öçürilýär |
| 62135150 | Üzülýänçä saklanýan | debet boýunça satyn gymmatly kagyzlaryň |

| Hasabyň belgisi | Ady | Teswir |
|---|---|---|
| | gymmatly kagyzlar boýunça ulanyş tutumy hasaplanmadyk diskont (baýrak) | hakyky gymmaty bilen nominal gymmatynyň arasyndaky oňyn tapawut (baýrak) hasaba alynýar<br><br>kredit boýunça satyn gymmatly kagyzlaryň nominal gymmaty bilen hakyky gymmatynyň arasyndaky oňyn tapawut (diskont) hasaba alynýar<br><br>diskont (baýrak) degişli göterim girdejileri hasabynyň krediti (ýa-da debeti) boýunça hasapdan öçürilýär (ulanyş tutumy hasaplanýar) |
| **Ýerlemek üçin niýetlenen içerki maliýe maýa goýumlary** | | |
| 621352 | Ýerlemek üçin niýetlenen gysga möhletli maýa goýumlary | debet boýunça satyn alnan (gelip gowşan) gymmatly kagyzlaryň nominal gymmaty hasaba alynýar<br><br>kredit boýunça gymmatly kagyzlar ýerlenenende ýa-da başga hili çykyp gidende olaryň nominal gymmaty hasapdan öçürilýär, şeýle hem eger olaryň adalatly bazar gymmaty hasabat senesindäki ýagdaýa görä balans gymmatyna garanyňda düýpli peselen bolsa, gymmatly kagyzlaryň gymmatynyň gaçmagy hasaba alynýar |
| **Adalatly gymmaty boýunça hasaba alynýan içerki maliýe maýa goýumlary (satylýan gymmatly kagyzlar)** | | |
| 621353 | Adalatly gymmaty boýunça hasaba alynýan gysga möhletli maýa goýumlar (satylýan gymmatly kagyzlar) | debet boýunça satyn alnan (gelip gowşan) gymmatly kagyzlaryň nominal gymmaty hasaba alynýar<br><br>kredit boýunça gymmatly kagyzlar ýerlenenende ýa-da başga hili çykyp gidende olaryň nominal gymmaty hasapdan öçürilýär, şeýle hem eger olaryň adalatly bazar gymmaty hasabat senesindäki ýagdaýa görä balans gymmatyna garanyňda düýpli peselen bolsa, gymmatly kagyzlaryň gymmatynyň gaçmagy hasaba alynýar |
| **Paýnamalardan başga gaýry gymmatly kagyzlara içerki maliýe maýa goýumlar** | | |

| Hasabyň belgisi | Ady | Teswir |
|---|---|---|
| 621354 | Paýnamalardan başga gaýry gymmatly kagyzlara gysga möhletli maýa goýumlar | debet boýunça satyn alnan (gelip gowşan) gymmatly kagyzlaryň nominal gymmaty hasaba alynýar<br>kredit boýunça gymmatly kagyzlar ýerlenenende ýa-da başga hili çykyp gidende olaryň nominal gymmaty hasapdan öçürilýär, şeýle hem eger olaryň adalatly bazar gymmaty hasabat senesindäki ýagdaýa görä balans gymmatyna garanyňda düýpli peselen bolsa, gymmatly kagyzlaryň gymmatynyň gaçmagy hasaba alynýar |
| 62135450 | Gaýry gymmatly kagyzlar boýunça ulanyş tutumy hasaplanmadyk diskont (baýrak) | debet boýunça baýrak hasaba alynýar<br>kredit boýunça diskont hasaba alynýar<br>diskont (baýrak) degişli göterim girdejileri hasabynyň krediti (ýa-da debeti) boýunça hasapdan öçürilýär (ulanyş tutumy hasaplanýar) |

196. Paýnamalardan başga gaýry gymmatly kagyzlara goýlan maliýe gysga möhletli maýa goýumlaryna eýeçilik etmekden alnan maýa goýum girdejisi şu hasaplarda hasaba alynýar:

| Debet | Kredit | Teswir |
|---|---|---|
| 621356 "Paýnamalardan başga gymmatly kagyzlara goýlan maýa goýumlar boýunça alynmaga degişli gysga möhletli hak-heşdekler" hasaby | 141143 "Paýnamalardan başga bergileriň gymmatly kagyzlaryna maýa goýumlar boýunça hak-heşdek görnüşinde girdeji" hasaby | bergileriň gymmatly kagyzlaryna goýlan maýa goýumlar boýunça almak üçin hasaplanyp ýazylan maýa goýum girdejisi |
| "Paýnamalardan başga gymmatly kagyzlar boýunça ulanyş tutumy hasaplanmadyk diskont " degişli hasaby | 141143 "Paýnamalardan başga bergileriň gymmatly kagyzlaryna maýa goýumlar boýunça hak-heşdek görnüşinde girdeji" hasaby | paýnamalardan başga gymmatly kagyzlar boýunça diskontyň ulanyş tutumy |
| 141143 "Paýnamalardan başga bergileriň gymmatly kagyzlaryna | "Paýnamalardan başga gymmatly kagyzlar boýunça ulanyş tutumy | paýnamalardan başga gymmatly kagyzlar boýunça baýragyň |

| | | |
|---|---|---|
| maýa goýumlar boýunça hak-heşdek görnüşinde girdeji" hasaby | hasaplanmadyk baýrak" degişli hasaby | ulanyş tutumy |

197. Paýnamalardan başga gymmatly kagyzlara goýlan maliýe maýa goýumlarynyň gaçan halatynda maliýe aktiwleriniň gymmatynyň gaçandygy üçin ýitgiler şu hasaplarda ykrar edilýär:

| **Debet** | **Kredit** | **Teswir** |
|---|---|---|
| 281904 "Maliýe aktiwleriniň gymmatynyň gaçandygy üçin çykdajylar (ýitgiler)" hasaby"<br><br>ýa-da<br><br>800071 "Gymmatly kagyzlara goýlan maýa goýumlara gaýtadan baha bermek üçin ätiýaçlyk gory" | 6213 "Paýnamalardan başga gymmatly kagyzlara uzak möhletli maýa goýumlar" toparynyň degişli hasaby | paýnamalardan başga gymmatly kagyzlara goýlan maýa goýumlaryň gymmatynyň gaçandygy üçin ýitgiler |

198. Paýnamalardan başga gymmatly kagyzlara goýlan gysga möhletli maýa goýumlaryň adalatly gymmatynyň olaryň balans gymmatyndan ýokary gelen ýagdaýynda gaýtadan bahalandyrmagyň netijeleri şu hasaplarda görkezilýär:

| **Debet** | **Kredit** | **Teswir** |
|---|---|---|
| 6213 "Paýnamalardan başga gymmatly kagyzlara uzak möhletli maýa goýumlar" toparynyň degişli hasaby | 141147 "Paýnamalardan başga gymmatly kagyzlara maýa goýumlaryň adalatly gymmatynyň üýtgemeginden alnan girdeji (peýda)"<br><br>ýa-da<br><br>800071 "Gymmatly kagyzlara goýlan maýa goýumlara gaýtadan baha bermek üçin ätiýaçlyk gory" | paýnamalardan başga gymmatly kagyzlara goýlan maýa goýumlary gaýtadan bahalandyrmakdan alnan peýda |

199. Paýnamalardan başga gymmatly kagyzlara goýlan uzak möhletli maýa goýumlar çykyp giden ýagdaýynda aktiwiň çykyp gitmeginiň maliýe netijeleri şu hasaplarda görkezilýär:

141146 "Paýnamalardan başga gymmatly kagyzlara maýa goýumlaryň çykyp gitmeginden alnan girdeji" hasabynyň krediti boýunça; ýa-da

281909 "Amal däl işinden gaýry çykdajylar (ýitgiler)" hasabynyň debeti boýunça.

## 6214 Berlen gysga möhletli nesýeler

200. **62145 "Berlen gysga möhletli nesýeler" kiçi toparynyň hasaplary** Türkmenistanyň dahyllylary bolup durýan edara görnüşli (şahsy) taraplara bir ýyldan az möhlete berlen gysga möhletli nesýeleri hasaba almak üçin niýetlenýär.

201. Nesýeleriň her bir derejesi boýunça **"Berlen gysga möhletli nesýeleriň gymmatynyň gaçmagy üçin ätiýaçlyk gory" hasaplary** berlen nesýeler görnüşinde gysga möhletli maliýe aktiwleriniň gymmatynyň gaçandygy üçin ätiýaçlyk gory döretmek we peýdalanmak bilen baglanyşykly amallary hasaba almak üçin niýetlenendir.

202. Gysga möhletli nesýeleri bermek şu hasaplarda görkezilýär:

| **Debet** | **Kredit** | **Teswir** |
|---|---|---|
| 62145 "Berlen gysga möhletli nesýeler" kiçi toparynyň degişli hasaby | karz alyja berlen aktiwleriň degişli hasaplary (pul serişdeleri, beýleki maliýe aktiwleri we ş.m.) | karz bermek |

203. Berlen nesýeler boýunça maliýe (göterim) girdejisi şu hasaplarda görkezilýär:

| **Debet** | **Kredit** | **Teswir** |
|---|---|---|
| 621456 "Berlen nesýeler boýunça alynmaga degişli gysga möhletli hak-heşdekler" hasaby | 141141 "Ýurduň içinde berlen nesýeler boýunça göterimler görnüşinde girdeji" hasaby | Türkmenistanyň içerki bazarynda berlen nesýeler boýunça göterim girdejisi |

204. Berlen nesýeleriň gymmaty gaçan ýagdaýynda gymmatyň gaçmagyndan çekilen ýitgiler şu hasaplarda ykrar edilýär:

| **Debet** | **Kredit** | **Teswir** |
|---|---|---|
| 281904 "Maliýe aktiwleriniň gymmatynyň gaçandygy üçin çykdajylar | "Berlen gysga möhletli nesýeleriň gymmatynyň gaçmagy üçin ätiýaçlyk | berlen nesýeleriň gymmatynyň gaçmagyndan çekilen |

| | | |
|---|---|---|
| (ýitgiler)" hasaby | gory" degişli hasaby | ýitgiler |

205. Berlen nesýeleriň gaýtarylmadyk möçberini ozal döredilen "Berlen gysga möhletli nesýeleryň gymmatynyň gaçmagy üçin ätiýaçlyk gorunyň" hasabyna hasapdan öçürmek şu hasaplarda görkezilýär:

| Debet | Kredit | Teswir |
|---|---|---|
| "Berlen gysga möhletli nesýeleriň gymmatynyň gaçmagy üçin ätiýaçlyk gory" degişli hasaby | 6214 "Berlen gysga möhletli nesýeler" toparynyň degişli hasaby | şübheli we üzüljegine umyt bolmadyk nesýeleri hasapdan öçürmek |

### 6215 Paýnamalara we maýa gatnaşmagyň beýleki görnüşlerine gysga möhletli maýa goýumlar

206. **62155 "Paýnamalara we maýa gatnaşmagyň beýleki görnüşlerine gysga möhletli maýa goýumlar" kiçi toparynyň hasaplary** olaryň emitenti Türkmenistanyň dahyllylary bolan, edara görnüşli (şahsy) taraplary bolup durýan, subýekt tarapyndan bir ýyldan az eýeçilik etmek maksat edinilýän paýly gymmatly kagyzlara (beýleki kärhanalaryň maýasyna gatnaşma paýyna) goýlan gysga möhletli maliýe maýa goýumlaryny hasaba almak üçin niýetlenýär.

207. Gymmatly kagyzlara (paýnamalara) goýlan içerki gysga möhletli maliýe maýa goýumlaryny satyn almak şu hasaplarda görkezilýär:

| **Paýnamalara we maýa gatnaşmagyň beýleki görnüşlerine içerki gysga möhletli maliýe maýa goýumlary** | | |
|---|---|---|
| 62155 | Paýnamalara we maýa gatnaşmagyň beýleki görnüşlerine gysga möhletli maýa goýumlar | debet boýunça satyn alnan (gelip gowşan) gymmatly kagyzlaryň gymmaty hasaba alynýar<br><br>kredit boýunça ýerlenende ýa-da başga hili çykyp gidende gymmatly kagyzlaryň balans gymmaty hasaba alynýar, şeýle hem eger hasabat senesindäki ýagdaýa görä olaryň adalatly gymmaty balans gymmatyna garanyňda düýpli pes bolsa, gymmatly kagyzlaryň gymmatynyň gaçandygy hasaba alynýar |

208. Paýly gymmatly kagyzlaryna goýlan maýa goýumlaryň gymmatynyň gaçan ýagdaýynda gysga möhletli maliýe aktiwleriniň gymmatynyň gaçmagyndan çekilen ýitgi şu hasaplarda ykrar edilýär:

| Debet | Kredit | Teswir |
|---|---|---|
| 281904 "Maliýe aktiwleriniň gymmatynyň gaçandygy üçin çykdajylar (ýitgiler)" hasaby<br>ýa-da 800071 "Gymmatly kagyzlara goýlan maýa goýumlara gaýtadan baha bermek üçin ätiýaçlyk gory" hasaby | 62155 "Paýnamalara we maýa gatnaşmagyň beýleki görnüşlerine gysga möhletli maýa goýumlar" kiçi toparynyň degişli hasaplary | paýly gymmatly kagyzlaryna goýlan maýa goýumlaryň gymmatynyň gaçmagyndan çekilen ýitgiler |

209. Paýly gymmatly kagyzlaryna goýlan maýa goýumlaryň adalatly gymmatynyň olaryň balans gymmatyndan ýokary bolan ýagdaýynda gaýtadan bahalanydyrmagyň netijeleri şu hasaplarda görkezilýär:

| Debet | Kredit | Teswir |
|---|---|---|
| 62155 "Paýnamalara we maýa gatnaşmagyň beýleki görnüşlerine gysga möhletli maýa goýumlar" kiçi toparynyň degişli hasaplary | 141247 "Paýnamalara we maýa gatnaşmagyň beýleki görnüşlerine maýa goýumlaryň adalatly gymmatynyň üýtgemeginden alnan girdeji (peýda)" hasaby<br>ýa-da 800071 "Gymmatly kagyzlara goýlan maýa goýumlara gaýtadan baha bermek üçin ätiýaçlyk gory" hasaby | paýly gymmatly kagyzlaryna goýlan maýa goýumlaryň gymmatynyň gaçmagyndan çekilen ýitgileri rewersirlemek |

210. Paýly gymmatly kagyzlaryna goýlan içerki gysga möhletli maliýe maýa goýumlaryna eýeçilik etmekden alnan diwidendler görnüşinde girdejiler şu hasaplarda görkezilýär:

| Debet | Kredit | Teswir |
|---|---|---|
| 621556 "Paýnamalara goýlan maýa goýumlar boýunça alynmaga degişli gysga möhletli hak-heşdekler (diwidendler)" hasaby | 141243 "Bilelikdäki kärhanalaryň deň ölçegli jebislendirmek usuly bilen hasaba alynýan peýdasyndaky paý" hasaby | bilelikdäki kärhanalaryň peýdasyndaky paý (alynmaga degişli diwidendler) |

211. Paý gymmatly kagyzlaryna goýlan gysga möhletli maýa goýumlar çykyp giden halatynda çykyp gitmekden alnan maliýe netijeleri şu hasaplarda görkezilýär:

141246 "Paýnamalara we maýa gatnaşmagyň beýleki görnüşlerine maýa goýumlaryň çykyp gitmeginden alnan girdeji" hasabynyň krediti; ýa-da

281909 "Amal däl işinden gaýry çykdajylar (ýitgiler)" hasabynyň debeti.

212. Bilelikdäki kärhanalara degişli bolmadyk kärhanalaryň paýly gymmatly kagyzlaryna goýlan içerki gysga möhletli maliýe maýa goýumlaryny hasaba almak üçin şu hasaplar peýdalanylýar:

| **Hasabyň belgisi** | **Hasabyň ady** |
|---|---|
| 621554 | Paýnamalara we maýa gatnaşmagyň beýleki görnüşlerine gaýry gysga möhletli maýa goýumlar |
| 141248 | Paýnamalara we maýa gatnaşmagyň beýleki görnüşlerine maýa goýumlara eýeçilik etmekden alnan gaýry girdeji |

## 6218 Gysga möhletli debitor algylar

213. **62185 "Gysga möhletli debitor algylar" kiçi toparynyň hasaplary** Türkmenistanyň içinde işi amala aşyrmagyň netijesinde ýüze çykýan, üzülmeli möhleti hasabat senesinden soň bir ýyldan az bolan içerki gysga möhletli debitor algylary hasaba almak üçin niýetlenýär.

214. 621851 "Satyn alyjylardan we buýrujylardan gysga möhletli debitor algylar" hasaby olara ýerlenen aktiwler, ýerine ýetirilen işler we edilen hyzmatlar üçin satyn alyjylar we buýrujylar bilen üzülmeli möhleti bir ýyldan az bolan hasaplaşyklar boýunça amallary hasaba almak üçin niýetlenýär.

215. 621852 "Kärende şertnamalary boýunça gysga möhletli debitor algylar" hasaby geljek döwürler üçin maliýe kärendesi boýunça kärende tölegleri amala aşyrmak üçin üzülmeli möhleti bir ýyldan az bolan çykdajylary we kärende boýunça gaýry gysga möhletli debitor algylary hasaba almak üçin niýetlenýär.

216. 621853 "Golçur kärhanalardan gysga möhletli debitor algylar" hasaby golçur kärhanalar bilen hasaplaşyklar boýunça üzülmeli möhleti bir ýyldan az bolan debitor algylary görkezmek üçin niýetlenýär.

217. 621854 "Assosirlenen kärhanalardan gysga möhletli debitor algylar" hasaby assosirlenen kärhanalar bilen hasaplaşyklar boýunça üzülmeli möhleti bir ýyldan az bolan debitor algylary görkezmek üçin niýetlenýär.

218. 621855 "Bilelikde gözegçilik edilýän kärhanalardan gysga möhletli debitor algylar" hasaby bilelikdäki kärhanalar bilen hasaplaşyklar boýunça üzülmeli möhleti bir ýyldan az bolan debitor algylary görkezmek üçin niýetlenýär.

219. 621856 "Şahamçalardan gysga möhletli debitor algylar" hasaby şahamçalar bilen (pudakara edaralar) bilen hasaplaşyklar boýunça üzülmeli möhleti bir ýyldan az bolan debitor algylary hasaba almak üçin niýetlenýär.

220. 621857 "Gaýry gysga möhletli debitor algylar" hasaby beýleki hasaplarda hasaba alynmadyk, üzülmeli möhleti bir ýyldan az bolan gaýry debitor algylar boýunça amallary hasaba almak üçin niýetlenýär.

221. 621858 "Gysga möhletli debitor algylaryň gymmatynyň gaçmagy üçin ätiýaçlyk gory" hasaby üzülmeli möhleti bir ýyldan az bolan şübheli gysga möhletli debitor algylar boýunça ätiýaçlyk goruň döredilmegi we onuň hereket etmegi bilen baglanyşykly amallary hasaba alimak üçin niýetlenýär.

222. Gysga möhletli debitor algylary hasaba almak boýunça amallar şunuň ýaly görkezilýär:

| Debet | Kredit | Teswir |
|---|---|---|
| 62185 "Gysga möhletli debitor algylar" kiçi toparynyň degişli hasaby | degişli hasap (pul serişdeleri we beýleki ýerine berlen aktiwler) | gysga möhletli debitor algylary ykrar etmek |
| degişli hasap (pul serişdeleri we üzülen wagtynda alnan beýleki aktiwler) | 62185 "Gysga möhletli debitor algylar" kiçi toparyň degişli hasaby | gysga möhletli debitor algylary üzmek |
| 281904 "Maliýe aktiwleriniň gymmatynyň gaçandygy üçin çykdajylar (ýitgiler)" hasaby | 621858 "Gysga möhletli debitor algylaryň gymmatynyň gaçmagy üçin ätiýaçlyk gory" hasaby | gysga möhletli debitor algylaryň gymmatynyň gaçandygy üçin ätiýaçlyk gory döretmek |
| 621858 "Gysga möhletli debitor algylaryň gymmatynyň gaçmagy üçin ätiýaçlyk gory" hasaby | 62185 "Gysga möhletli debitor algylar" kiçi toparyň degişli hasaby | tölenjegine umyt bolmadyk gysga möhletli debitor algylary ätiýaçlyk goruň hasabyna hasapdan öçürmek |

## 6219 "Beýleki gysga möhletli aktiwler"

223. **62195 "Beýleki gysga möhletli aktiwler" kiçi toparynyň hasaplary** üzülmeli möhleti hasabat senesinden soň bir ýyldan az bolan, maliýe we maliýe däl aktiwleriň öňki toparlaryna goşulmadyk beýleki (gaýry) aktiwleri hasaba almak üçin niýetlenýär.

224. 621952 "Işgärlerden gysga möhletli debitor algylar" hasaby aktiwleri satyn almak, hyzmatlaryň tölegini tölemek, gulluk iş saparlary üçin hasabat bermek şerti bilen berlen pul serişdeleri boýunça, işgärlere berlen nesýeler boýunça işgärleriň algylarynyň, şeýle hem işgärleriň gaýry gysga möhletli debitor algylarynyň hereketi bilen baglanyşykly amallary hasaba almak üçin niýetlenýär.

225. 621953 "Üpjün edijilere we potratçylara berlen gysga möhletli hakujylar" hasaby, hasabat senesinden soň bir ýyldan az wagtyň dowamynda,

aktiwleri ibermek üçin berlen hakujylary, şeýle hem önümleriň, hyzmatlaryň tölegi boýunça buýrujylardan bölekleýin taýýarlyga görä kabul edilen hakujylary hasaba almak üçin niýetlenýär.

226. 621954 "Öwezi dolunmaga degişli goşulan baha üçin salgyt" hasaby hasap edilmäge degişli, şol sanda salgyt kanunçylygyna laýyklykda öwezi dolunmaga degişli goşulan baha üçin salgydy, şeýle hem goşulan baha üçin salgydyň býujete artyk tölenen möçberini hasaba almak üçin niýetlenýär.

227. 621955 " Býujete hakujy görnüşde tölenen tölegler" hasaby salgyt kanunçylygyna laýyklykda öwezi dolunmaga we (ýa-da) hasap edilmäge degişli gaýry salgytlary we ýygymlary hasaba almak üçin niýetlenýär.

228. 621956 " Hakujy görnüşde tölenen, gaznalara hem-de ministrlikleriň we pudak edaralarynyň ýörite hasaplaryna geçirimler " hasaby salgyt kanunçylygyna laýyklykda öwezi dolunmaga we (ýa-da) hasap edilmäge degişli, ministrlikleriň, pudak edaralarynyň ýörite hasaplaryna tölegleri hasaba almak üçin niýetlenýär.

229. 621957 "Geljek döwürleriň gysga möhletli çykdajylary" hasaby häzirki döwürde tölenen, ýöne geljek döwürleriň çykdajylaryna degişli çykdajylary (ätiýaçlandyryş guramalaryna tölenen ätiýaçlandyryş baýraklary, kärende tölegi we ş.m.) hasaba almak üçin niýetlenýär.

### 622 Daşarky gysga möhletli maliýe aktiwler

230. Daşarky gysga möhletli maliýe aktiwler bilen amallary hasaba almak içerki gysga möhletli maliýe aktiwler bilen amallaryň hasaba alnyşy ýaly alnyp barylýar.

231. **622 "Daşarky gysga möhletli maliýe aktiwler" kiçi dereje** gysga möhletli maliýe aktiwleriniň bäş toparyny öz içine alýar:

### 6222 Pul serişdeleri we gysga möhletli depozitler

232. **62225 "Pul serişdeleri we gysga möhletli depozitler" kiçi toparynyň hasaplary** daşary ýurtlardaky banklarda we edaralarda daşary ýurt pulundaky pul serişdelerini hasaba almak üçin niýetlenýär.

### 6223 Paýnamalardan başga gymmatly kagyzlara gysga möhletli maýa goýumlar

233. **62235 "Paýnamalardan başga gymmatly kagyzlara goýlan gysga möhletli maýa goýumlar" kiçi toparynyň hasaplary** emitenti Türkmenistanyň dahylsyzy bolan, daşary ýurtly edara görnüşli (şahsy) tarap bolup duran, üzülmeli möhleti bir ýyldan az bolan bergileriň gymmatly kagyzlara (wekseller, obligasiýalar) goýlan gysga möhletli maliýe maýa goýumlarynyň galyndylary we hereketi hakynda maglumatlary hasaba almak üçin niýetlenýär.

## 6224 Berlen gysga möhletli nesýeler

234. **62245 "Berlen gysga möhletli nesýeler" kiçi toparynyň hasaplary** dahylsyz bolup duran daşary ýurtly edara görnüşli (şahsy) taraplara bir ýyldan az möhlete berlen gysga möhletli nesýeleri hasaba almak üçin niýetlenýär.

## 6225 Paýnamalara we maýa gatnaşmagyň beýleki görnüşlerine gysga möhletli maýa goýumlar

235. **62255 "Paýnamalara we maýa gatnaşmagyň beýleki görnüşlerine gysga möhletli maýa goýumlar" kiçi toparynyň hasaplary** emitenti dahylsyz bolup duran daşary ýurtly edara görnüşli (şahsy) taraplar bolan, subýektiň bir ýyldan az wagtlap peýdalanmagy maksat edinýän paýly gymmatly kagyzlaryna (beýleki kärhanalaryň gatnaşma paýlaryna) gysga möhletli maliýe maýa goýumlaryny hasaba almak üçin niýetlenýär.

## 6228 Gysga möhletli debitor algylar

236. **62285 "Gysga möhletli debitor algylar" kiçi toparynyň hasaplary** Türkmenistanyň çäklerinden daşarda işi amala aşyrmagyň netijesinde ýüze çykýan, üzülmeli möhleti hasabat senesinden soň bir ýyldan az bolan gysga möhletli debitor algylary hasaba almak üçin niýetlenýär.

## 4-nji bölek. BORÇNAMALAR

237. "Borçnamalar" bölegi 2 derejäni öz içine alýar:
63 Uzak möhletli borçnamalar;
63 Gysga möhletli borçnamalar.

## 63 UZAK MÖHLETLI BORÇNAMALAR

238. **63 "Uzak möhletli borçnamalar" derejesi** uzak möhletli borçnamalary hasaba almak üçin niýetlenýär we şu kiçi derejeleri öz içine alýar:
631 Içerki uzak möhletli borçnamalar;
632 Daşarky uzak möhletli borçnamalar.

## 631 "IÇERKI UZAK MÖHLETLI BORÇNAMALAR"

239. **631 "Içerki uzak möhletli borçnamalar" kiçi derejesi** borçnamalaryň bäş toparyny öz içine alýar:

## 6312 "Uzak möhletli depozitler we ýörite hasaplar"

240. **63124 "Uzak möhletli depozitler we ýörite hasaplar" kiçi toparynyň hasaplary** Türkmenistanyň dahyllylary bolup durýan edara görnüşli (şahsy) taraplardan milli pulda we daşary ýurt pulunda bir ýyldan köp möhlete kabul edilen depozitleri (goýumlary) hasaba almak üçin niýetlenýär.

## 6313 "Uzak möhletli bergileriň gymmatly kagyzlary"

241. **63134 "Uzak möhletli bergileriň gymmatly kagyzlary" kiçi toparynyň hasaplary** subýekt tarapyndan Türkmenistanyň içerki bazarynda bir ýyldan köp bolan möhlete ýerleşdirilen bergileriň gymmatly kagyzlary hasaba almak üçin niýetlenýär:

| Hasabyň belgisi | Ady | Teswir |
|---|---|---|
| 631341 | Uzak möhletli bergileriň gymmatly kagyzlary | kredit boýunça çykarylan gymmatly kagyzlaryň nominal gymmaty hasaba alynýar<br>debet boýunça gymmatly kagyzlaryň üzülen wagtyndaky nominal gymmaty hasapdan öçürilýär |
| 63134150 | Bergileriň gymmatly kagyzlary boýunça ulanyş tutumy hasaplanmadyk diskont (baýrak) | kredit boýunça satyn alnan gymmatly kagyzlaryň hakyky gymmaty bilen nominal gymmatynyň arasyndaky oňyn tapawut (baýrak) hasaba alynýar<br>debet boýunça satyn alnan gymmatly kagyzlaryň nominal gymmaty bilen hakyky gymmatynyň arasyndaky oňyn tapawut (diskont) hasaba alynýar<br>diskont (baýrak) 242103 "Bergileriň gymmatly kagyzlarynyň göterimleri boýunça çykdajylar" hasabynyň krediti (debeti) hasapdan öçürilýär (ulanyş tutumy hasaplanýar) |

242. Içerki bergileriň gymmatly kagyzlary boýunça göterimleri hasaplap ýazmak şunuň ýaly görkezilýär:

| Debet | Kredit | Teswir |
|---|---|---|
| 242103 "Bergileriň gymmatly kagyzlarynyň göterimleri boýunça çykdajylar" hasaby | 631356 "Bergileriň gymmatly kagyzlary boýunça hasaplanyp ýazylan tölenmäge degişli gysga möhletli hak-heşdekler" hasaby | bergileriň gymmatly kagyzlary boýunça hasaplanyp ýazylan tölenmäge degişli göterimler |

**6314 "Uzak möhletli karzlar, nesýeler"**

243. **63144 "Uzak möhletli karzlar, nesýeler" kiçi toparynyň hasaplary** karz edaralaryndan we beýleki kärhanalardan bir ýyldan köp möhlete alnan karzlary, nesýeleri hasaba almak üçin niýetlenýär:

| Debet | Kredit | Teswir |
|---|---|---|
| pul serişdeleriniň we (ýa-da) alnan beýleki aktiwleriň degişli hasaby | 63144 "Uzak möhletli karzlar, nesýeler" kiçi toparynyň degişli hasaby | alnan karzy, nesýäni ykrar etmek |
| 2421 "Içerki maliýe borçnamalary boýunça çykdajylar" toparynyň degişli hasaby | 631456 "Karzlar, nesýeler boýunça hasaplanyp ýazylan tölenmäge degişli gysga möhletli hak-heşdekler" | çekilen içerki karzlar, nesýeler boýunça maliýe (göterim) çykdajysyny hasaplap ýazmak |

**6318 "Uzak möhletli kreditor bergiler"**

244. **63184 "Uzak möhletli kreditor bergiler" kiçi toparynyň hasaplary** ätiýaçlyklary getirmek ýa-da gaýtadan işlemek boýunça çykdajylary goşmak bilen, töleg möhleti bir ýyldan köp bolan, alnan aktiwler we sarp edilen hyzmatlar üçin üpjün edijiler we potratçylar bilen hasaplaşyklar boýunça amallary hasaba almak üçin niýetlenýär:

| Debet | Kredit | Teswir |
|---|---|---|
| işiň, aktiwleriň görnüşleri boýunça çykdajylaryň degişli hasaby | 63184 "Uzak möhletli kreditor bergiler" kiçi toparynyň degişli hasaby | içerki uzak möhletli kreditor bergileri ykrar etmek |

**6319 "Beýleki uzak möhletli borçnamalar"**

245. **63194 "Beýleki uzak möhletli borçnamalar" kiçi toparynyň hasaplary** öňki kiçi toparlarda görkezilmedik gaýry uzak möhletli kreditor bergileri görkezmek üçin niýetlenýär.

246. 631941 "Býujete tölenmeli gaýra goýlan tölegler" hasaby tölenmeli möhleti bir ýyldan köp bolan, hökümetiň çözgüdi boýunça býujete tölenmeli gaýra goýlan tölegleri hasaba almak üçin niýetlenýär.

247. 631942 "Gaýra goýlan uzak möhletli salgyt borçnamalary" hasaby salgyt salynýan wagt tapawutlary bilen baglanyşykly geljek döwürlerde tölenmäge degişli peýdadan alynýan salgydyň möçberini hasaba almak üçin niýetlenýär:

| Debet | Kredit | Teswir |
|---|---|---|
| 282345 "Edara görnüşli tarapyň peýdasyndan (girdejisinden) alynýan salgyt" hasaby ýa-da maýanyň (arassa aktiwleriň) degişli hasaby | 631942 "Gaýra goýlan uzak möhletli salgyt borçnamalary" hasaby | gaýra goýlan salgydy ykrar etmek |

248. 631943 "Işgärlere uzak möhletli kreditor bergiler" hasaby işgäriň degişli hyzmatlary eden döwri tamamlanandan soňra on iki aýdan ýa-da ondan köp wagtdan soň işde bolunmadyk wagt üçin hak tölemek görnüşinde we peýda gatnaşandygy üçin tölenmäge degişli hak-heşdekleri we baýraklary hem-de işgärlere hak-heşdek tölemek boýunça gaýry uzak möhletli baha berilýän borçnamalary tölemek üçin garaşylýan harajatlary hasaba almak üçin niýetlenýär:

| Debet | Kredit | Teswir |
|---|---|---|
| 21 "Işgärler üçin çykdajylar" derejesiniň degişli hasaby, işiň görnüşine laýyklykda | 631943 "Işgärlere uzak möhletli kreditor bergiler" hasaby | önümçilik, söwda, dolandyryş işgärlerine hak-heşdek tölemek boýunça hasaplanyp ýazylan uzak möhletli borçnamalar |

249. 631944 "Alnan uzak möhletli hakujylar" hasaby harytlary, çig maly, materiallary ibermegiň, hyzmat etmegiň hasabyna, şeýle hem bölekleýin taýýarlyk boýunça buýrujylar üçin öndürilen önümleriň tölegini geçirmek bilen baglanyşykly alnan hakujylary we alnan gaýry uzak möhletli hakujylary hasaba almak üçin niýetlenýär:

| Debet | Kredit | Teswir |
|---|---|---|
| pul serişdeleriniň (ýa-da alnan beýleki aktiwleriň) degişli hasaby | 631944 "Alnan uzak möhletli hakujylar" hasaby | alnan hakujylar |
| 631944 "Alnan uzak möhletli hakujylar" hasaby | 1421 "Harytlary, işleri we hyzmatlary ýerlemekden alnan girdejiler" toparynyň degişli hasaby | alnan hakujylaryň möçberini girdejilere degişli etmek (alnan girdejileri ykrar |

| | | |
|---|---|---|
| | | etmek) |

250. 631945 "Geljek döwürleriň uzak möhletli girdejileri" hasaby häzirki hasabat döwründe alnan, ýöne geljekki hasabat döwürlerine degişli bolan girdejileri hasaba almak üçin niýetlenýär:

| **Debet** | **Kredit** | **Teswir** |
|---|---|---|
| pul serişdeleriniň (ýa-da alnan beýleki aktiwleriň) degişli hasaby | 631945 "Geljek döwürleriň uzak möhletli girdejileri" hasaby | geljek döwürlerde ykrar edilýän alnan girdejiler |
| 631945 "Geljek döwürleriň uzak möhletli girdejileri" hasaby | 1421, 1422, 1453 toparlarynyň degişli hasaby | geljek döwürleriň girdejilerini ykrar etmek |

251. 631946 "Uzak möhletli baha berilýän borçnamalar" hasaby uzak möhletli baha berilýän borçnamalary: kepillendirilen borçnamalar boýunça ätiýaçlyk gorlary, kazyýet talaplary boýunça, bir ýyldan ýokary kepillendirilýän möhleti bolan harytlary ýerlemek boýunça ätiýaçlyk gorlary we seredilmeli möhleti bir ýyldan ýokary bolan gaýry uzak möhletli kepillendirilen borçnamalary hasaba almak üçin niýetlenýär:

| **Debet** | **Kredit** | **Teswir** |
|---|---|---|
| 2219 "Baha berilýän ätiýaçlyklary döretmek boýunça çykdajylar" toparynyň degişli hasaby, işiň görnüşine baglylykda | 631946 "Uzak möhletli baha berilýän borçnamalar" hasaby | baha berilýän ätiýaçlyk gory döretmek |

## 632 "DAŞARKY UZAK MÖHLETLI BORÇNAMALAR"

252. **632 "Daşarky uzak möhletli borçnamalar" kiçi derejesi** daşarky karzdarlaryň we nesýe berijileriň öňündäki uzak möhletli borçnamalary hasaba almak üçin niýetlenýär we dört topary öz içine alýar.

### 6322 "Uzak möhletli depozitler we ýörite hasaplar"

253. **63224 "Uzak möhletli depozitler we ýörite hasaplar" kiçi toparynyň hasaby** Türkmenistanyň dahyllylary bolup durmaýan daşary ýurtly edara görnüşli (şahsy) taraplardan daşary ýurt pulunda bir ýyldan gowrak möhlete kabul edilen depozitleri (goýumlary) hasaba almak üçin niýetlenýär.

### 6323 "Uzak möhletli bergileriň gymmatly kagyzlary"

254. **63234 "Uzak möhletli bergileriň gymmatly kagyzlary" kiçi toparynyň hasaby** subýekt tarapyndan daşarky bazarda (daşary ýurtda) bir ýyldan ýokary möhlete ýerleşdirilen bergileriň gymmatly kagyzlary hasaba almak üçin niýetlenýär:

| Hasabyň belgisi | Ady | Teswir |
|---|---|---|
| 632341 | Uzak möhletli bergileriň gymmatly kagyzlary | kredit boýunça çykarylan gymmatly kagyzlaryň nominal gymmaty hasaba alynýar<br><br>debet boýunça gymmatly kagyzlaryň üzülen wagtyndaky nominal gymmaty hasapdan öçürilýär |
| 63234150 | Bergileriň gymmatly kagyzlary boýunça ulanyş tutumy hasaplanmadyk diskont (baýrak) | kredit boýunça satyn alnan gymmatly kagyzlaryň hakyky gymmaty bilen nominal gymmatynyň arasyndaky oňyn tapawut (baýrak) hasaba alynýar<br><br>debet boýunça satyn alnan gymmatly kagyzlaryň nominal gymmaty bilen hakyky gymmatynyň arasyndaky oňyn tapawut (diskont) hasaba alynýar<br><br>diskont (baýrak) 241103 "Bergileriň gymmatly kagyzlarynyň göterimleri boýunça çykdajylar" hasabynyň krediti (debeti) boýunça hasapdan öçürilýär (ulanyş tutumy hasaplanýar) |

255. Daşarky bergileriň gymmatly kagyzlary boýunça tölenmäge degişli göterimleri hasaplap ýazmak şunuň ýaly görkezilýär:

| Debet | Kredit | Teswir |
|---|---|---|
| 241103 "Bergileriň gymmatly kagyzlarynyň göterimleri boýunça çykdajylar" hasaby | 632356 "Bergileriň gymmatly kagyzlary boýunça hasaplanyp ýazylan tölenmäge degişli gysga möhletli hak-heşdekler" hasaby | bergileriň gymmatly kagyzlary boýunça tölenmäge degişli göterimleri hasaplap ýazmak |

## 6324 "Uzak möhletli karzlar, nesýeler"

256. **63244 "Uzak möhletli karzlar, nesýeler" kiçi toparynyň hasaby** daşary ýurtdaky banklardan we guramalardan bir ýyldan köp bolan möhlete alnan nesýeleri, karzlary hasaba almak üçin niýetlenýär:

| Debet | Kredit | Teswir |
|---|---|---|
| pul serişdeleriniň (ýa-da alnan beýleki aktiwleriň) degişli hasaby | 63244 "Uzak möhletli karzlar, nesýeler" kiçi toparynyň degişli hasaby | alnan karzy, nesýäni ykrar etmek |
| 2411 "Daşarky maliýe borçnamalary boýunça çykdajylar" toparynyň degişli hasaby | 632456 "Daşary ýurtly taraplardan alnan karzlar, nesýeler boýunça hasaplanyp ýazylan tölenmäge degişli gysga möhletli hak-heşdekler" hasaby | çekilen daşarky karzlar, nesýeler boýunça maliýe (göterim) çykdajysyny hasaplap ýazmak |

## 6328 "Uzak möhletli kreditor bergiler"

257. **63284 "Uzak möhletli kreditor bergiler" kiçi toparynyň hasaplary** ätiýaçlyklary getirmek ýa-da gaýtadan işlemek boýunça çykdajylary goşmak bilen, töleg möhleti bir ýyldan ýokary bolan alnan aktiwler we sarp edilen hyzmatlar üçin daşarky üpjün edijiler we potratçylar bilen hasaplaşyklar boýunça amallary hasaba almak üçin niýetlenýär:

| Debet | Kredit | Teswir |
|---|---|---|
| çykdajylaryň, aktiwleriň degişli hasaby | 63284 "Uzak möhletli kreditor bergiler" kiçi toparynyň degişli hasaby | daşarky uzak möhletli kreditor bergileri ykrar etmek |

## 63 GYSGA MÖHLETLI BORÇNAMALAR

258. **63 "Gysga möhletli borçnamalar" derejesi** gysga möhletli borçnamalary hasaba almak üçin niýetlenýär we şu kiçi toparlary öz içine alýar:

631 Içerki gysga möhletli borçnamalar;

632 Daşarky gysga möhletli borçnamalar.

## 631 "IÇERKI GYSGA MÖHLETLI BORÇNAMALAR"

259. **631 "Içerki gysga möhletli borçnamalar" kiçi derejesi** borçnamalaryň bäş toparyny öz içine alýar.

### 6312 "Gysga möhletli depozitler we ýörite hasaplar"

260. **63125 "Gysga möhletli depozitler we ýörite hasaplar" kiçi toparynyň hasaplary** Türkmenistanyň dahyllylary bolup duran edara görnüşli (şahsy) taraplardan milli pulda we daşary ýurt pulunda bir ýyldan az möhlete kabul edilen depozitleri (goýumlary) hasaba almak üçin niýetlenýär.

### 6313 "Gysga möhletli bergileriň gymmatly kagyzlary"

261. **63135 "Gysga möhletli bergileriň gymmatly kagyzlary" kiçi toparynyň hasaby** subýekt tarapyndan Türkmenistanyň içerki bazarynda bir ýyldan az möhlete ýerleşdirilen bergileriň gymmatly kagyzlary hasaba almak üçin niýetlenýär:

| Hasabyň belgisi | Ady | Teswir |
|---|---|---|
| 631351 | Gysga möhletli bergileriň gymmatly kagyzlary | kredit boýunça çykarylan gymmatly kagyzlaryň nominal gymmaty hasaba alynýar<br>debet boýunça gymmatly kagyzlaryň üzülen wagtyndaky nominal gymmaty hasapdan öçürilýär |
| 63135150 | Bergileriň gymmatly kagyzlary boýunça ulanyş tutumy hasaplanmadyk diskont (baýrak) | kredit boýunça satyn alnan gymmatly kagyzlaryň hakyky gymmaty bilen nominal gymmatynyň arasyndaky oňyn tapawut (baýrak) hasaba alynýar<br>debet boýunça satyn alnan gymmatly kagyzlaryň nominal gymmaty bilen hakyky gymmatynyň arasyndaky oňyn tapawut (diskont) hasaba alynýar<br>diskont (baýrak) 241103 "Bergileriň gymmatly kagyzlarynyň göterimleri boýunça çykdajylar" hasabynyň krediti (debeti) boýunça hasapdan öçürilýär (ulanyş tutumy hasaplanýar) |

262. Içerki bergileriň gymmatly kagyzlary boýunça tölenmeli göterimleri hasaplap ýazmak şunuň ýaly görkezilýär:

| Debet | Kredit | Teswir |
|---|---|---|
| 241103 "Bergileriň gymmatly kagyzlarynyň göterimleri boýunça | 632356 "Bergileriň gymmatly kagyzlary boýunça hasaplanyp | bergileriň gymmatly kagyzlary boýunça tölemäge degişli |

| | | |
|---|---|---|
| çykdajylar" hasaby | ýazylan tölenmäge degişli gysga möhletli hak-heşdekler" hasaby | göterimleri hasaplap ýazmak |

**6314 "Gysga möhletli karzlar, nesýeler"**

263. **63145 "Gysga möhletli karzlar, nesýeler" kiçi toparynyň hasaplary** karz edaralaryndan we beýleki kärhanalardan bir ýyldan az möhlete alnan karzlary, nesýeleri hasaba almak üçin niýetlenýär:

| Debet | Kredit | Teswir |
|---|---|---|
| pul serişdeleriniň (ýa-da alnan beýleki aktiwleriň) degişli hasaby | 63145 "Gysga möhletli karzlar, nesýeler" kiçi toparynyň degişli hasaplary | alnan karzy, nesýäni ykrar etmek |
| 2421 "Içerki maliýe borçnamalary boýunça çykdajylar" toparynyň degişli hasaby | 631456 "Karzlar, nesýeler boýunça hasaplanyp ýazylan tölenmäge degişli gysga möhletli hak-heşdekler" hasaby | çekilen içerki karzlar, nesýeler boýunça maliýe (göterim) çykdajysyny hasaplap ýazmak |

**6318 "Gysga möhletli kreditor bergiler"**

264. **63185 "Gysga möhletli kreditor bergiler" kiçi toparynyň hasaplary** ätiýaçlyklary getirmek ýa-da gaýtadan işlemek boýunça çykdajylary goşmak bilen, töleg möhleti bir ýyldan az bolan satyn alnan aktiwler we sarp edilen hyzmatlar üçin içerki üpjün edijiler we potratçylar bilen hasaplaşyklar boýunça amallary hasaba almak üçin niýetlenýär:

| Debet | Kredit | Teswir |
|---|---|---|
| işiň, aktiwleriň görnüşi boýunça çykdajylaryň degişli hasaby | 63185 "Gysga möhletli kreditor bergiler" kiçi toparynyň degişli hasaplary | tölemek üçin berlen hasaplaryň esasynda üpjün edijilere gysga möhletli kreditor bergileri ykrar etmek |

**6319 "Beýleki gysga möhletli borçnamalar"**

265. **63195 "Beýleki gysga möhletli borçnamalar" kiçi toparynyň hasaplary** öňki kiçi toparlarda görkezilmedik gaýry gysga möhletli kreditor bergileri hasaba almak üçin niýetlenýär.

266. 631951 "Tölenmäge degişli býujete tölegler" hasaby Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda býujete salgytlary, ýygymlary we geçirimleri tölemek

boýunça borçnamalary hasaba almak üçin niýetlenýär. Salgytlar we ýygymlar boýunça borçnamalaryň hasaplanyp ýazylyşy şu hasaplarda görkezilýär:

| Debet | Kredit | Teswir |
|---|---|---|
| 2823 "Býujete tölegler boýunça çykdajylar" we 2121 "Gatançlar we geçirimler" toparlarynyň degişli hasaby | 631951 "Tölenmäge degişli býujete tölegler" hasaby | tölemek üçin salgytlary, ýygymlary we geçirimleri hasaplap ýazmak |

267. 631952 "Tölenmäge degişli, gaznalara hem-de ministrlikleriň we pudak edaralarynyň ýörite hasaplaryna geçirimler" hasaby Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda ministrlikleriň we pudak edaralarynyň ýörite hasaplaryna tölemek üçin geçirimleri hasaba almak üçin niýetlenýär:

| Debet | Kredit | Teswir |
|---|---|---|
| 2824 "Hökmany geçirimler boýunça çykdajylar" toparynyň degişli hasaby | 631952 "Tölenmäge degişli, gaznalara hem-de ministrlikleriň we pudak edaralarynyň ýörite hasaplaryna geçirimler" hasaby | tölemek üçin geçirimleri hasaplap ýazmak |

268. 631953 "Işgärlere gysga möhletli kreditor bergiler" hasaby zähmet hakyny tölemek, olaryň aktiwleri satyn almak, hyzmatlaryň tölegini tölemek, gulluk iş saparlary boýunça çykdajylarynyň öwezini dolmak boýunça işgärleriň öňündäki bergileri we işgärlere gaýry gysga möhletli kreditor bergileri hasaba almak üçin niýetlenýär:

| Debet | Kredit | Teswir |
|---|---|---|
| 2111 "Zähmet haky", 2212 "Iş sapar çykdajylary" toparlarynyň degişli hasaby, 612242 "Tamamlanmadyk önümçilik" hasaby | 631953 "Işgärlere gysga möhletli kreditor bergiler" hasaby | tölemek üçin zähmet hakyny we önümçilik, söwda we dolandyryş işgärlerine iş sapar çykdajylarynyň öwezini dolmaga degişli pul möçberlerini hasaplap ýazmak |

269. 631954 "Alnan gysga möhletli hakujylar" hasaby harytlary, çig maly, materiallary ibermegiň, hyzmat etmegiň hasabyna, şeýle hem bölekleýin taýýarlyk boýunça buýrujylar üçin öndürilen önümleriň tölegini geçirmek bilen baglanyşykly alnan hakujylary we hasabat senesinden bir ýyldan az möhlete alnan gaýry gysga möhletli hakujylary hasaba almak üçin niýetlenýär:

| Debet | Kredit | Teswir |
|---|---|---|
| pul serişdeleriniň | 631954 "Alnan gysga möhletli | alnan hakujylar |

| | | |
|---|---|---|
| (ýa-da alnan beýleki aktiwleriň) degişli hasaby | hakujylar" hasaby | |
| 631954 "Alnan gysga möhletli hakujylar" hasaby | 1421 "Harytlary, işleri we hyzmatlary ýerlemekden alnan girdejiler", 1422 "Dolandyryş ýygymlary we paçlary görnüşinde girdejiler" toparlarynyň degişli hasaby | alnan hakujylaryň möçberini girdejilere degişli etmek |

270. 631955 "Geljek döwürleriň gysga möhletli girdejileri" hasaby häzirki hasabat döwründe alnan, ýöne geljekki hasabat döwrüne (hasabat senesinden soň bir ýyldan az bolan döwre) degişli bolan girdejileri hasaba almak üçin niýetlenýär:

| Debet | Kredit | Teswir |
|---|---|---|
| pul serişdeleriniň (ýa-da alnan beýleki aktiwleriň) degişli hasaby | 631955 "Geljek döwürleriň gysga möhletli girdejileri" hasaby | alnan, ýöne bir ýyla çenli möhletde ykrar edilmeýän hakujylar |
| 631955 "Geljek döwürleriň gysga möhletli girdejileri" hasaby | 142, 145 kiçi derejeleriň degişli hasaby | alnan hakujylaryň pul möçberlerini girdejilere degişli etmek |

271. 631956 "Gysga möhletli baha berilýän borçnamalar" hasaby wagty we pul möçberi kesgitlenmedik borçnama hökmünde kesgitlenen bahalandyrylýan gysga möhletli borçnamalary, kepillendirilýän möhleti bir ýyla çenli bolan ýerlenen önümler we edilen hyzmatlar boýunça kepillendirilen borçnamalar boýunça ätiýaçlyk gorlary, seredilýän möhleti bir ýyla çenli bolan kazyýet talaplary boýunça ätiýaçlyk gorlary, işde bolunmadyk wagt üçin hak tölemek görnüşinde işgärlere gysga möhletli hak-heşdekleri tölemek üçin garaşylýan harajatlary, şeýle hem peýda gatnaşmak we baýraklary tölemek bilen baglanyşykly garaşylýan harajatlary hasaba almak üçin niýetlenýär.

272. Gysga möhletli baha berilýän ätiýaçlyk gorlary şu hasaplarda ykrar edilýär:

| Debet | Kredit | Teswir |
|---|---|---|
| 2219 "Baha berilýän ätiýaçlyk gorlary döretmek boýunça çykdajylar" toparynyň degişli hasaby | 631956 "Gysga möhletli baha berilýän borçnamalar" hasaby | bahalandyrylýan ätiýaçlyk gory döretmek |

## 632 "DAŞARKY GYSGA MÖHLETLI BORÇNAMALAR"

273. **632 "Daşarky gysga möhletli borçnamalar" kiçi derejesi** borçnamalaryň dört topary öz içine alýar.

### 6322 "Gysga möhletli depozitler we ýörite hasaplar"

274. **63225 "Gysga möhletli depozitler we ýörite hasaplar" kiçi toparynyň hasaby** Türkmenistanyň dahyllylary bolup durmaýan daşary ýurtly edara görnüşli (şahsy) taraplardan daşary ýurt pulunda bir ýyldan az möhlete kabul edilen depozitleri (goýumlary) hasaba almak üçin niýetlenýär.

### 6323 "Gysga möhletli bergileriň gymmatly kagyzlary"

275. **63235 "Gysga möhletli bergileriň gymmatly kagyzlary" kiçi toparynyň hasaby** subýekt tarapyndan daşarky bazarda (daşary ýurtda) bir ýyldan az bolan möhlete ýerleşdirilen bergileriň gymmatly kagyzlary hasaba almak üçin niýetlenýär:

| Hasabyň belgisi | Ady | Teswir |
|---|---|---|
| 632351 | Gysga möhletli bergileriň gymmatly kagyzlary | kredit boýunça çykarylan gymmatly kagyzlaryň nominal gymmaty hasaba alynýar<br><br>debet boýunça gymmatly kagyzlaryň üzülen wagtyndaky nominal gymmaty hasapdan öçürilýär |
| 63235150 | Bergileriň gymmatly kagyzlary boýunça ulanyş tutumy hasaplanmadyk diskont (baýrak) | kredit boýunça satyn alnan gymmatly kagyzlaryň hakyky gymmaty bilen nominal gymmatynyň arasyndaky oňyn tapawut (baýrak) hasaba alynýar<br><br>debet boýunça satyn alnan gymmatly kagyzlaryň nominal gymmaty bilen hakyky gymmatynyň arasyndaky oňyn tapawut (diskont) hasaba alynýar<br><br>diskont (baýrak) 241103 "Bergileriň gymmatly kagyzlarynyň göterimleri boýunça çykdajylar" hasabynyň krediti (debeti) boýunça hasapdan öçürilýär (ulanyş tutumy hasaplanýar) |

276. Daşarky bergileriň gymmatly kagyzlary boýunça tölenmäge degişli göterimleri hasaplap ýazmak şunuň ýaly görkezilýär:

| Debet | Kredit | Teswir |
|---|---|---|

| | | |
|---|---|---|
| 241103 "Bergileriň gymmatly kagyzlarynyň göterimleri boýunça çykdajylar" hasaby | 632356 "Bergileriň gymmatly kagyzlary boýunça hasaplanyp ýazylan tölenmäge degişli gysga möhletli hak-heşdekler" hasaby | bergileriň gymmatly kagyzlary boýunça tölenmäge degişli göterimleri hasaplap ýazmak |

### 6324 "Gysga möhletli karzlar, nesýeler"

277. **63245 "Gysga möhletli karzlar, nesýeler" kiçi toparynyň hasaby** daşary ýurtdaky banklardan we guramalardan bir ýyldan az bolan möhlete alnan nesýeleri, karzlary hasaba almak üçin niýetlenýär:

| Debet | Kredit | Teswir |
|---|---|---|
| pul serişdeleriniň (ýa-da alnan beýleki aktiwleriň) degişli hasaby | 63245 "Gysga möhletli karzlar, nesýeler" kiçi toparynyň degişli hasaby | alnan karzy, nesýäni ykrar etmek |
| 2411 "Daşarky maliýe borçnamalary boýunça çykdajylar" toparynyň degişli hasaby | 632456 "Daşary ýurtly taraplardan alnan karzlar, nesýeler boýunça hasaplanyp ýazylan tölenmäge degişli gysga möhletli hak-heşdekler" hasaby | çekilen daşarky karzlar, nesýeler boýunça maliýe (göterim) çykdajysyny hasaplap ýazmak |

### 6328 "Gysga möhletli kreditor bergiler"

278. **63285 "Gysga möhletli kreditor bergiler" kiçi toparynyň hasaplary** ätiýaçlyklary getirmek ýa-da gaýtadan işlemek boýunça çykdajylary goşmak bilen, töleg möhleti bir ýyldan az bolan alnan aktiwler we sarp edilen hyzmatlar üçin daşarky üpjün edijiler we potratçylar bilen hasaplaşyklar boýunça amallary hasaba almak üçin niýetlenýär:

| Debet | Kredit | Teswir |
|---|---|---|
| işiň, aktiwleriň görnüşleri boýunça çykdajylaryň degişli hasaby | 63285 "Gysga möhletli kreditor bergiler" kiçi toparynyň degişli hasaby | tölemek üçin hasaplaryň esasynda üpjün edijilere kreditor bergileri ykrar etmek |

## 5-nji bölek. MAÝA (ARASSA AKTIWLER)

## 80 "HUSUSY MAÝA ÝA-DA AKTIWLERIŇ ARASSA GYMMATY (SERIŞDELERIŇ GALYNDYSY)"

279. **80 "Hususy maýa ýa-da aktiwleriň arassa gymmaty (serişdeleriň galyndysy)" derejesi** maýany we ätiýaçlyk gorlary hasaba almak üçin niýetlenýär.

280. 80004 "Aktiwleriň arassa gymmaty (serişdeleriň galyndysy)" kiçi toparynyň hasaplary býujet edarasynyň býujet serişdeleriniň hasabyna düýpli goýumlary maliýeleşdirmek görnüşindäki aktiwleriniň arassa gymmatyny hasaba almak üçin niýetlenýär.

281. 800041 "Býujet serişdeleriniň hasabyna düýpli goýumlary maliýeleşdirmek" hasaby býujet serişdeleriniň hasabyna düýpli goýumlary hasaba almak üçin niýetlenýär.

282. 80005 "Esaslyk (paýdarlar) maýa" kiçi toparynyň hasaplary çykarylan paýdarlar maýasyny, esaslyk maýany ýa-da kärhanalaryň emläk (paý) gaznasyny hasaba almak üçin niýetlenýär.

283. 800051 "Esaslyk maýa" hasaby kärhananyň esaslyk maýasyna goýumlaryň gymmatyny hasaba almak üçin niýetlenýär.

284. 800052 "Ýönekeý paýnamalar" hasaby paýdarlar jemgyýetiniň emitirlenen, tölegi geçirilen ýönekeý paýnamalarynyň jemi nominal gymmatyny hasaba almak üçin niýetlenýär.

285. 800053 "Artykmaç hukukly paýnamalar" hasaby paýdarlar jemgyýetiniň emitirlenen, tölegi geçirilen artykmaç hukukly paýnamalarynyň jemi nominal gymmatyny hasaba almak üçin niýetlenýär.

286. 800054 "Emissiýa girdejisi" hasaby özüniň çykarylan paý gurallary boýunça emission girdejini (özüniň paý gurallarynyň gymmaty bilen olaryň ýerlenen wagtyndaky nominal gymmatynyň arasyndaky tapawut) hasaba almak üçin niýetlenýär.

287. 800055 "Yzyna satyn alnan paýnamalar (esaslyk maýany yzyna almak)" hasaby özüniň yzyna satyn alnan paý gurallaryny (paýnamalaryny) hasaba almak üçin, şeýle hem esaslyk maýanyň esaslandyryja gaýtarylyp berlişini görkezmek üçin niýetlenýär.

288. 80006 "Ätiýaçlyk maýa" kiçi toparynyň hasaby gazanylan girdejiniň hasabyna ätiýaçlyk goruny emele getirmek hakynda Türkmenistanyň kanunçylygynyň talaplaryna, şeýle hem esaslandyryş resminamalaryna we kärhananyň hasaba alyş syýasatyna laýyklykda maýanyň hasaplarynda görkezilýän ätiýaçlyk goruny hasaba almak üçin niýetlenýär.

289. 80007 "Aktiwlere gaýtadan baha bermek üçin ätiýaçlyk gory" kiçi toparynyň hasaby uzak möhletli aktiwlere baha bermek hakynda maliýe hasabatlylygynyň milli standartlarynyň talaplaryna laýyklykda maýanyň hasaplarynda görkezilýän ätiýaçlyk goruny hasaba almak üçin niýetlenýär.

290. 800071 "Gymmatly kagyzlara goýlan maýa goýumlara gaýtadan baha bermek üçin ätiýaçlyk gory" hasaby ýerlemek üçin ýaramly hökmünde topara bölünen gymmatly kagyzlara goýlan maliýe aktiwlerini gaýtadan baha bermek boýunça amallary hasaba almak üçin niýetlenýär.

291. 800072 "Esasy serişdelere gaýtadan baha bermek üçin ätiýaçlyk gory" hasaby esasy serişdelere gaýtadan baha bermek boýunça amallary hasaba almak üçin niýetlenýär.

292. 800073 "Maddy däl aktiwlere gaýtadan baha bermek üçin ätiýaçlyk gory" hasaby maddy däl aktiwleri gaýtadan baha bermek boýunça amallary hasaba almak üçin niýetlenýär.

293. 800074 "Daşary ýurtdaky iş boýunça daşary ýurt puluny gaýtadan hasaplamak üçin ätiýaçlyk gory" hasaby monetar madda boýunça ýüze çykýan hümmet tapawutlaryny hasaba almak üçin niýetlenýär, bu hakykatdan subýektiň daşary ýurtdaky gurama goýan arassa aktiwleriniň bir bölegi bolup durýar we subýektiň maliýe hasabatlylygynda arassa aktiwleriň çykyp gidýän wagtyna çenli öz maýasy hökmünde topara bölünýär, soňra bolsa girdeji ýa-da çykdajy hökmünde ykrar edilýär.

294. 800075 "Gaýry ätiýaçlyk gorlary" hasaby öňki toparlarda görkezilmedik gaýry ätiýaçlyk gorlary hasaba almak üçin niýetlenýär.

295. 80008 "Paýlanmadyk peýda (ýapylmadyk ýitgi)" kiçi toparynyň hasaplary paýlanmadyk peýdany ýa-da ýapylmadyk ýitgini hasaba almak üçin niýetlenýär.

296. 800081 "Geçen döwürleriň paýlanmadyk peýdasy (ýitgisi)" hasaby geçen ýyllaryň paýlanmadyk peýdasyny ýa-da ýitgisini hasaba almak üçin niýetlenýär.

297. 800082 "Hasabat döwrüniň paýlanmadyk peýdasy (ýitgisi)" hasaby hasabat ýylynyň paýlanmadyk peýdasyny ýa-da ýitgisini hasaba almak üçin niýetlenýär.

298. 800083 "Girdejileriň we çykdajylaryň jemi" hasaby subýektiň hasabat döwründäki girdejilerini we çykdajylaryny bir ýere jemlemek, şeýle hem subýektiň hasabat döwründäki ahyrky maliýe netijelerini emele getirmek boýunça maglumatlary umumylaşdyrmak üçin niýetlenýär.

299. Hususy maýasyny ýa-da aktiwleriň arassa gymmatyny hasaba almak boýunça hasaplaryň mysaly gatnaşygy şular ýaly görkezilýär:

| **Debet** | **Kredit** | **Teswir** |
|---|---|---|
| 621255 "Hasaplaşyk hasaplarynda milli puldaky pul serişdeleri" hasaby | 800041 "Býujet serişdeleriniň hasabyna düýpli maýa goýumlary maliýeleşdirmek" hasaby | düýpli goýumlar boýunça maliýe serişdeleriniň edaranyň býujet hasabyna gelip gowuşmagy |
| 800083 "Girdejileriň we çykdajylaryň jemi" hasaby | hasabat döwründe geçirilen çykdajylaryň ähli hasaplary | hasabat senesindäki ýagdaýa görä çykdajylary ýapmak |
| hasabat döwründe alnan girdejileriň ähli hasaplary | 800083 "Girdejileriň we çykdajylaryň jemi" hasaby | hasabat senesindäki ýagdaýa görä girdejileri ýapmak |

| | | |
|---|---|---|
| 800083 "Girdejileriň we çykdajylaryň jemi" hasaby | 621255 "Hasaplaşyk hasaplarynda milli puldaky pul serişdeleri" hasaby | býujet serişdeleriniň peýdalanylmadyk galyndylaryny ýapmak |
| 800083 "Girdejileriň we çykdajylaryň jemi" hasaby | 800082 "Hasabat döwrüniň paýlanmadyk peýdasy (ýitgisi)" hasaby | alnan peýdany hasabat döwrüniň maliýe netijesine geçirmek |
| 800082 "Hasabat döwrüniň paýlanmadyk peýdasy (ýitgisi)" hasaby | 800083 "Girdejileriň we çykdajylaryň jemi" hasaby | çekilen ýitgini maliýe netijesine geçirmek |
| 800041 "Býujet serişdeleriniň hasabyna düýpli maýa goýumlary maliýeleşdirmek" hasaby | 800082 "Hasabat döwrüniň paýlanmadyk peýdasy (ýitgisi)" hasaby | döwlet býujetinden alnan maliýe serişdeleriniň hakyky peýdalanylan möçberini maliýe netijesine geçirmek |
| 611 "Esasy serişdeler" kiçi derejäniň degişli hasaby | 800041 "Býujet serişdeleriniň hasabyna düýpli maýa goýumlary maliýeleşdirmek" hasaby | býujet serişdeleriniň hasabyna esçasy serişdeleri satyn almak |
| 621857 "Gaýry gysga möhletli debitor algylar" hasaby | 800051 "Esaslyk maýa" hasaby | edara görnüşli tarap esaslandyrylan wagtynda esaslyk maýanyň yglan edilen möçberi |
| 621857 "Gaýry gysga möhletli debitor algylar" hasaby | 800052 "Ýönekeý paýnamalar" hasaby ýa-da 800053 "Artykmaç hukukly paýnamalar" hasaby | esaslandyrylan mahalynda çykarylan paýnamalaryň nominal gymmaty |
| 611 "Esasy serişdeler" kiçi derejäniň degişli hasaby | 621857 "Gaýry gysga möhletli debitor algylar" hasaby we 800054 "Emissiýa girdejisi" hasaby | esaslandyryjylar (paýdarlar) tarapyndan edara görnüşli tarapyň eýeçiligine esaslyk maýadaky paýyň hasabyna berlen emlägiň gymmatynyň olaryň goýumlarynyň nominal gymmatyndan ýa-da olar tarapyndan satyn alnan paýnamalaryň nominal gymmatyndan ýokary gelýän möçberi |

| | | |
|---|---|---|
| 800055 "Yzyna satyn alnan paýnamalar (esaslyk maýany yzyna almak)" hasaby | 631857 "Gaýry gysga möhletli kreditor bergiler" hasaby | yzyna satyn alnan paýnamalaryň nominal gymmaty |
| 800082 "Hasabat döwrüniň paýlanmadyk peýdasy (ýitgisi)" hasaby | 631857 "Gaýry gysga möhletli kreditor bergiler" hasaby | satyn alnan bahanyň nominal gymmatdan ýokary gelýän möçberi |
| 631857 "Gaýry gysga möhletli kreditor bergiler" hasaby | 800082 "Hasabat döwrüniň paýlanmadyk peýdasy (ýitgisi)" hasaby | nominal gymmatyň satyn alnan bahadan ýokary gelýän möçberi |
| 800082 "Hasabat döwrüniň paýlanmadyk peýdasy (ýitgisi)" hasaby | 800061 "Paýlanmadyk girdejiniň hasabyna kanunçylykda bellenen ätiýaçlyk gorlary" hasaby | kanunçylygyň talaplaryna laýyklykda paýlanmadayk peýdanyň hasabyna döredilen ätiýaçlyk gorlaryň pul möçberi |

## VI. BALANSDAN DAŞARY HASAPLAR

### 6-njy bölek. "BALANSDAN DAŞARY HASAPLAR"

300. Balansdan daşary hasaplarda subýektlerde wagtlaýyn bar bolan, ýöne oňa degişli bolmadyk aktiwler hasaba alynýar. Balansdan daşary hasaplarda hasaba alnan aktiwler balansda hasaba alynýan şoňa meňzeş aktiwler üçin bellenen tertipde we möhletlerde tükellenilýär.

301. 900001 "Kärendä alnan aktiwler" hasabynda amal kärendesi şertnamasy boýunça beýleki taraplardan alnan aktiwler kärende şertnamasynda göz öňünde tutulan gymmaty boýunça hasaba alynýar.

302. 900002 "Jogapkärçilikde saklamak üçin kabul edilen haryt-maddy gymmatlyklar" hasabynda, şertnama boýunça ylmy-barlag we konstruktorçylyk işlerini ýerine ýertirmek üçin buýrujylardan alnan ýörite enjamlary goşmak bilen, subýekt tarapyndan jogapkär saklamaga kabul edilen ätiýaçlyklar hasaba alynýar.

303. 900003 "Berk hasabatlylyk blanklary" hasabynda berk hasaby ýöredilip saklanylýan we soňundan hasabat bermek bilen berilýän blanklar – pul, çek we hasaplaşyk çek depderçeleri, kwitansiýa depderçeleri, attestatlar, diplomlar, şahsyýetnamalaryň blanklary we beýleki berk hasabaty ýöredilýän blanklar hasaba alynýar.

304. 900004 "Tölege ukypsyz bergidarlaryň hasapdan öçürilen bergisi" hasabynda tölege ukypsyz bergidarlaryň bergisi, bergidaryň emläk ýagdaýy üýtgän halatynda töletdirmek mümkinçiligine gözegçilik etmek üçin, onuň hasapdan öçürilen pursatyndan başlap talap bildirip bolýan möhletiň dowamynda hasaba alynýar. Bu bergini üzmegiň hasabyna alnan pul möçberi balans hasabyna dikeldilýär.

305. 900005 "Merkezleşdirilen üpjünçilik boýunça tölegi tölenen maddy gymmatlyklar" hasabynda merkezleşdirilen üpjünçilik boýunça tölegi geçirilen ätiýaçlyklar hasaba alynýar.

306. 900006 "Göçme sport baýraklary we kuboklary" hasabynda dürli subýektler tarapyndan döredilen we olardan ýeňiji toparlary sylaglamak üçin alynýan göçme baýraklar, baýdaklar, kuboklar hasaba alynýar. Baýraklar, baýdaklar, kuboklar olaryň şu subýektde bolýan döwrüniň dowamynda hasaba alynýar.

307. 900007 "Ýollamanamalar" hasabynda jemgyýetçilik, kärdeşler arkalaşygy guramalaryndan we beýleki guramalardan muzdsyz alnan ýollamanamalar hasaba alynýar. Ýollnamanamalar kassada pul resminamalary bilen bilelikde saklanmalydyr.

308. 900008 "Harby tehnikanyň okuw enjamlary" hasabynda tirlerde, sport atyşhanalarynda, okuw mekdepleriniň harby ders otaglarynda saklanylýan enjamlaryň we esbaplaryň ähli görnüşleri hasaba alynýar.

309. 900009 "Medeni mirasyň aktiwleri" hasabynda taryhy binalar we monumentler, arheologik gazuw-agtaryş işleriniň geçirilen ýerleri, goraghanalar we goralýan tebigy çäkler, şeýle hem medeni mirasyň obýekti hökmünde ykrar edilen, gymmatyna baha kesilmeýän sungat eserleri hasaba alynýar.

310. 900010 "Gaýtadan işlemek üçin we satmak üçin kabul edilen ätiýaçlyklar" hasabynda gaýtadan işlemek üçin kabul edilen ätiýaçlyklar, şeýle hem satmak üçin kabul edilen harytlar hasaba alynýar.

311. 900011 "Köp ýyllyk baglar" hasabynda kärhananyň esasy amal işine degişli bolman, Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda seýilgäh zolaklarynda, Köpetdagyň eteginde we başga ýerlerde ösdürilýän köp ýyllyk baglar, ony ösdürmek, oňa ideg etmek bilen bagly harajatlary goşmak bilen özüne düşýän gymmaty boýunça hasaba alynýar.

312. 900012 "Ulanylmaga berilende gymmaty harajatlaryň düzümine goşulan ulanyşdaky maddy gymmatlyklar" hasabynda maliýe hasabatlylygynyň milli standartlaryna laýyklykda ulanylmaga berilende gymmaty harajatlaryň düzümine goşulyp, hojalyk işinde ulanylýan maddy gymmatlyklar hasaba alynýar.

313. 900013 "Ýaşaýyş jaýlary we desgalary" hasabynda subýektler tarapyndan gurulyp, işgärlerine ýerlenilen soňy bilen olara jemagat we beýleki hyzmatlary etmek göz öňünde tutulan ýaşaýyş jaýlary we desgalary hasaba alynýar.